TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY

B.D.Nepesowa

# Kärhanalaryň önümçilik hojalyk işleriniň seljerilişi

**Hünärler:** “Gurluşyk pudagynyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy”,“Şäher hojalygynyň durmuş we ýaşaýyş kommunal hyzmatlarynyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy”

AŞGABAT 2010

# GIRIŞ

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda täze Galkynyşyň zamasynda tutuş ýurdymyzy gurşap alan beýik özgertmeleri türkmen halky agzybirlik we jebislik bilen durmuşa geçirýär.

Ajaýyp ösüşleri gazanmaga, hil taýdan täze sepgitlere ýetmäge işgärleriň döwrebap hünärlik derejeleri, adamlaryň intelektual mümkinçilikleriniň giňden açylmagy hem-de ruhy taýdan üznüksiz baýlaşmagy ýardam berýär. Munuň üçin mähriban ýurdumyzda maddy önümçilik we durmuş pudaklary bilen ugurdaş adamynyň ruhuny galkyndyrýan milli gymmatlyklary, şanly seneleri dabaralandyrýan toý-baýramlaryň giňden tutulmagy üçin ähli işler döredilýär.

Şu mukaddeslik bahar paslynda tebigatyň täzelenýän, adam ruhunyň beýgelýän döwründe-haýyr işleriň başlangyjy hökmünde aýratyn joşgun bilen ýüze çykýar. Bahara mahsus bolşy ýaly gözelligi we şatlygy il-güne bol-elin paýlaýan Maý aýynda türkmen milli baýramlaryny, şanly senelerini uly dabara bilen toýlaýar.

Ikinji jahan urşunda gazanylan ýeňişiň 65 ýyllygy bellenilýär. Türkmen öz eziz topragyny asuda asmanyny gahrymanlyk we edermenlik bilen gorady, olaryň ýüzden gowragy şol döwrüň iň belent sylagyna – gahryman diýen ada mynasyp boldy. Munuň özi ilatyň jan başyna düşýän iň ýokary görkezijisidir. Türkmeniň nesilden nesile geçýän watansöýüjiligi, mertligi, edermenligi, agzybirligi we ruhybelentligi gazanylan ýeňişiň esasynda durýar.

Galkynyş, Agzybirlik we Magtymguly Pyragynyň şygyryýet gününde berkarar Watanymyzyň Baş kanuny – Türkmenistanyň Konstitusiýasy – bilen birlikde bir günde baýram edilmegi tebigylykdyr. Agzybir halk, garaşsyz we özygtyýarly türkmen döwleti baradaky arzuwlar Magtymguly Pyragynyň diliniň senasy bolandygy mälimdir.

Magtymguly Pyragy türkmen halkyna mertebeli durmuşy azuw eden, öz pikir duýgulary bilen geljege aň

ýetiren, dünýäniň syrlaryny aýan eden parasatly ynsandyr. Beýik akyldaryň ýörelgesini dowam edenleriň biri, adam duýgusynyň päkligini wasp eden, “Yşk mülküniň şasy” ada eýe bolan Mollanepes şahyryň 200 ýyllygy uly dabara bilen toý edilýär.

Berkarar demokratik türkmen döwleti täze Galkynyşyň zamanasynda adamy iň ýokary gymmatlyk diýip yglan etdi. Bu kadany Hormatly Prezidentimiz “Döwlet adam üçindir” ýörelge boýunça gyşarnyksyz durmuşa geçirýär. Türkmen döwletiniň binýadynyň pugtalanmagy, sagdyn jemgiýetiň gurulmagy, raýat jemgiýetiň emele gelmegi, demokratiýanyň mundan beýläk-de dabaralanmagy üçin giň ýol açyldy.

Türkmenistanyň suw-energetike we ekologiýa howsuzlygy, ýaragsyzlanmak boýunça öňe sürýän başlangyçlary BMG-sy goldaýar we olara ýokary baha berýär. Bu syýasat diňe türkmen halkynyň däl, eýsem tutuş dünýä bileleşiginiň bähbitlerine laýyk gelýär we derwaýys meseleleriň çözülmegine ýardam berýär. Paýtagtymyzdaky BMG-nyň Merkezi Aziýa boýunça Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi, üstaşyr energiýa geçirijileriň howpsyzlygy baradaky Rezolýusiýa, döwlet Baştutanymyzyň BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 62-nji we 64-nji sessiýalarynyň wise-başlyklygyna saýlanmagy şu ugurda işleriň netijelidiginiň mysallarydyr.

Ýurdumyzda kanunçylyk demokratiýa esasda kämilleşýär: eýeçiligiň dürli görnüşleri hereket edýär, döwlet tarapyndan goraglygy üpjün edilýär, kiçi we orta telekeçilik üçin ýeňillikli şertler, umumy orta bilimiň hökmanylygy, onuň döwlet mekdeplerinde mugt, şeýle hem belli tertipde tölegli hem bolmagy we başgalar.

BMG-nyň bilim, ylym we medenýet meseleleri boýunça guramasy ÝUNESKO hyzmatdaşlygyň pugtalanmagyna uly goşandy üçin Hormatly Prezidentimize “Awisenna” Altyn medaly gowşyryldy.

Türkmen tebigatynyň täsin künjekleri Süýnt Hasardag, Badgyz, Amyderýa, Repetek, Hazar, Köýtendag goraghanalaryny, Garagum kölüni Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşmak barada ÝUNESKO guramasy bilen teklipleriň üstünde işlenilýär.

Dünýä ýurtlarynyň oba we suw hojalygy boýunça alymlary Garagumda "Altyn Asyr" türkmen kölüniň daşky gurşawy sagdynlaşdyrmaga, suw serişdelerini rejeli peýdalanmaga diňe Türkmenistan üçin däl, sebitiň hem ekologiýa howpsyzlygyny üpjün etmekde ähmiýetiň ulydygyny belleýärler. Suwarymly ýerleri zaýalanmakdan, öri meýdanlaryny drenaj suwlaryndan gorap saklamaga, giň tarp ýerleri özleşdirmäge mümkinçilik döredýär. Häzirki wagtda bu ägirt uly desganyň ikinji nobaty güýçli depginde gurulýar.

Türkmenistan BMG-nyň wagyz edýän gumanistik ideýalaryna eýerlär. "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda bina edilen merkezlerde dynç almaga we hazaryň kenarynda BMG-nyň Çagalar Gaznasy bilen bilelikde geçirilýän zehinli çagalaryň III Halkara festiwalyna gatnaşmaga Täjigistany, şeýle hem Gaýitiniň çagalaryny çagyrdy. Türkmenistan sebitde we alysda ýerleşen ýurtlar bilen hoşniýetli gatnaşýar. Onuň şeýledigine Hormatly Prezidentimiziň Nowruz baýramy günlerinde Täjigistana, Eýrana iş saparlary tassyklaýar. Goňşy döwletler bilen suw serişdelerini rejeli, deňhukukly peýdalanmak, GDA-niň çäklerinde geçirilýän çärelerde ýurdumyzyň milli bähbitleri netijeli nazarda tutulýar.

Tükmenistan döwleti jemgiýetiň sagdyn bolmagy barada yzygiderli alada edýär. BMG-nyň neşe serişdelerine gözegçilik maksatnamasy boýunça hyzmatdaşlyk edýär we bu ugurda maglumat – utgaşdyryjy merkezini döredýär.

Kanunçylygyň kämilleşmegi ýurdumyzda oba ilatynyň durmuş ýaşaýyş şertlerini 2020-nji ýyla çenli özgertmäge mümkinçilik berdi. Oba ýerlerinde multymediýa tehnologiýaly we interaktiw usully çagalar baglary, umumy orta we ýokary mekdepler gurulýar, medenýet öýleri, kitaphanalar açyldy,

medenýet we sungat, sport ugurlary boýunça hem mekdepler işleýär, degişli binalar desgalar işe girizilýär.
Galkynyş eýýamynda bütin dünýäde şöhrat gazanan türkmen halysynyň gözelligi we nepisligi uly baha eýe boldy, türkmen halyçylarynyň hormatyna ählihalk baýramçylygy uludan tutulýar. Baýramçylyk sergilerinde görkezilen ajaýyp halylar türkmeniň ýiti zehinini, joşgunly zähmetini şekillendirýärler.
Türkmen halkynyň milli gymmatlyklary halkara kadaly bilen sazlaşykly alnyp barylýar we umumy adamzat bähbitlerine hyzmat edýär. Galkynyş, Agzybirlik, Türkmenistanyň Konstitusiýasy röwşen geljegimiziň nurana binýadydyr, asylly durmuşy gurmakda ruhlandyryjy güýçdir.

# 1-NJI BAP.GURLUŞYK PUDAGYNYŇ WE ŞÄHER HOJALYGYNYŇ DURMUŞ WE ÝAŞAÝYŞ-KOMMUNAL HYZMATYNYŇ KÄRHANALARY

## 1.1.Gurlyşyk toplumynyň kärhanalary.

Gurluşyk toplumy – milli ykdysadyýetiň özara bagly hereket edýän pudaklardyr. Şu pudaklarda önümçilik – ykdysady gatnaşyklar olaryň döreýiş aýratynlyklary hem-de bilelikde ýerine ýetirilýän işler öwrenilýär. Mälim bolşy ýaly, ykdysadyýetiň her bir pudagy özbaşdak hereket edýär, şol bir wagtda hem pudaklar biri-biriniň ösüşine ýardam berýärler. Bu aýratynlyk milli ykdysadyýetiň gurluşyk toplumynda hem aýdyň görünýär. Gurluşyk ykdysadyýetiň pudaklaryny önümçilik kuwwatlyklary desgalar, ýaşaýyş jaýlary, ýollar we beýleki binalar bilen üpjün edýär. Şeýlelikde, milli ykdysadyýetde üznüksiz önümçiligiň hereket etmegine şert döredýär. Şu babatda ykdysadyýetiň wezipeleriniň netijeli bolmagyna köplenç gurluşyk pudagynyň ösüşi itergi berýär. Şol bir wagtda hem binalary we desgalary gurmak üçin sarp edilýän ähli maddy harajatlaryň ýarysyna golaýy gurluşyk materiallary senagatynyň paýyna düşýär. Şu sebätden hem ol dürli pudaklaryň, aýratyn hem gurluşyk önümçiliginiň maddy binýady hökmünde çykyş edýär, bu pudak gurluşygy, onuň üsti bilen ykdysadyýeti ösdürmekde kesgitleýji orun tutýar. Ýurdymyz gurluşyk materiallaryny öndürmek üçin zerur çig mallara baýdyr. Olardan diwar gurmak üçn dürli ýaramly daşlaryň, çalym-çäge känleriniň aýna çägesiniň, gipsiň, şeýle hem hek, sement, keramzit we syrçaly önümler üçin çig malyň uly gorlarynyň 30-dan gowrak görnüşlerini bellemek gerek. Şeýle hem ýaşma, holsedon, oniks ýaly gymmat bahaly we bezeg daşlarynyň gorlary hem möhüm ähmiýetlidir.Garaşsyzlykdan öňki döwürde tebigy baýlyklarymyz gurluşyk önümçiliginde ýerlikli peýdalanylmaýardy. Türkmenistana sement, gurluşyk-

keramika önümleri, sanitar-gurluşyk we beýleki materiallar daşarydan getirilýärdi, gymmat bahaly daşlar gurluşykda material hökmünde ulanylmaýardy. Olara degişli kärhanalar döwrüň bildirýän talaplaryna laýyk gelmeýärdi, bu kärhanalaryň alyp barýan işleriniň derejeleri hem merkezden goýberilýän materiallara, maýa goýumlaryna garaşlydy. Çäge-çagyl, gips, keramzit, gymmat bahaly daşlar çig mal görnüşinde ýurdymyzyň daşyna uly möçberde daşalýardy.
Garaşsyzlyk ýyllarynda ýagdaý düýpli özgerdi. Gurluşyk materiallary senagaty milli ykdysadyýetiň binýadyny pugtalandyrmakda möhüm ähmiýetli orun tutýar. Ýerli çig maldan gurluşyk materiallaryny maksatlaýyn we tapgyrlaýyn esasda, täze tehnologiýa boýunça öndürmek we şeýlelik bilen importyň deregine tutmaga ukyply önümçilik ösdürmek wezipesi üstünlikli amala aşyrylýar. Türkmenistan hakykatda gurluşyk meýdançasyna öwrüldi, diňe 2010-2011-nji ýyllarda umumy gymmaty 23.6mlrd dollara barabar dürli maksatly 250-den hem gowrak binalar gurular. Häzirki wagtda ýurdumyzda 1500-den hem gowrak binalar gurulýar. 2020-nji ýylda 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende maýa goýumlarynyň möçberi 17.1esse köpeler.

Garaşsyzlygyň ýyllarynda şäherleriň we obalaryň dürky täzelenýär, tarp ýerlerde döwrebap şäherdir – obalar gurulýar. Şolar bilen birlikde önümçilik we gumanitar ulgamlaryň binalarynyň hem desgalarynyň gurluşygy giňden ýaýbaňlandyrylýar. Olara ýaşaýyş jaýlary, bilim we medeni – sport binalary, senagatyň, obasenagat toplumynyň, ulag we aragatnaşygynyň kärhanalaryny we başgalary degişli etmek bolar.

Häzirki wagtda gurluşygy ýerli çig maldan öndurilen materiallar bilen doly derejede üpjün etmek maksady bilen Amyderýanyň sag kenarynda täze karýer hojalygy işleýär, ýakyn geljekde onuň önümçilik kuwwaty has-da artar, onuň üçin Garlygyň çygly-çäge garyndyly ýatagynyň baý gorlary peýdalanylýar. Magdan däl materiallar-ownuk çagyl,

owradylan çagyl, but daşy ykdysadyýet üçin örän ähmiýetlidir, başgaça olar “gurluşygyň iýmiti” hasap edilýär, obalaryň we şäherleriň keşbiniň gözelleşmeginiň we abadanlaşmagynyň, ykdysadyýetiň kuwwatyny artdyrmagyň girewidir.

Ýurdumyzyň dürli welaýatlaryndaky topar kärhanalary birleşdirýän “Türkmendaşlary” önümçilik birleşigi ýuwlan çagyl, çäge, diwar-but-daşlaryny we beýleki materiallary öndürýär, 2008-nji ýylda olaryň möçberi 4mln kub metre barabar boldy. 2008-2009-njy ýyllarda bu birleşigiň önümçilik kuwwaty 8 sany daş owradyjy we olary saýlaýan desgalaryň hasabyna güýçlendirildi. Bereket şäherini durmuş-ykdysady taýdan özgertmeleri durmuşa geçirmäge, ösüşi üpjün etmäge ýardam bermek üçin karýer hojalygy döredildi. Türkmenbaşynyň magdan däl materiallary öndürýän kärhanasynda çagyly owratmak-saçlamak boýunça täze kuwwatly zawodlar ulanylmaga berildi, iki sany daş owradyjy desgany ýyllyk kuwwaty 2.4 mln tonna barabardyr. Jebel karýer hojalygynda kuwwaty 800 kub metr bolan täze zawod gurulýar. But daşyny we gurluşyk üçin çagyly öndürýän desga Keletede ýerleşýär.

Ahal we Mary welaýatlarynyň şunuň ýaly gurluşyk materiallaryna isleglerini kanagatlandyrmak üçin Gökdepäniň karýer hojalygynda we Gowşudyň daşlary owradýan we olary saýlaýan kärhanasynda täze zawodlar bina edilýär. Olar Daşoguz welaýatynyň kärhanalaryny hem gurluşyk materiallary bilen üpjün ederler.2009-njy ýylda ýurdumyzyň gurluşyk materiallary senagaty üçin ýene bir möhüm ähmiýetli waka boldy. Milli ykdysadyýetimiz üçin düýpden täze pudak-metallurgiýa-işe girizildi. Onuň önümlerine-armatura, şwellerlere ýurdumyzyň gurluşyk meýdançalarynda isleg uly. Metallurgiýa zawody Aşgabadyň Demirgazyk tarapyndaky Owadandepaniň täze senagat zolagynda ýerleşýär. Onuň önümçilik kuwwaty ýylda 160 tonna önüme barabardyr. Çig mal hökmünde ulanylan metal bölekleri ýygnalyp, gaýtadan eredilýär, olardan gurluşyk üçin niýetlenen armaturalaryň ýa-

da şwellerleriň dürli görnüşleri alynýar. Işe girizilen zawod Merkezi Aziýa sebitinde iri kärhanalaryň biridir.Gurluşyk materiallarynyň möhümleriniň biri hem sement önümidir. Keletede Köpetdagyň eteginde ýene-de bir täze sement zawody 2005-nji ýylda işe başlady. Bu ähli babatda döwrebap, nusgalyk kärhana Merkezi Aziýa sebitinde iri önümçiligiň biridir, onuň ýyllyk kuwwaty 1mln tonna sement çykarmaga ukyplydyr. Bu kärhanada sementiň ýokary hilli 400.500 we 600 belgili görnüşleri öndürilýär. Olary nebitgaz pudagynyň tamponaž, çuň buraw işlerinde, gidrotehniki desgalarda we binýatlary gurmakda netijeli peýdalanmak bolar.

Sement önüminiň artmagy bilen demir-beton we beton gurnawlaryny öndürýän kärhanalar paýtagtymyz Aşgabatda, welaýat merkezlerinde, şeýle hem Abadan, Tejen, Şatlyk we Türkmenbaşy şäherlerinde ýerleşýär.

Täze önümçilik binalarynyň gurulmagy we hereket edýän kärhanalaryň durkuny täzelenmegi sementiň öndürilişi 2020-nji ýyla çenli ýylda 4mln tonna ýetirmek nazarda tutulýar. Şonuň üçin Lebapda, Balkanda täze sement zawodlaryň gurluşygyna girişildi.

Kerpiç zawodlarynyň kuwwatlygy 6 esseden gowrak ýokarlanar, demirbeton önümleriniň we gurnamalarynyň çykarylyşyna gurluşyk önümçiliginiň islegini doly kanagatlandyrar.

Diwar önümlerini öndürýän kärhanalar-diwar üçin bölekleri, kerpiçleri, syrçaly çerepisalary öndürýärler. Kerpiçleri öndürýän zawodlar ähli etraplarda, şäherlerde, welaýat merkezlerinde, birnäçe obalarda bar. 2002-nji ýylda Abadan şäherinde oda çydamly kerpiçler öndürilmäge girişildi.

Balkanabatda önümçilik kuwwaty ýylda 20 mln çerepisa çykarmaga ukyply zawod işleýär.

Diwaryň bezeg plitalary Türkmenbaşy şäheriniň golaýynda öndürilýärdi 2006-njy ýylda mermer we granit plitalary öndürýän, ýyllyk kuwwaty 205müň kwadrat metre deň bolan zawod işe başlady. Çig mal Türkmenbaşy we Magdanly

şäherleriniň golaýyndaky känlerden getirilýär zawod ýük daşamak we ýolagçy gatnatmak babatda amatly ýerde demir we awtomobil ýollaryň-ugrunda ýerleşýär. Mermer, granit plitalar bilen ugurdaş beton örtükler we bezeg daşlary hem öndürilýär.

Asbest önümleri Abadan, Baýramaly şäherlerindäki ýerleşen kärhanalar öndürilýär, 2006-njy ýylda ýyllyk kuwwaty 25müň pogon km turbany öndürmäge ukyply, gymmaty 85 mln dollara deň. Ruhabadyň turba zawody işe girizildi. Dünýäniň ösen ýurtlarynyň kämil enjamlary we tehnologiýasy bilen üpjün edilen kärhananyň dürli maksatly önümleri jemagat, oba we suw hojalyklarynda, nebitgaz, beýleki pudaklarda giňden peýdalanylýar. Çig mal hökmünde kwars çägesi, polipropilen ulanylýar hem-de polietilen, polat simli termoplastik turbalar çykarylýar. Çig malyň esasy görnüşleriniň ýurdumyzda barlygy täze turbalaryň özüne düşýän gymmatyny demir turbalaryň derejesinde saklamaga mümkinçilik döredýär, şol bir wagtda hem polat simli gurşawly termoplastik turbalar, demir turbalara garaňda, 2-3 esse artyk, ýagny 50-75 ýyl hyzmat eder. Munuň özi gurulýan desgalaryň hem özüne düşýän gymmatyny peseltmäge ýardam berýär.

Aýna önümçiligi 1938-nji ýylda gurlan zawodda ýola goýlan, häzirki wagtda zawod döwrebaplaşdyrylýar. Ondan hem başga Aşgabadyň demirgazygynda ýerleşen Owadandepede Hytaýyň kompaniýasy, ýyllyk kuwwaty 4mm galyňlygy aýnanyň 58 mln kw metre, dürli çüýşe gaplarynyň 85mln, aýna paketleriniň, reňkli örtükleriň 300 müň kw metrine barabar, täze aýna kombinatyny gurýar. Aýnany öndürmek üçin esasy çig mal – kwars çägesini baýlaşdyrýan, ýyllyk kuwwaty 100 tonna bolan kärhana kombinatynyň düzümine girýär. Aýna önümçiligi üçin çig malyň dürli görnüşleriniň – çäganiň, dolomitiň, hekiň, natriý sulfatynyň gorlaryna ýurdumyz baýdyr.

Agaçdan tagta önümlerini taýýarlamak, alýumini goşulan metaldan aýna penjireleri, gapylary ýasamak esasan hususy kärhanalar tarapyndan amala aşyrylýar.
Forfor-faýans önümçiligi Daşoguz we Balkanabat welaýatlarynda ýerleşýär. Olar esasan sarp ediş bazarynda haryt bolçulygynyň döremegine ýardam berýärler.
Metal şiferlerini, çerepisany, kerpiçleri we başga-da gurluşyk materiallaryny öndürmäge ýurdumyzyň hususy kompaniýalary giňden çekilýär. Olar bu ugurdaky toplan tejribelerini uly möçberli taslamalary (kaşaň ýaşaýyş, edara jaýlary, önümçilik we durmuş ähmiýetli desgalary) amala aşyrýarlar, olaryň hemmesi diýen ýaly türkmen binagärleri tarapyndan işlenilip düzülendir.
Türkmen bazary düýpli gurluşyga gönükdirilýän maýa goýumlarynyň möçberi boýunça özüne çekiji hasap edilýär. Şol bir wagtda hem hususy kompaniýalar täzeçiligi şeýle hem nou-hau-laryny we tehnologiýalaryny teklip etmek bilen halkara bäsdeşlikde üstün çykmaga mümkinçilik alýarlar.
Gurluşyk pudagynyň önümi hökmünde önümçilik kuwwatlyklary we önümçilik maksatly däl obýektler çykyş edýär. Gurluşyk pudagynyň önümçilik binýadyny gurluşyk industriýasy emele getirýär. Ol gurluşyk –gurnama işlerini ýerine ýetirmäge niýetlenen umumy gurluşyk, gurnama we ýöriteleşdirilen kompaniýalardan, birleşiklerden, önümçilik guramalaryndan ybaratdyr. Gurluşykda guramalar, birleşikler, kombinatlar, senagatyň fabrik-zawodlary, sehleri ýaly, önümçilik bilen meşgul bolýarlar, ýagny olar önümçilik kärhanalary hasap edilýär. Türkmenistanda 2010-njy ýylyň başyna gurluşykda guramalaryň 2136-sy işleýärdi.
Täze galkynyşyň zamanasynda, ähli ugurlarda bolşy ýaly, gurluşyk pudagynda uly ösüşler esasy täze gurulan desgalaryň we binalaryň hasabyna gazanylýar. 2008-nji ýylda jemi goşulan gymmatyň öndürilişinde gurluşygyň ýokary depginleri uly ähmiýete eýe boldy. 2007-nji ýyl bilen deňeşdirilende onuň goşulan gymmatynyň ösüş depgini 80.9% köpeldi.

Ýurdumyzyň JIÖ-de gurluşyk pudagynyň tutýan paýy, şu döwürde 5.2%-den 6.1% çenli artdy. 2009-njy ýylda gurluşykda gazanylan ösüş 131.3 göterime barabar boldy. 2009-nji ýyl 2008-nji ýyl bilen deňeşdirilende gurluşyk pudagynyň goşulan gymmaty deňeşdirme nyrhlarda 2.9esse köpeldi, onuň JIÖ-ň düzümindäki paýy 15.3% deň boldy.
Maýa goýumyň işjeňligini gurluşykda jemi goşulan gymmatyň ýokary ösüş depginleriniň we bu pudagyň JIÖ-de tutýan paýynyň ýokary bolmagyna ýardam etdi. 2000-2008-nji ýyllarda maýa goýumlaryň möçberi 8.6 esse artdy. Umumy maýanyň möçberiniň üçden bir bölegi daşary ýurt maýalaryna degişlidir. 2009-njy ýylda milli ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna gönükdirilen maýa goýumlaryň umumy möçberi 22 mlrd manatdan gowrak boldy, onuň düzüminde önümçilik desgalary 70 göterime we önümçilige degişli däl ulgamyň desgalary 30 göterime golaý boldy.
Mälim bolşy ýaly, maýa goýumlar-bu ykdysadyýetiň esasy serişdelerini täzelerini döretmäge, hereket edýän kuwwatlyklaryň durkuny täzelemäge we täzeden enjamlaşdyrmaga gönükdirilýän maliýe serişdeleridir. Şu babatda maýa goýumyň işjeňligini nazarda tutup, gurluşyk pudagynyň ykdysadyýetiň köpeldiji häsiýetli pudaklaryň hataryna degişli edilýär. Bu pudak önümçilik we durmuş maksatly binalaryň hem desgalaryň işe girizilmegini üpjün edýär, onuň netijesinde täze iş orunlary döreýär, hereket edýän önümçiligiň durkynyň täzelenmegi netijesinde iş orunlary döwrebap, halkara standartlaryna laýyk gelýän derejede enjamlaşdyrylýar. Dünýäde maliýe –ykdysady çökgünligiň dowam edýän döwründe bu pudakda şeýle uly ösüşiň gazanylmagy milli ykdysadyýetiň durnukly ýokary depginlerde ösýändigini ýene-de bir gezek subut edýär.

Öňdebaryjy maglumatlar tehnologiýanyň gurluşyk industriýasynyň kämilleşmegi birnäçe ýylyň dowamynda durmuşa geçirýän iri möçberli taslamalar häzirki döwürde örän gysga wagtda gurulýar. Alnyp barylýan gurluşyklaryň gerimi

ýaly şeýle möçberli gurluşyklar ýurdumyzyň taryhynda bolmandy.

Önümçilik maksatly binalaryň we desgalaryň 2010-2020-nji ýyllarda dürli pudaklar boýunça 7798-si işe giriziler. Ýangyç – energetika toplumyna oba hojalyk pudagyna, beýleki önümçilik hem durmuş ulgamyna maýa goýumlar gönükdiriler. Olaryň arasynda iri we möhüm desgalardan käbirlerini bellemek gerek!

Aşgabadyň we ýurdumyzyň beýleki ilatly nokatlarynyň elektrik energiýa üpjünçilik ulgamy täzelener. Aşgabat şäherinden Demirgazyk – Gündogorda kuwwatlygy 254 megawalt täze gazturbinaly elektrik stansiýasy ulanylmaga berler, şular ýaly stansiýalar “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda we Balkanabat şäherinde gurlyp, 2010-nji ýylyň aprel aýynda ulanylmaga berildi.

Nebitgaz toplumynda täze kuwwatlyklar döredilýär. Günorta Ýolöten – Osman ýatagy senagat taýdan özleşdiriler, Ahal welaýatynda uglewodorod çig malynyň ýataklary özleşdiriler. Türkmenbaşydaky we Seýdi şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodlar döwrebap enjamlaşdyrylýar.

Milli ykdysadyýetiň “gan damarlary” diýip hasap edilýän demir awtomobil ýollaryň, howa menzilleriniň, gämi duralgalarynyň täzeleri gurlar, olaryň dürky abatlanar. Mysal üçin, Aşgabat-Türkmenbaşy, Aşgabat-Mary-Türkmenabat-Farap, Aşgabat-Garagum-Doaşoguz ýokary tizlikli awtomobil ýollarynyň Bereket-Gyzylgaýa – Uzen, Uzen-Gyzylgaýa-Bereket-Etrek-Gürgen demir ýollarynyň gurluşygy dowam etdiriler. Türkmenbaşy şäherinde halkara deňiz menziliniň, şeýle hem Türkmenabat-Daşoguz demir ýolynyň täze böleginiň gurluşygyna başlanar, “Awaza” syýahatçylyk zolagyna täze desgalar gurlar.

Ýurdumyzda durmuş maksatly desgalary gurmaga uly üns berilýär. Bilim, saglygy goramak, medenýet we senagat, sport ugurda döwrebap desgalar gurlar. Olardan Mary şäherinde welaýat kitaphanasynyň binasy, Bereket şäherinde

çeper halyçylyk kärhanasy, Harby institutyň nobatdaky binalary toplumy, “Halkbank” döwlet täjirçilik bankynyň edara jaýy gurlup, ulanylmaga berler. Bulardan başgada ýaşaýyş jaýlarynyň, kärhanalaryň, sport desgalarynyň, mekdepleriň, çagalar baglarynyň gurluşygy alnyp barlar.

Türkmenistanda döwrebap standartlaryna laýyk we ilat üçin elýeterli ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygynyň gerimi giňelýär. Paýtagtymyz Aşgabadyň etraplarynyň geljeki döwürdäki gurluşyk boýunça taslamalary taýýarlanylýar, olar milli we dünýä tejribeleriniň oňat netijelerine esaslanýar. Bir bitewi sazlaşykly binagärlik taslamasy boýunça toplum binalardan ybarat ýaşaýyş jaýlaryny gurmak oňaýly çözgüt hasap edilýär. Şeýle toplum Kösüde, dag eteginde gurulýar. Bu ýerde giň gök zolaklar, seýilgähler hem bina ediler. Her bir ýaşaýyş jaý toplumynyň ýanynda durmuş we dynç alyş şertleri döredyler. Aşgabat günbatar we günorta –günbatar şugur boýunça öser, demirgazyk tarapda köp gatly bolmadyk we kottej görnüşli jaýlar gurulýar. Paýtagtymyzyň taryhy bölegi düýpli döwrebaplaşdy. Uly gatnawly köçeler döwrebap tehnologiýalary we hili ýokary materiallary ulanmak arkaly durky täzelendi.

Welaýat merkezlerinde täze stadionlar, muzeýler, teatrlar, durmuş desgalary, ýaşaýyş jaýlary ýokary depginde gurulýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2020-nji ýyla  çenli Milli Maksatnamasy esasynda etrap merkezlerinde we şäherde, şäherçelerde hem obalarda häzirki zaman talaplaryna laýyk gelýän gurluşyklar alnyp barylýar. Gysga möhletlerde döredilen Ruhybelent we Esenguly etraplarynda abadanlaşdyrylan şäherler döredi, bu başlangyja beýleki etraplar dowam edýärler, Döwletli we Altyn sähra etraplarynda täze desgalar toplumy ulanmaga berildi, täze etrap merkezlerindäki şeýle binalaryň sany 50-den hem geçýär.

Ýurdymyzda, täze Galkynyşyň zamanasynda, örän unikal häsiýetli ýeňillikli karz maksatnamasy durmuşa

ornaşdyrylýar, oba ilaty ýeňillikli karzlar boýunça amatly jaýlary gurmaga mümkinçilik aldy.
Ýurdumyzyň örän uly gurluşyk meýdançasy “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda häzirki zamana şypahana şäheri bina edilýär. Şapyhanalar bilen bir hatarda bu ýerde myhmanhanalar, sagaldyş merkezleri, seýilgähler tapgyrlaýyn gurlup, işe girizilýär. Iň iri desga-uzunlygy 7km barabar deňiz suwy emeli derýa, elektrostansiýa, halkara aýroporty, suwy süýjedýän desga ulanylmaga berildi. Jemagat ulgamlary, ulag infrastrukturasy işjeň ösdürilýär. Awaza hili ýokary, birinji we ikinji kategoriýaly ýollar çekilýär.
Ýurdumyzda durmuş maksatly binalaryň arasynda bilim ulgamynyň maddy – tehniki binýadyny pugtalandyrmaga uly üns berilýär. Çagalar baglary, orta mekdepler bilen ýokary mekdepler hem gurular.Mysal üçin, diňe 2009-njy ýylda türkmen döwlet ulag we aragatnaşyk institutynyň, Içeri işler ministrliginiň, Polisiýa we Harby akademiýalarynyň täze binalary, 2010-nji ýylda Mary şäherinde Energetika institutynyň, Daşoguz şäherinde Oba hojalyk binalary gurlup, ulanmaga berildi. Ýakynda Döwlet Lukmançylyk uniwersitetiniň, döwlet medenýet institutynyň, Magtymguly adyndaky TDU-niň okuw binalarynyň täze tapgyry, Tükmen politehniki institutynyň we başgada ençeme täze okuw binalary işe giriziler. Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli Mlli Maksatnama boýunça gurluşygyň möçberi 15.9 esse öser.
Umuman ýurdumyzy ösdürmekde gurluşyk syýasatynda ähli meseleri çözmäge we ýerine ýetirilýän işleri berjaý etmäge toplumlaýyn çemeleşýär. Gurulýan binalar we desgalar şäherleriň, obalaryň keşbilerini has-da gözelleşdirip, hil we ygtybarlyk, boýunça bildirilýän talaplara hem ýokary estetiki kadalara laýyk getirilýär. Döwlet derejesinde gurluşyk taslamalarynyň durmuşa geçirilişine gözegçiligiň ýola goýulmagy binalaryň we desgalaryň öz möhletinde gurulmagyna, hil babatda ýokary bolmagyna getirýär.

Gurluşykda potratçylaryň işlerini ýokary hil derejede bellenilen möhletde ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin şertler berjaý edilýär. Daşary ýurt kompaniýalary hem bu ugurda Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly isleg bildirýärler.

## 1.2.Şäher hojalygynyň durmuş we ýaşaýyş-kommunal hyzmatynyň kärhanalary.

Şäher hojalygynyň durmuş we ýaşaýyş-kommunal hyzmatlarynyň (ŞHDweÝKH) kärhanalary diýlende şäher raýatynda ýerleşýän, ýaşaýjylaryň sosial durmyşy isleglerini kanagatlandyryýan edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň kompleksi göz öňünde tutulýar. Onuň düzümine ýaşaýyş kommunal hojalygy, hyzmat ediş kärhanalary, gurluşyk senagaty, söwda kärhanalary, jemgiýetçilik iýmitlendirme, saglygy goraýyş, medeniýet girýär. Şäher hojalygynyň meňzeş kärhanalaryň jemi pudagy emele getirýär (söwda, yaşaýyş kommunal hojalygy, saglygy goraýyş we başgalar).
ŞHDweÝKH kärhanalarynyň mukdary we olaryň iş möçberi esasan hem şäher ilatynyň sanyna, hyzmatyň görnüşine, möçberine we hiline bolan talaba bagly.
ŞHDweÝKH halk hojalygynyň beýleki pudaklarynyň kärhanalary bilen berk baglanyşykly.
Köp pudakly teritorial sistemaly ŞHDweÝKH sosial şeýle hem guramaçylykly-ykdysady ähmiýet, kompleksliliк, pudaklaryň özara baglanyşyklyk ýaly tapawutlandyryş aýratynlygy bar.
Sosial nukdaý nazardan ŞHDweÝKH ösüş derejesi diňe onuň her bir pudagy halka öz önümini ýa-da hyzmatyny gerek mukdarda we görnüşinde, gerekli hilde, ýeterlik derejede berse bolar.
ŞHDweÝKH ykdysadyýetiň beýleki senagat pudaklaryň ykdysadyýetinden tapawutlanýan öz aýratynlygy bar.

ŞHDweÝKH prinsipleri, usullary we funksiýalary özüniň takyk aýratynlyklaryna eýe bolýar.
ŞHDweÝKH alyp baryjy pudagy-ýaşaýyş kommunal hojalygydyr. Onuň paýyna ŞHDweÝKH esasy fondunyň 3/4 bölegi düşýär.
Ýaşaýyş kommunal hojalygy öz gezeginde birnäçe pudaklara bölünýär: ýaşaýyş hojalygy, energetik kärhanalary, şäher transporty, daşky abadançylyk, myhmanhana hojalygy.
Şäherleriň we şäher ilatynyň sanynyň ösüşi -öndüriji güýçleriň we jemgyýetçiligiň zähmet bölünişiginiň häzirki zaman ösüşiniň obýektiw kanunylygydyr. Urbanizasiýa (ykdysady we medeni durmuşyň uly şäher merkezlerinde jemlenmegi) diýip atlandyrylýan bu jemgyýet döremeleriň sebäbi:
- senagat önümçiliginiň ösmegi (industrializasiýa);
- şähere oba ilat köpçüligiň ýygnanmasy;
- uly obalaryň we şäher tipdäki posýoloklaryň (şäherçeleriň) şähere öwrülmegi;
- şäher ilatynyň adaty ösüşi bolýar.

Häzirki zaman şertlerinde şäherleriň sanynyň we şäher ilatynyň sanynyň çalt ösmeginde ilatyň uly şäherlerde jemlenýändigi görünýär.
Ilatyň , senagatynyň, söwda guramalarynyň, okuw jaýlarynyň, administratiw we hojalygy dolandyryş organlarynyň şäherleriň we posýoloklaryň we hakynda uly däl territoriýalarynda ýerleşmegi, şäher territoriýasynyň dogry tertipleşdirmek (planlaşdyrmak), şäher we onuň ilatynyň durmuşynda, şäherde ýerleşýän kärhananyň işinde inžener desgalary bilen enjamlaşdyrmak zerurlygyny döredýär. Bu zerurlyk şäher hojalygynyň döremesini we kem-kemden ösmegini şertlendirýär.
ŞHDweÝKH kärhanalary şäher territoriýasynda (tutýan ýerinde) ýerleşýän we şäher ilatynyň gündäki kommunal, durmuş maddy we sosial – medeni taraplaryny kanagatlandyrmaga niýetlenen, kärhanalaryň, hyzmatlaryň,

inžener desgalarynyň we şertleriniň çylşyrymly jemini emele getirýär.

ŞHDweÝKH düzümine birnäçe pudaklar girýär: ýaşaýyş-jaý-kommunal hojalygy, durmuş taýdan hyzmat ediş kärhanalary, aragatnaşyk kärhanalary, söwda we jemgyýetçilik iýmitiniň, sosial üpjünçiliginiň kärhanalary we guramalary, ýerli gurluşyk senagaty.

ŞHDweÝKH-nyň ykdysadyýeti bu hyzmat strategiýasydyr. ŞHDweÝKH-nyň ykdysadyýeti senagat pudaklaryndan tapawudy nämeden ybarat? Birinjiden, bu ýerde peýdalanyjy önümçilik prosessine gatnaşýar, senagat önümçiligindä-kä görä, bu ýerde olaryň arasynda ýakyn arabaglanyşyk bolýar. Ikinjiden belkem, hyzmat ediş sferasynda peýdalanyjynyň talabyna görä önümiň ýokary derejede indiwidualizasiýalaşdyrmasy (aýratyn) talap edilýändir. Üçünjiden, hyzmat ediş sferasynyň işi senagatyna görä köp zähmetli. Bu üç aýratynlyklar hyzmat ediş sferasyndaky operasiýalaryň dolandyrylmagynyň netijeliligini üpjün etmekligi kynlaşdyryýar.

Hyzmat ediş sistemasy işläp taýýarlanylanda käbir zerur faktorlary göz öňünde tutlmaly:

- hyzmat ediş kärhananyň durýan ýeri esasan, başlangyç çig malyň ýerleşýan ýerine, ýa-da başga faktorlar bilen baglanyşykly ýerde däl-de, peýdalanyjynyň bolýan ýeri bilen kesgitlenilýär;
- peýdalanyjynyň talaby we islegi netijelik pikirlerinden öňde durýar;
- işiň kalendar plany esasan peýdalanyja bagly;
- hili kesgitlemek we ölçemek kynlaşýar;
- işgärler peýdalanyjylar bilen gowy endiklere eýe bolan aragatnaşykda bolmaly;
- onümçiligiň kuwwatlylygy köplenç, orta derejedäki talaba görä däl-de, peýdalanyjy tarapynda iň güýçli, gerekli talap boýunça hasaplanylýar;

- talap aşak mahaly güýçli talap wagtynda ulanmak üçin zapas önümini emele getirme mumkinçiligi bolmaýar;
- işgäriň işiniň netijeliligi kynçylyk bilen kesgitlenilýär, sebäbi pes önümçilik onuň erbet işi bilen däl-de, peýdalanyjy tarapdan talabyň ýoklugy bilen şertlendirilýär;
- hyzmat ediş sferasynda uly kärhalar adaty däl;
- marketing bilen önümçilik işini käwagt biri-birinden tapawutlandyrmak kyn bolýa.

Ýaşaýyş jaý –kommunal hojalygy ŞHDweÝKH-nyň kärhanalarynyň düzüm bölegi bolup, aşakdakylary öz içine alýar:

- ýaşaýyş jaý hojalygyny (jaýlary dolandyryş, ýaşaýyş jaý ekspluatasion edaralary, remont-gurluşyk edaralary);
- sanitar-tehniki kärhanalary (wodoprowod we kanalizasiýa, hammamlar we kir ýuwýan ýerler, ilatly ýerleriň territoriýalaryny (tutýan ýeri) ýygnama we hojalyk jaýlaryny sanitar arassalama boýunça hyzmatlar);
- energetik kärhanalary (elektrostansiýalar we elektrosetler, gaz hojalygy, teplofikasion setli ýyladyş kotelnýalar), transport kärhanalary (jemgyýet şäher ýolagçy transport – trolleýbus, awtobus).

Şeýle hem, kommunal hojalygyna ilatly ýerleriň daşky abadanlaşdyrma gurluşlar (binalary): ýollar, köprüler we ýan ýodalar (trotuarlar), pyýadalar geçelgeleri we estakadalar(gatnaw ýollaryny ýokary galdyrmaga,ýoldan geçmäge we ş.m. zatlar üçin desga) ;köçeleri ýagtylatma; gök agaç oturtma; myhmanhanalar; öwlüýäler;howdanlar, kiçi görnüşdäki arhitekturalar (fontanlar, ýadygärlikler) degişlidirler.

Şeýlelikde, ýaşaýyş jaý kommunal hojalygy özüne degişli bolan kärhana we guramalaryň dynuwsyz, yzygiderli işiniň üpjün edilmesi bilen, şeýle hem senagat kärhanalaryň işi üçin normal şertlerini üpjün etme ýoly bilen şäher territoriýasynda ýerleşýän ilatyň ýaşaýyş jaýlarynda häzirki zaman talaplaryna laýyk gelýän ýaşaýyş şertlerini döretmäge gönükdirilen.

Ýaşaýyş jaý – kommunal hojalygy uly pudak bolup, onuň esasy fondunyň gymmaty halk hojalygynyň ähli esasy fondlarynyň 22.7% (göterimi) emele getirýär.
Ýaşaýyş jaý – kommunal hojalygy uly pudak bolup, onuň esasy fondunyň jemi boýunça kesgitlenilýär. San taýdan görkezijiler bütin ýurt, ülkeler hem-de aýratyn şäherler boýunça kommunal hojalygyň her bir pudagynyň ösüş derejesini bahalandyrmaga mümkinçilik berýär. San taýdan görkezijilere kommunal hyzmatynyň degişli görnüşine eýe bolýan şäherleriň sany, kommunal kärhanalaryň kuwwatynyň (mümkinçiliginiň) artmagy, ilata edilýän önümiň (hyzmatyň) möçberi, bir adama sarp edilýän kommunal hyzmatyň derejesi degişlidir.
Hil taýdan görkezijiler iki topara bölünýär: birinji topary ýaşaýyş jaý-kommunal hojalygynyň her bir pudagynyň hyzmatynyň hilini häsiýetlendirýär; ikinji topary tehniki ykdysady görkezijileriniň jemi emele getirýär: önümçilik kuwwatynyň peýdalanyş derejesini, täze tehnikanyň we tehnologiýanyň girizilmegi, zähmetiň netijeligi, onuň mehanizmleşdirme we kwalifisirleme derejesi.
Ýaşaýyş jaý-kommunal hojalygynyň kärhanalarynyň we guramalarynyň önümçilik ekspluatasion hereketiniň özboluşlygy ep-esli derejede ŞHDweÝKH -nyň aýratynlyklary bilen kesgitlenilýär.
Birinjiden, ŞHD we ÝKH köp pudaklydyr (ýaşaýyş jaý we kommunal hojalygy, energo üpjünçiligi, magaryf, saglygy goraýyş we ş.m.). Onuň has uly bölegini ýaşaýyş jaý we kommunal hojalygy emele getirýär.
Ikinjiden, ŞHDweÝKH ýerli şertlere bagly bolýar. Onuň kärhanalarynyň işi ýerli ilatyň talaplaryny kanagatlandyrmaga gönükdirilen. ŞHDweÝKH-nyň elementleriniň düzümi we gymmaty ilatyň sany, şäheriň ýerleşýän ýeriniň göwrümi, şäheriň planlaşdyrylmagynyň aýratynlyklary, tebigy şertleri, milli aýratynlyklary, ýerli däp-dessurlar bilen kesgitlenilýär.
Üçünjiden, ŞHDweÝKH senagat bilen berk baglanyşykly.

Dördünjiden, ŞHDweÝKH özara baglanyşykly pudaklaryň we kärhanalaryň jemini emele getirýär, bu bolsa olaryň deň derejede ösmegini talap edýär.
Bäşinjiden , ilatyň maddy-durmuş we medeni mätäçliklerini kanagatlandyrmak şäher hojalygynyň maksady bolup durýar. Şonuň üçin ulanyjylara ýakynlaşma oňa mahsusdyr.
Kommunal kärhanalar we guramalar dürli – dürliligi bilen tapawutlanýarlar, emma iki topara bölünip bilýärler.
Birinji toparyna maddy önümi öndürýän kommunal kärhanalar we guramalar degişlidir: maddy önümi çykarýan zawodlar we ussahanalar (taýýar önüm dessine ulanylman bilner, ammarda saklanyp, ep-esli aralyklara äkidilip bilner); beýle kärhanalaryň sany ujypsyz bolup, olar kömekçi häsiýetine eýe;

- wodprowodlar, gaz hojalygynyň guramalary, elektrostansiýalar we elektrosetler, kotelnýalar we ýylylyk setleri (bu kärhanalaryň önümi belli bir hilde we görkezijili madda we energiýa görnüşinde çykyş edýär; önümi öndürmek we ulanmak wagty ýa, gabat gelip (elektro üpjünçiligi), ýa-da yzly-yzyna gidip bilýär (wodoprowod); şonuň bilen baglylykda kärhanalar önümi toplap bilmeýärler we ony berlen wagta näçe talap edilse, şonça-da öndürmelidirler.

Ikinji topara aşakdaky hyzmatlary edýän kommunal kärhanalar degişli:

- ýaşaýyş jaýlarynda ýaşamak üçin amatly şertleri döredýän, ýaşaýyş jaý-ekspluastasion kärhanalar;
- ilatyň şäher territoriýasynda çalt we amatly ýerini üýtgetmesiniň zerurlygyny kanagatlandyrýan şäheriň ýolagçy transporty;
- ilatyň durmuş isleglerini kanagatlandyrýan hammamlar we kir ýuwulýan ýerler;
- şäherde wagtlaýyn ýaşaýanlar üçin zerur bolan ýaşaýyş jaý-durmuş şertlerini döredýän myhmanhanalar;

- ýaşaýyş jaýlaryndan we şäher territoriýasyndan ýaşaýyş galyndylaryny aýyrmagy we zyýansyzlaşdyrmagy üpjün edýän sanitar arassalaýjy kärhanalar.

Hyzmat ediş bilen olary öndürme prosessi aýyrylmazdyr, wagty boýunça olar gabat gelýärler.

Kommunal hyzmatlar hususy (şahsy) we önümçilik bolup bilýärler.

Hususy we önümçilik hyzmatlardan başga-da kommunal kärhanalar şäherde ýaşamak üçin we şäher kärhanalarynda, guramalarynda işlemek üçin amatly şertleri döretmäge gönükdirilen jemgyýetçilik hyzmatlaryny hem ýerine ýetirýärler (gök agaçlary saklamak, köçeleri we ýollary ýagtylatmak, ýygnamak, ýuwmak).

Edýän özboluşly hyzmatlaryndan daşary kommunal kärhanalary aşakdaky aýratynlyklara eýe:

-Önümçiligiň şäher durmuşynyň akymyna baglylygy sutka (gije-gündiz), aý we möwsüm boýunça:

- iş grafiginiň (çyzgydyny) düzülmesini;
- suwuň, elektro we ýylylyk energiýalarynyň berilmesini;
- jemgyýetçilik transportynyň hereketiniň çyzgydynyň (tertibiniň) düzülmesini talap edýär.

Gije-gündiziň (sutkanyň) birnäçe sagadynyň ýa-da ýylyň birnäçe aýyň dowamynda emele gelen iň uly talap boýunça kommunal kärhanalaryň öndürijilik kuwwatyny hasaba alýarlar. Şoňa görä, netijede guralan enjamlaryň kuwwatyny doly ulanyp bolmaýar.

-Ýaşaýyş jaý –kommunal hojalygynyň ýerli şertlerine we onuň kärhanalarynyň we hyzmatlarynyň önümçiliginiň aýratynlyklaryna baglylygy, oňa halk hojalygynyň pudagy hökmünde seredip, aýratyn dolandyrylmasyny şertlendirýär.

Ýaşaýyş jaý-kommunal hojalygy iki taraplaýyn garaşly bolýar (boýun egýär):

- administratiw gatnaşygy boýunça ol häkimliklere boýun egýär, bu bolsa şäheriň ýaşaýyş jaý – kommunal

hojalygynyň ösüşiniň amatly ýagdaýlaryny we talaplaryny dolurak hasaba almaga mümkinçilik berýär;

- önümçilik – tehnologik gatnaşygy boýunça – kommunal hojalygynyň ministrliklerine (uprawleniýalara) boýun egýär, bu ýurduň ýaşaýyş jaý-kommunal hojalygynyň ýeketäk ylmy esasynda ösmeginiň mümkinçiligini döredýär we onuň ösüşine maýa goýumlaryň has oňat ulanylmagyny üpjün edýär.

Kommunal kärhanada önümi çykaryş ýa-da hyzmat ediş boýunça önümçilik programmasynyň (maksatnamasynyň) ýerine ýetirilmezligine ýol berilmesizdir. Senagatdan tapawutlylykda kommunal kärhanada häzirki wagda ýerine ýetirilmedik planyny (meýilnamany) gelejekde artygy bilen ýerine ýetirip, öwezini dolduryp bolmaýar. Bu ilki bilen suw, elektro we ýylylyk energiýasynyň goýberilmegine, ýolagçy transportynyň işine degişlidir.

Kommunal kärhanalar öz önümini (hyzmatyny) satyş we söwda guramalarynda peýdalanmazdan ulanyjylara gös – göni hödürleýärler. Önümi öndürmäniň, eltip bermäniň we satmanyň (ýerlemäniň) bilelikde ýerine ýetirilmegi kärhananyň işiniň guralmagyna, planşdyrylmagyna (meýilnamalaşdyrmagyna) we ykdysadyýetine özboluşlylyk girizýär.

Kommunal kärhanalaryň işgärleriniň sany öndürilen önümiň mukdary bilen däl –de (senagatdaky ýaly), iş tertibi, enjamlaryň sany we iş ýerleri bilen esasy materiallary ulanman, köp sanly kömekçi materiallary ulanýarlar.

Ýaşaýyş jaý – kommunal hojalygynyň bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde ösmegi bazara mahsus bolan artykmaçlyklaryň hasaba alynmasy bilen bolup geçýär.

Birinjiden, ýere hususy eýeçiligiň ýoklugy şäheri ýeke –täk plan (şäheriň genplany) boýunça ösdürmäge, köne şäherleri täzeden dikeltmäge (rekonstrirlemä), uly massiwly(belentlik) gurluşyklary alyp barmaga mümkinçilik berýär. Bularyň jemi bolsa şäheriň ýaşaýyş jaý-kommunal hojalygynyň ösmegine

gönükdirilen kapital goýumlaryň netijesiniň ýokarylanmagyna alyp barýar.
Ikinjiden, ýurduň tutýan ýerinde önümçilik güýçleriniň ýerleşdirilişini ylmy esaslandyrma ýoly bilen şäheriň ösüşini çäklendirmek.
Üçünjiden, önümçilik serişdelerine jemgyýetçilik eýeçiligi-ýaşaýyş jaý – kommunal hojalygynyň dürli kärhanalarynyň işleriniň ylalaşdyrylmasyna (utgaşmasyna) mümkinçilik berýär.
Zerur bolan talabyň esasy görkezijisi – bu norma boýunça natural aňlatmada hasaplanylan hyzmatyň ulanylmasynyň göwrümidir.
Ýaşaýyş jaý – kommunal hojalygynyň dürli pudaklarynyň natural görkezijileri deňeşdiriji görnüşe geçirmek üçin nyrh görkezijileri ulanylýar: hyzmat edişiň udel özüne düşýän gymmaty (natural birligine ýa-da bir ýaşaýyş hasaplanylan) hyzmat edişiň orta pudaklaýyn özüne düşýän gymmaty, belli bir pudak bölüminiň kärhanalaryny saklamagyň ýyllyk gymmaty.

# 2-NJI BAP.KÄRHANANY DOLANDYRMAKDA YKDYSADY SELJERILIŞIŇ TUTÝAN ORNY

## 2.1.Seljerilişiň görnüşiniň klassifikasiýasy we kärhanany dolandyrmakda olaryň tutýan orny.

Seljeriliş (grek dilinde analisis - dargatma)-derňew, düzüm böleklerine bölmäni aňladýar. Ykdysady seljeriliş bu käbir şahsyň (subýektiň) eýeçilik etme babatynda ykdysady häsiýetdäki netijeleri we maslahatlary ulanmaklyk üçin peýdalanylýan usullaryň, ýollaryň, tärleriň ulgamlaşdyrylan jemi. Seljeriliş geçirilme amaly meseläniň öwrenilmesi üçin has düşnükli bolan düzüm böleklerine bölünmeginden ybarat bolýar. Aýratyn usullaryň, tärleriň, ýollaryň ulanylmagynda aýratyn meseleler çözülýär, olaryň birikdirilmesi bolsa meseläniň umumy çözgüdine ýetmeklige mümkinçilik berýär. Hakykatyň öwrenilmeginiň ylmy usullary hökmünde analiziň we sinteziň bitewiligine esaslanýan akyl ýetiriş dialektikasy şundan ybaratdyr.

Ykdysady seljeriliş önümiň (harytlaryň, hyzmatlaryň) döredilmegine we satuwynda ýüze çykýan ykdysady prosessleriň (hadyslaryň) barlanyp öwrenilmegine gönükdirilen. Önümleriň (harytlaryň, hyzmatlaryň) döredilmegi we satylmagy ulgamlaryň dowam edýän döwrüniň konsepsiýasy (ýörelgesi) bilen beýan edilýän, yzygider tapgyrlaryň (tematik ugurlaryň, iş görnüşleriň) hataryny talap edýäni üçin ykdysady seljerilişiň tematiki ugurlaryna taslama inwestisiýa maliýe önümçilik we beýleki iş görnüşleri degişli bolýarlar (surat 2.1.1.).

Ykdysady seljerilişiň taslama hereketinde, inwestisiýa hereketinde, maliýe we önümçilik hereketinde we beýlekilerden ykdysady seljeriliş ýaly tematiki görnüşleri tapawutlanýar. Edaranyň önümçilik we maliýe hereketi özara berk baglanyşýandygy üçin, “hojalyk hereketi” diýen adalga ulanylýar.

Girdeji almaklyga ýa-da çykdaýjylaryň we düşewündiň deňagramlylygyny üpjün etmeklige gönükdirilen, onuň netijeliligini hakyky bahalandyrmaklyk we ony ýokarlandyrmak üçin ätiýaçlyklary (rezerwleri) ýüze çykarmaklyk, şeýle hem seljerilýän hojalykçy şahsyň durnukly hereket etmekligini üpjün etmek maksady bilen toplumlaýyn öwrenilýän eýeçiligiň islendik görnüşindäki anyk hojalykçy şahsyň (subýektiň) hereketi – işi ykdysady seljerilişiň öwrenilme zady (predmeti) bolup durýar.




**Surat 2.1.1. Ykdysady seljerilişiň tematiki ugurlary (görnüşleri).**

Berlen kesgitlemäniň esasy sözleriniň üstünde durup geçeliň:

- girdeji almaklyk ýa-da çykdaýjylaryň we düşewündiň deňagramlylygyny üpjün etmeklik. Paýdarlar jemgyýetiniň edaralaryň guramaçylyk – hukuk görnüşi bolýany üçin olaryň hereketiniň bolmagynyň maksady diňe kapitalizasiýa gönükdirilen gazançlygy göz öňüne tutýan çykdaýjylaryň we düşewüntdiň deňagramlylygy hem bolýar;

- toplumlaýyn öwrenilme – edaranyň ýa-da onuň bölümleriniň iş (hereket) bilen baglanyşykly ähli soraglarynyň özara baglanyşykda seredilmegini aňladýar;
- netijeligiň hakyky bahalandyrylmasy toplumlaýyn seljeriliş bilen bir hatarda sosial ykdysady ulgamlaryň ösüşiniň we hereketde bolmagynyň kanunlarynyň hasaba alynmagyny talap edýär;
- seljerilýän hojalykçy şahsyň hereketde bolmagyň durnuklylygynyň üpjün edilmegi çykdaýjylara garanda netijäniň ösüş depginleriniň ýokarlandyrylmagy bilen gazanylýar. (ykdysady güýjüniň artdyrylmasy).

Eýeçiligiň islendik görnüşiniň anyk hojalykçy şahsyň işiniň seljerilişiniň maksady – dolandyryş çözgüdini (kararyny) kabul etmeklik üçin maglumat taýýarlamakdyr.

Dolandyryş çözgüdini kabul etmeklik üçin maglumatlar üç ugur boýunça taýýarlanylýar:

1. Derňelýän hadysalary bahalandyrmak;
2. Diagnostika (anyklama), ýagny, sebäp-seljeriliş arabaglanyşyklaryň kesgitlenilmesi we aýratyn ýagdaýlaryň netijä bolan “täsir güýjüniň” bahalandyrylmagy;
3. Kabul edilýän çözgütleriň netijeleriniň çaklanylmasy.

Bahalandyrylma, anyklama we çaklama netijelerine ulgamlaryň ösüş we hereket ediş kanunlaryny bilip, düşünip bolýar. Meselem, üç ýyl mundan ozal esasy fondlara maýa goýmalary esasy gaznanyň harçlanyş netijeliliginiň degişlilikde peselmeginde zähmet öndürijiliginiň ep-esli derejedäki ösüşine alyp bardy. Häzirki ýylda şoňa deň maýa goýmalary şeýle ýa-da ýakynrak bolan netijeleri bermediler. Näme üçin? Belki, ulgamlaryň ewolýusiýa kämilleşmesiniň peselme netijeliliginiň kanuny täsir edendir. Şonuň üçin edaranyň maliýe-hojalyk işiniň (hereketiniň) bahalandyrma, diagnostika (anyklaýyş) we çaklama usulýeti ulgamlaryň ösüş we hereket ediş kanunlary esasynda akyl ýetirilmelidir. (surat 2.1.2.)




**Surat 2.1.2. Ykdysady seljerilişiň mazmuny.**

Ösen bazar ykdysadyýeti seljeriliş içki-dolandyryş we daşky – maliýe seljerilişine differensirlenmegine talap döredýär.

Içki dolandyryş seljerilişi-maliýe hasabatyň, ýagny edaranyň müdirliginiň ýolbaşçylygynyň dolandyryş çözgütleriniň taýýarlanmagy üçin zerur bolan maglumatlar bilen habar – seljeriliş geçiriji üpjünçiliginiň düzüm bölegi.

Daşky maliýe seljerilişi-adatça köpçülige niýetlenen maliýe hasabatyň maglumatlary boýunça ykdysady seljerilişiň özbaşdak şahslary bolup çykyş edýän daşky ulanyjylaryň edaralary hakda maglumatlar bilen hyzmat edýän maliýe hasabatynyň esasy bölegidir.

Dolandyryş wezipesi – bu dolandyryş işiniň aýratyn görnüşi, dolandyryş çägindäki ýöriteleşdirilmeklik önümi. Dolandyryş wezipesi (funksiýalary) dolandyryşyň öz hereketiniň prosessiniň mazmunyny şöhlelendirýän umumy we başgalar wezpelere (funksiýalara) hem-de dolandyryş obýektleriniň dürli aýratynlyklaryny şöhlelendirýän spesifiki wezipelere

bölünýär. Dolandyryşyň umumy we spesifiki funksiýalaryň özara baglanşygy umumy funksiýalaryň nähili hem bolsa bir dolandyryş obýektine goşulmasyz, öz-özünden amala aşyrylyp bilinmeýändiginde, nähili hem bolsa bir obýekti dolandyrmanyň islendik spesifik funksiýasy bolsa iňe umumy funksiýalaryň kömegi bilen amala aşyrylyp bilinýänligindedir.
Ykdysady dolandyryşyň baş funksiýalaryny ýa-da adatça, käwagt ykdysady hereketiniň esasy funksiýalary diýip atlandyrylýan funksiýalary şeýle kesgitläp bolar:

1. Dolandyryşyň maglumat (habar) bilen üpjün edilmegi (ykdysady hadysalar we ösüşiň baryşlary (prosessler) barada maglumatlary toplama, işläp taýýarlama, tertibe salma);
2. Seljeriliş (analiz) (ykdysady hereketiň gidişiniň we netijeleriniň seljerilişi, onuň üstünlikliginiň we ylmy taýdan esaslanan ölçegleriň esasynda kämilleşdirilme mükinçlikleriniň bahalandyrylmagy ;
3. Meýilnamalaşdyrma (ykdysady ulgamyň maglumatlary, gelejek üçin we gündelik meýilnamalary);
4. Dolandyryşyň guralmagy (ykdysady ulgamyň zähmet, maddy we pul gorlarynyň ulanylmasyny gowulandyrmak maksady bilen hojalyk mehanizminiň nähili hem bolsa bir elementleriniň netijeli hereketini guramak);
5. Gözegçilik (täjirçilik – meýilnamasynyň we dolandyryş çözgütleriniň ýerine ýetirilişine gözegçilik).

Başdaky iki sany umumy funksiýalar karar (çözgüt) kabul etmeklik hereketiniň maglumat we seljeriş üpjünçiligine alyp barýan dolandyryşyň tehnologik döwürlerini şöhlelendirýärler. Çözgüt kabul etmekligiň özi dolandyryşyň şeýle üç sany döwürde bolup geçýär: meýilnamalaşdyrma, dolandyryşy gurama we gözegçilik. Diýmek dolandyryşyň beýleki umumy we spesifik funksiýalaryň ählisine mahsus bolan başdaky iki sany umumy funksiýalar ykdysady seljeriliş bilen üpjün edýärler.

Dolandyryş hereketiniň mazmuny boýunça gelejegiň (çaklama) seljerilişi (analizi); şol ýa-da başga bir döwrüň işiniň netijeleri boýunça –operatiw seljerilişi tapawutlandyrýarlar.
Ykdysady seljerilişiň beýle klassifikasiýasy möhlet döwürlerini şöhlelendirýän esasy funksiýalaryň mazmunyna laýyk gelýär:

1. Deslapky dolandyryş döwri (meýilnamalaşdyrma funksiýasy);
2. Operatiw (janly) dolandyryş döwri (dolandyryşy ýola goýma funksiýasy);
3. Dolandyryşyň soňky döwri (gözegçilik funksiýasy).

Seljerilişiň ýokarda görkezilen üç sany görnüşiň ählisi hem (içki hojalyk, önümçilik, daşary maliýe we içki dolandyryş) hojalyk obýektlerini dolandyrma hereketinde bardyrlar. Içki hojalyk önümçilik maliýe seljerilişi has ösenidir.
Ýörite edebiýatda ykdysady seljerilişiň görnüşleri diňe hereketiň mazmuny we dolandyryş obýektleri ýaly iki sany baş alamatlar boýunça toparlara bölünmän, aşakdakylar boýunça hem klassifisirlenýärler:

1. Şahslar (subýektler), ýagny seljeriliş geçirijiler boýunça (ýolbaşçylyk we ykdysadyýet gulluklary, hususyýetçiler we hojalyk dolandyryş guramalary, üpjün edijiler, satyn alyjylar, kredit we maliýe guramlary);
2. Döwürleýinligi boýunça (döwürleýin ýyllyk çärýeklik, aýlyk, ongünlük, her günlük, çalşyk boýunça seljerilişler);
3. Öwrenilýän meseleriň mazmuny we dolulygy boýunça (tutuş hojalyk işiniň doly seljerilişi aýratyn bölümçeleriň işleriniň ýerli seljerilişi, ykdysadyýetiň aýratyn soraglarynyň tematiki seljerilişi);
4. Obýektiň öwrenilmesiniň usullary boýunça (toplumlaýyn, deňeşdirilýän, tutuş we saýlama seljerilişi we ş.m.).

Ykdysady seljeriliş– bu kärhananyň maliýe hojalyk hereketini diagnostirlemeklige we prognozlamaklyga, bahalandyrmanyň usullýetine düşünmeklige gönükdirilen hem-de sistemalaryň ösüşiniň we hereket etmesiniň kanunlaryna esaslanan ýörite bilimleriň sistemasyny emele getirýän bilim.

Ýörite bilimleriň sistemasynyň ulanylmasy, hojalyk ösüşiň meýillerini kesgitlemäge, meýilnamalary dolandyrma boýunça kararlary ylmy tarapdan esaslandyrmaga, olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmäge, ýetilen netijeleri bahalandyrmaga, önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlandyrylmasynyň rezerwleriniň gözlegini, ölçegini we esaslanmalaryny amala aşyrmaklyga mümkinçilik döredýär.
Ykdysady seljerilişi kärhananyň we beýleki bölümleriň hojalyk prosesslerini we olaryň hereketiniň ahyrky önümçilik – maliýe netijelerini barlaýar. Şonda kärhanalaryň ykdysadyýeti hereketiň gidişinde öwrenilýär.
Ykdysady seljerilişiň predmeti we manysy bilen onuň öňünde duran meseleler kesgitlenilýär. Olaryň iň wajyplary aşakdakylardan ybarat:

1. Biznes-meýilnamalaryň, biznes-prosessleriň we normatiwleriň (olaryň işlenilmesi prosessinde) ylmy – ykdysady esaslanmalarynyň ýokarlanmasy;
2. Biznes-meýilnamlaryň, biznes-prosessleriň we normatiwleriň ýerine ýetirilmeginiň (hasaba alynmanyň we hasabatlaryň maglumatlary boýunça) obýektiw we hemme taraplaýyn barlagy;
3. Zähmet, maddy we maliýe resurslarynyň (aýratyn we bilelikde) peýdalanylmasynyň netijeliliginiň kesgitlenilmesi;
4. Kommersiýa hasaplaşygynyň talaplarynyň amala aşyrylmasynyň barlagy;
5. Içki rezerwleriň ýüze çykarylmasy we ölçegi (önümçilik prosessiniň ähli döwürlerinde);
6. Dolandyryş karalarynyň amatlylygynyň barlagy.

Ykdysady seljeriliş ykdysadyýeti dolandyrmanyň ähli funksiýasynyň ýerine ýetirilmesiniň zerur elementi bolýandygy sebäpli, ykdysady seljerilişiň görnüş klassifikasiýasynyň esasynda düýbünde dolandyrma funksiýalary durýar.
Kämilleşen bazar ykdysadyýeti seljerilişi içki-dolandyryş we daşky – maliýe seljerişlerine defferensirlenmäge talap döredýär.

Içki dolandyryş seljerilişi-dolandyryşyň hasaba alynmasynyň, ýagny, kärhananyň ýolbaşçylygynyň informasion – analitik üpjünçiliginiň emele getiriji bölegi.

Daşky maliýe seljerilişi adaty bolşy ýaly, köpçülige niýetlenen maglumatlar boýunça ykdysady seljerilişiň özbaşdak subýekti bolup çykyş edýän kärhana barada maglumatlardan peýdalanýan daşky ulanyjylara hyzmat edýän maliýe hasaba almanyň emele getiriji bölegi.

Dolandyryş funksiýalary dolandyrma prosessiniň çuň manysyny şöhlelendirýän umumylara ýa-da esasylara we dolandyrmanyň dürli obýektlerini şöhlelendirýän spesifik görnüşine bölünýärler. Dolandyrmanyň umumy we spesifik funksiýalara özara baglanyşyklydyrlar: nähili hem bolsa bir dolandyrma obýektine degişli bolman umumy funksiýalar aýratyn amala aşyrylyp bilinmeýärler, nähili hem bolsa bir obýektiň dolandyrylmasynyň spesifiki funksiýa bolsa, diňe umumy funksiýalaryň kömegi bilen amala aşyrylyp bilner.

Ykdysady dolandyrmanyň esasy funksiýalary (ykdysady hereketiň esasy funksiýalary) aşakdakylardan ybarat:

- dolandyrmanyň informasion üpjünçiligi (ykdysady prosessler we hadysalar barada maglumatlaryň toplanmasy, işlenip taýýarlanmasy we tertipleşdirilmesi);
- ykdysady hereketiň geçişiniň we netijeleriniň seljerilişi, ylmy taýdan esaslanan kriteriýleriň esasynda kämilleşdirilme mümkinçilikleriniň we onuň üstünlikliliginiň bahalandyrylmasy;
- meýilnamalaşdyrylma (prognozirleme, ykdysady sistemanyň geljek üçin we gündelik meýilnamalaşdyrylmasy);
- dolandyrmanyň guralmasy (ykdysady sistemanyň zähmet, maddy we pul maýa resurslarynyň peýdalanylmasynyň iň amatlysynyň ulanylmasy maksady bilen hojalyk mehanizminiň ol ýa-da beýleki elementleriniň netijeli işlenilmesiniň guralmasy);

- biznes-meýilnamalarynyň we dolandyrma boýunça kararlaryň ýerine ýetirilmesiniň barlagy.

Başdaky iki funksiýalar dolandyrmanyň tehnologik etaplaryny şöhlelendirýärler we kararlaryň kabul edilme prosessiniň informasion we analitik üpjünçiligine çemeleşýärler. Kararlary kabul etmäniň özi dolandyrmanyň döwürleýin etaplary görnüşinde amala aşyrylýarlar: meýilnamalaşdyrma, dolandyrmanyň we barlagyň guralmasy. Diýmek, ykdysady seljeriliş dolandyrmanyň ähli beýleki umumy we spesifiki funksiýalaryna gatnaşýan dolandyrma funksiýasy bolup çykyş edýär.

Dolandyrma prosessiniň manysy boýunça geljekdäki (öňünden edilýän) seljeriliş, retrospektiw (soňky); operatiw seljerilişiň şunuň ýaly klassifikasiýasy dolandyrmanyň döwürleýin etaplaryny şöhlelendirýän esasy funksiýalaryň manysyna gabat bolýar. Dolandyrmanyň döwürleýin etaplary bu:

- dolandyrmanyň öňünden edilýän döwri (meýilnamalaşdyrma funksiýasy);
- operatiw dolandyrmanyň döwri (dolandyrmany guramaklygyň funksiýasy);
- dolandyrmanyň soňky döwri (barlag funksiýasy)

Seljerilişiň ähli üç görnüşi hem hojalyk obýektlerini dolandyrma prosesslerinde gatnaşýarlar.

Dolandyrmanyň obýektleriniň häsiýetine baglylykda aşakdakylary şöhlelendirýän seljerilişiň görnüşlerini tapawutlandyrýarlar:

- halk hojalygynyň pudak strukturasy;
- jemgiýetçilik önümçiliginiň we dolandyrmanyň derejesi. Hojalyk hereketiniň ykdysady seljerilişinde halk hojalyk pudaklaryndaky dolandyrma derejelerine esasy üns berilýär. Senagatda, adaty bolşy ýaly, dolandyrymanyň iki esasy derejesini tapawutlandyrýarlar (beýleki pudaklarda hem); edara (ýokary zweno) we kärhana (ilkinji zweno). Ilkinji zwenoda seljeriş üçin özbaşdak önümçilik

birliklerini tapawutlandyrýarlar (sehler we bölümler, meýdançalar we iş ýerleri);

- giňeldilen üznüksiz önümçilik prosessiniň döwri – önümçilik, çalyşma, paýlama, peýdalanma;
- önümçiligiň emele getiriji elementleri (zähmet we maddy resurslary) we önümçilik gatnaşyklaryň käbir emele getiriji bölekleri (mysal üçin, maliýe, kredit)

Ýörite edebiýatda ykdysady seljerilişiň görnüşleriniň klassifikasiýasy iki esasy häsiýet bolan – prosessiň mazmuny we dolandyrma obýektleri – bilen kanagatlandyrylanok. Ykdysady seljerilişiň görnüşlerini ýene-de şeýle klassifisirleýärler:

- seljeriliş geçirýän subýektler boýunça hem (ýolbaşçylar we hojalyk dolanyşygynyň bölümleri, üpjün edijiler, alyjylar, kredit we maliýe edaralary);
- döwür boýunça (ýyllyk, kwartallyk, aýlyk, dekadalyk, her günlük, çalşyk seljerilişi);
- öwrenilýän meseleleriň mazmuny we dolylygy boýunça (ähli hojalyk işleriniň doly seljerilişi, aýratyn bölümleriň hereketiniň lokal (ýerli) seljerilişi, ykdysadyýetiň käbir meseleleriniň mowzuklaýyn seljerilişi);
- obýektiň öwrenilmesiniň usullary boýunça (toplumlaýyn, sistemalaýyn, deňeşdirme, bütinleý we saýlama seljeriş we ş.m.);
- hasaplaşyk işleriniň mehanizasiýalaşdyrylma we awtomatizasiýalaşdyrylma derejesi boýunça.

Tejribede ykdysady seljerilişiň käbir görnüşleri arassa görnüşinde gaty seýrek duş gelýärler, emma olaryň gurulmasynyň we usullarynyň wajyp prinsipleri bilmek zerurdyr. Dolandyrmanyň her bir derejesinde her gün örän köp kararlar kabul edilýärler. Olary esaslandyrmak üçin bolsa ykdysady seljerilişiň dürli görnüşlerinden peýdalanýarlar.

Önümçiligi ýola goýmak boýunça kararlaryň kabul edilmesiniň esasy bolup operatiw seljeriliş çykyş edýär. Oňa hojalyk

ýagdaýlaryny taýýarlama meňzeş kararlardan peýdalanma häsiýetlidir.
Strategik dolandyrmanyň meselelerini çözmeklik üçin, adaty bolşy ýaly, aýratyn kärhanalaryň jemleýji toplumlaýyn ykdysady seljerilişi , olaryň ösüşiniň ykdysady mümkinçilikleriniň ähli taraplaýyn seljerilişi ulanylýar.

## 2.2. Toplumlaýyn ykdysady seljerilişiň mazmuny.

Toplumlaýyn seljeriliş esasy tapawudy – seljeriliş maksadynyň ýeke-täkligi we hemmetaraplaýynlygydyr (ulgamlylygydyr). Ulgamlylyk belli bir logikada (pikirlenmede). surat 2.2.1.görkezilen hojalyk hereketiniň görkezijileriniň seredilmeginiň esaslanan yzygiderliginde ýüze çykýar.
Tejribede ykdysady seljeriliş aýratyn görnüşleri arassa keşpde örän seýrek gelýär, emma olaryň guralmasynyň we usullarynyň möhüm esaslaryny bilmek hökmandyr. Dolandyryşyň her bir derejesinde günde ykdysady seljerilişiň dürli görnüşlerine esaslanan köp sanly çözgütler kabul edilýär.
Önümçiligi tertipleşdirme boýunça kararlary (çözgütleri) kabul etmeklige hojalyk ýagdaýlaryny modelleşdirmeklik, meňzeş çözgütleri, ulanmaklyk häsiýetine eýe bolan operatiw seljeriliş esas bolup hyzmat edýär. Möhüm (strategik) dolandyrmanyň meselelerini çözmek üçin, adatça, aýratyn guramalaryň jemleýji toplumlaýyn ykdysady gelejeginiň hemmetaraplaýyn seljerilişi ulanylýar.




**Surat 2.2.1. Toplumlaýyn ykdysady seljeriliş ulgamynda görkezijileriň esasy toparlarynyň seljeriliş shemasy**

## 2.3. Ykdysady seljerilişiň başga ylymlar bilen arabaglanyşygy. Onuň ösüşiniň döwürleri we ugurlary.

Ulgamlaryň ösüşiniň we hereketde bolmagynyň kanunlarynyň hasaba alynmagy bilen maliýe – hojalyk işiniň bahalandyrylmagy, anyklanmagy (diagnostikasy) we çaklanmagy usulýetine akyl ýetiriş esasynda dolandyryş çözgütlerini kabul etmeklige maglumatlary taýýarlamaklyk ykdysady seljerilişiň maksady bolýandygy üçin seljerilişiň daýanýan ylymlaryny iki topara bölüp bolýar:

- Ulgamlaryň hereketde bolmagynyň we ösüşiniň umumy kanunlary baradaky ylymlar (pelsepe (filosofiýa), ykdysady ylymlaryň taryhy, ykdysady nazarýeti (teoriýasy), edaranyň ykdysadyýeti, maliýe, marketing, menedžement, logistika);
- Edaralaryň işlerini bahalandyrma, anyklama we çaklama usulýetini düşünmeklige ýardam berýän ylymlar (matematika – ykdysady – matematika usullary we amaly modeller (görnüşler) babatynda, statistika, ekonometrika).

Şonda ykdysady prosesleriň seljerilişi täze çemeleşmeleriň gözlegi diňe milli çägindäki däl-de, dünýä ykdysady ylmynyň umumy meselesine öwrülýär. Bu edaralar hereketde bolýan we ösýän daşky ýagdaýlaryň düýpli üýtgemeleri netijesinde döreýär. Önümçiligiň we sarp etmäniň eýeçilik gatnaşyklaryň düzümi üýtgeýär, milli hojalyklaryň özarabaglanşygy güýçlenýär, ykdysady meseleleriň köp dürlüligi we çylşyrymlylygy ösýär.

Kabul edilýän çözgütleriň netijeliligine täsir edýän gapma-garşylykly hereketiniň, dürli-dürli elementler arasyndaky özarabaglanyşygy ykdysady durmuşda bolup geçýän makro-we mikro proseslere düşünilende ýüze çykaryp bolar. Bu bolsa ylymlaryň jeminiň integrasiýasyny hakyky döredýän şerti bolup çykyş edýär.

## Ykdysady seljeriliş ylymlar ulgamynda

Ykdysady seljerilişiň ylmy esasyny ykdysady teoriýa (nazarýeti) emele getirýär. Ol bolsa, öz gezeginde, ykdysady taryh, ykdysady ylymlaryň taryhy bilen sepleşýär. Jemgyýetçilik durmuşynyň taryhy seljerilişi bilen meşgullanyp ykdysady taryh ykdysady ylymlaryň taryhy bolsa, seljerilişmäniň (barlagyň) nazarýeti apparadyny baýlaşdyryp, ykdysady pikir hereketini ösüşde, kämilleşmede görkezýär.
Ykdysady nazarýeti (teoriýa) seljeriliş geçirijini ykdysady gatnaşyklar ulgamynda bazar subýektleriniň hereketde bolma kanunlary barada bilimler bilen üpjün edýär. P.Samuelsonyň kesgitlemesi boýunça: “Ykdysadyýet nazarýeti adamlaryň we jemgyýetiň seýrek duş gelýän önümçilik gorlarynyň haýsysyny wagtyň geçmegi bilen häzirki wagtda we geljekde dürli harytlary öndürmek we dürli adamlaryň we jemgyýetçilik toparlarynyň arasynda olary sarp etmek maksadynda paýlamak baradaky ylymdyr”. Häzirki zaman ykdysady nazarýetiniň üns merkezinde edaranyň we tutuş jemgyýetiň maksatlaryna ýetmek üçin gorlaryň iň amatly utgaşmasynyň saýlamaklyk meselesi dur.
Ykdysadyýet ylmynyň ýa-da edaranyň özni alyp barşynyň seljerilişiniň meseleleriniň biri önümçilik hereketiniň ,nyrhlarynyň, harçlanmalarynyň onuň gor bilen baglanyşykly güýjüniň beýan edilmeginden, seljerilişmeginden ybarat bolýar.
Ykdysady seljeriliş tejribä daýanýan maglumatlary jemläp, olary kesgitli ulgama boýun egdirdýär, kanuna laýyklyklary ýüze çykarýar, edaranyň ösüni alyp barşynyň we jemgyýetiň ykdysady ösüşiniň kanunlaryny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Beýleki tarapdan, ykdysadyýet nazarýetiniň bilimlerine daýanyp, seljeriliş geçiriji gor potensiýalyny (güýjüni) dolandyrmak we marketingiň baş ýörelgesini işläp taýýarlamak boýunça anyk tekliplere çykaryp onuň görnüşini üýtgedip manysyny ýüze çykarýar.

Hasaplaşyk we dolandyryş hasabaty, statistika hasabaty we bir gezeklik statistik gözegçilikleriň maglumatlary tejribä daýanýan maglumatlaryň “üpjün edijileri” bolýarlar. Ilkinji resminamalar, sintetik we analitiki hasabatlaryň görkezijilerindäki ýazgylar, maliýe we içki hasabat resminamalary – bu içki hojalyk we daşary seljeriliş üçin elýeterliligi boýunça dürli bolan maglumat çeşmeleridir.
Hasaplaşyk hasabaty – emläk ýagdaýyny, maliýe çeşmelerini we edara işiniň netijelerini şöhlelendirip, ulanyjylaryň giň tarapyny seljeriliş obýektiniň hojalyk işiniň ýagdaýy baradaky maglumatlar bilen üpjün edýär. Netijede, hasaplaşyk hasabatynyň seljerilişi seljeriliş edijilere edaranyň ösüşini öňünden kesgitlemäge, onuň durnuklylygyny, batymyň (krizisiň) möhüm sebäplerini anyklamaga we ony ýeňmekligiň mümkinçiliklerini we ätiýaçlyklaryny (rezerwleri) görmäge ýardam berýär.
Statistiki maglumat – köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen ýa-da gös-göni statistika edaralarynyň üsti bilen işlenip taýýarlanylan görnüşinde edara gowşup, bir tarapdan, edaranyň bäsdeşlik ýagdaýyny bahalandyrmak üçin, beýleki bir tarapdan, edaranyň işine daşky gurşaw şertleriniň täsirini ölçemek üçin ulanylýar. Statistikada ykdysady seljerilişde matematiki usullar bilen deň hatarda ulanylýan statistik barlaglarynyň usullary düýpli we jikme-jik işlenip taýýarlanylan.
Bilim pudagyny seljeriliş apparaty (enjamy) boýunça we öwrenilme predmeti boýunça ýakyn bolan ylmy derslere edaranyň ykdysadyýeti, maliýe, bank işini gurama we beýlekiler degişlidirler. Bilimleriň bu predmet pudaklary olaryň mazmuny emele getirýän anyk meseleleri çözmek üçin ykdysady seljerilişiň tutuş ummasyz seljeriliş edýän usullaryndan peýdalanýar. Ylmy dersleriň özara baglanşygy shema boýunça surat 2.3.1. görkezilen.
Ykdysady seljeriliş hasabat we statistik maglumatlaryny girişde ulanyp, onuň işlenip taýýarlanylmasyndan soň, çykyşda

netijeleri jemleýär we edarany dolandyrmak boýunça anyk maslahatlary berýär. Hojalyk iş ýagdaýynyň we diagnostikasynyň toplumlaýyn bahalandyrylmasy edaranyň durmuş sikliniň dürli döwürlerinde we edarany dolandyrmaklygyň dürli çäklerinde hususan hem, batymdan (krizisden) çykmagyň we maliýe ýagdaýyny gowulandyrmagyň maksatnamasynyň baş ýörelgesini işläp taýýarlamakda ulanylýar, innowasiýa we inwestirleme syýasatyna esaslanma bolup durýar.
Ylmy ders hökmünde ykdysady seljeriliş marketing barlag geçirmäniň ylmy enjamy (apparaty) bilen baýlaşdyryp, onuň bilen berk özara täsirde bolýar. Analitiki usullarynyň we tärleriniň ulanylmasy bilen bazaryň marketing seljerilişiniň netijeleriniň görnüşi üýtgedilip, assortimentiň nyrhyň baş ýörelgeleriniň we ýollarynyň önümi bazara çykarmaklygyň ýörelgeleriniň işlenip taýýarlanylmagynda ulanylýar. Beýleki tarapdan, daşky gurşawyň seljerilişi, bazaryň toplanma derejesiniň we edaranyň bäsdeşlik ýagdaýynyň bahalandyrylmagy ulanylýan gorlaryň giňeldilmegi ýa-da kemeldilmegi, ýagny, onuň önümçilik kuwwaty baradaky soragyň seredilmegine mümkinçilik berýär.
Şeýlelikde, ykdysady seljeriliş, beýleki ykdysadyýet dersleri bilen özara täsirde bolup, hojalygy alyp barýan şahslaryň bähbidi üçin tejribede ulanmak üçin ylmy bilimleri jemleýär.

Ykdysady seljerilişiň döwürleri we ösüş ugurlary.

Ykdysady seljeriliş ylym hökmünde ykdysady nazaryýetinden tejribe ähmiýetli ykdysady ylymlaryň bölünip aýrylmasy bilen we bazar gatnaşyklarynyň ösmegi bilen bir wagtda emele gelip başlady.

**Ylmy nazarýet üpjünçiligi.**




**Surat 2.3.1. Ykdysadyýet seljerilişiň beýleki ykdysadyýet ylymlary bilen özarabaglanyşygynyň shemasy (çyzgysy)**

Ykdysadyýet ösüşiniň kanuna laýyklary barada umumy nazarýet düşünjeleriniň, soňky wagtlarda bolsa tutuş ulgamlaryň bir görnüşi hökmünde ykdysadyýet ulgamlarynyň hem, ösdürilmegi ykdysadyýet seljeriliş nazarýetiniň döwürlere bölünmegi üçin uly ähmiýete eýe.

Birinji döwür. K.Walrasyň işlerinde has doly kesgitlenilen şertlendirilen deňagramlylyk pikirleriniň kämilleşdirilmegi bilen baglanyşykly.

Ikinji döwür ykdysadyýet ulgamy tarapyndan umumy deňagramlylygyň gazanylmagynyň mümkinçiliklerini (awtomatiki ýa-da daşary täsirler bilen baglanyşykly) göz öňüne tutýan, şeýle hem bölekleýin deňagramlylygyň şertlerini kesgitleýän deňeşdirme statistika nazarýeti bilen baglanyşykly. "Deňeşdirme statistiki seljeriliş ykdysadyýetçileriň üç nesliniň umumy deňagramlylyk çäginde ykdysady tertip (häsiýet) barada amal teoremalaryny çykarmaklyga synanyşyklarynyň netijesidir. Tutuş häzirki zaman mikroykdysady we makroykdysady teoriýa dürli usullaryň jemi tarapyndan umumy deňagramlylyk ulgamyna operasionallylygy (amallylygy) bermeklik hökmünde seredilip bilner: Marşallyň bölekleýin deňagramlylyk usullynda käbir üýtgeýän ululyklar, maglumat hasaplanylýandyklary üçin ýok edilýärler, girdejiniň keýnsian teoriýasynda (nazarýetinde) käbir üýtgeýän ululyklar beýlekiler bilen agregirlenme ýoly bilen ýok edilýärler; Leontýew seljerilişinde harçlanmalar-goýberme (çykarma) we işiň seljerilişinde üýtgeýän ululyklar arasyndaky özara gatnaşyk çyzykly ýakynlaşmanyň üsti bilen ýönekeýleşdirilýärler.

Üçünji döwür deňagramlylygyň has möhüm şerti ornuny tutmanyň çäkli kadalarynyň degişli bolan maddy nygmatlaryň bahalar gatnaşygyna deňlik hökmünde kesgitlenilen (düşündirilen), ykdysady obýektiň hereketleriniň has ýokarky derejä ýetirmeklige bagyşlanan nazarýetler bilen görkezilen (U.E.Džonson, Ý.Ý.Sluskiý, Dž.R.Hiks, R.Dž.Allen).

Dördünji döwür P.Samuelson tarapyndan seljeriliş ediji ykdysadyýete girizilen, laýyklyk esasynyň (ýörelgesiniň) açylyşy bilen bagly. Eger görkezilen ýörelge dogry bolsa, onda deňagramlylyk bilen deňeşdirme usulyny birnäçe ölçegleriň üýtgemeginiň netijelerini kesgitlemek üçin ýaramly hasap edip bolar. Diýeliň, prosessiň (hereketiň) berkligi görnetin, şonda ölçegleriň sähelçe üýtgemelerine alyp baryp bilerler. Hiç hili duýdansyz üýtgemeler bolup bilmez.
Ykdysady seljerilişiň ösüşiniň bäşinji, häzirki zaman döwri deňeşdirme hereket (dinamika) nazaryýetiniň (teoriýasynyň) ulanylmasy bilen häsiýetlenýär. Onuň tapawutly aýratynlygy – her bir ykdysady prosessinde wagta garaşsyz üýtgeýän ululyk hökmünde goralmagydyr.
Deňagramlylyk nazaryýetinde wagt aýrylandyr, sebäbi prosessleri (hereketleri) üýtgeýän ululyklar arasyndaky özara täsir gatnaşygy üýtgewsiz bolup galýan ýagdaýynda saklap bolýar diýip çaklanylýar. Belli bir derejede deňagramlylyk seljerilişini dinamiki seljerilişiň aýratyn ýagdaýy hökmünde hasap edip bolýar. Eýýäm XX ýüz ýyllygyň başynda A.A.Bagdanow deňagramlylygy krizisleriň (aýgytly pursatlaryň) aýratyn ýagdaýyna, ýagny onuň hereketi krizisini emele getirýändigini belläpdi. Çyzyksyz dinamiki ulgamlaryň seljerilişiniň häzirki zaman usulyýeti sinergetika diýip atlandyrylýan, täze ylmy ugra resmileşdirildi. Senergetikanyň köp netijeleri matematiki modelleme bilen gös-göni baglanyşykly. Onuň ösüşine uly goşant goşanlara A.A.Dorodnisyn, N.N.Moiseýew, A.A.Samarskiý we beýlekiler degişli.
Hut şu ugur boýunça geljekde ykdysadyýet seljerilişi ösdürerler. Ulgamlaryň ösüşiniň we hereketde bolmagynyň kanunlaryna esaslanyp, ykdysady seljerilişiň özünde geljekdäki seljerilişiň iki sany dürli ugurlaryny tapawutlandyryp bolýar. Onda ulgamlaryň ewolýusiýa taýdan kämilleşdirilmeginiň kemelýän netijeliliginiň kanuna laýyklykda, (grafiki S-görnüşli

egri çyzyk diýip atlandyrylýan görnüşde şöhlelendirilýär, surat 2.3.2.) ykdysady seljeriliş:

- Ekstrapolýasiýa usully we seljerilişiň adaty usullary ýeterlik derejede takyk ulanylýan, egri çyzyklaryň çyzykly meýdanlarynda bahalandyrylmany, diagnostikany (anyklamany) we çaklamany öz içine almaly;
- Seljerilýän häsiýetnamalar stasionar bolmaýan we böküş görnüşli üýtgemelere duçar bolýan büküm nokatlarynyň töwereginde we egri çyzyklaryň logiki meýdançalarynda edaranyň işiniň bahalandyrylmany, diagnostikany (anyklamany) we çaklamany öz içine almaly.
- Ykdysady dinamikanyň esasy teoremalary (kesgitlemeleri) öten asyryň 40-nji ýyllaryň ahyrynda R. Harrod tarapyndan beýan edilende, ony ykdysady seljerilişiň ösüşinde ikinji ugryň başy diýip hasap edip bolar.

Russiýada ykdysady seljerilişiň ösüşi kärhananyň gurply däldigini (tozmasyny) bahalandyrmaklyk talaby ýüze çykan wagty – XX ýüzýyllygyň başlaryna degişli. 1912-nji ýylda hasaplaşyk balansyň bahalandyrylmagy bilen baglanşykly analitik (seljeriliş) hasabatlarynyň birnäçesini göz öňünde tutýan, kärhanalaryň gurply däldigini bahalandyrýan konsepsiýalara seredilýän G.F. Şerşenewiçiň ajaýyp kitaby çykdy. 20-nji ýyllarda balans seljerilişiniň (analiziniň) usullary A.P.Rudanowskiniň, N.A.Blatowyň, P.N.Hudýakowyň, we beýlekileriň işlerinde kesgitlenildi. Ykdysady ösüş ýyllarynda balansyň seljerilişini etmek üçin bahalandyrylmagyna bolan talap gaýtadan ýüze çykdy we 1927-nji ýylda raýat iş ýörediş jem kanunyna tozma boýunça soraglary düzgünleşdirmeklik boýunça bölümler girizildi.




**Surat.2.3.2.Ulgamlaryň ösüşiniň 5-görnüşdäki egry çyzyklary.**

Tozma (bankrotlyk) bolup bilmejek, halk hojalygynyň meýilnamalaşdyrylyp borçlanmagy bilen hojalyk işiniň esasy zady gazanylan we meýilnama görkezijileriniň bahalandyrylmagyna we seljerilişmegine geldi. Önümçiligiň, önümleri ýerleşdirmegiň, önümiň özüne düşýän gymmatynyň, zähmetiň we zähmet hakynyň görkezijileri seljerildi.30-nji ýyllarda 40-nji ýyllaryň başlarynda kärhananyň hojalyk işiniň seljerilişi boýunça birinji kitaplar çap edilýärler. (D.P.Andrianowyň, M.J.Bakanowyň, M.F. Dýaçkowyň, N.Ý.Kolosowyň, S.K.Taturanyň we beýlekileriň işleri).

SSSR-iň döwlet banky tarapyndan ykdysady seljerilişiň emele gelmegi we ösüşi boýunça ähmiýetli iş geçirildi. 1936-1940 ýyl düzülme usulýetiniň ulanylýan maglumatlaryň çeşmeleriniň görkezilmegi bilen aýratyn görkezijileriň hasabyny çykarma tertibäniň gysgaça düşündirişleri bilen analitik tablisalar işlenip taýýarlanyldy we çap edildi,şondan bu analitik tablisallar resmi suratda kärhanalaryň we edaralaryň işiniň maliýe-hojalyk görkezijileri diýip atlandyrylyp başlandylar. Işlenilip taýýarlanylan görkezijiler kärhanalaryň hojalyk işiniň ýeke-täk usuly boýunça toplumlaýyn seljeriliş edilmesi üçin zerur bolan maglumatlary öz içine alýarlar.

Urşdan öňki döwürde SSSR-iň ykdysady seljerilişiň meseleleri boýunça 300 kitap diýen ýaly , žurnallarda we ylymy ýygyndylarda takmynan 600 makala çap edildi.

Gorlaryň ýiti ýetmezçiligi şertlerinde önümçilik göwrümlerini ösdürmeklik zerur bolan Beýik Watançylyk ýyllarda ykdysady seljeriliş boýunça işler ep-esli derejede ösdürildi. Bu ýyllaryň tejribesi, şeýle hem dürli çylşyrymly önümleri döretmeklik ykdysady seljeriliş boýunça işleriň esasy böleginiň tejribeleri konstruktorlar bilen bilelikde zawodyň tehnologiýalary, üpjinçilik bölüminiň işgärleri zähmet çeken taslama işleriniň döwrüne gabat gelýändigini görkezdi. Çyzgylaryň işlenilip taýýarlanylmagy bilen bir hatarda tehnologiki resminamalar taýýarlanylýardy, zerur bolan maddy gorlar bilen üpjin edilmeler amala aşyrylýardy. Esasy (baş) önümler öndürilende sehlerde konstruktorlar nobatçylyk edýärler. (Ý.M. Soblewiň, W.G.Garbininiň, S.P.Korolýowyň tejribeleri).

Urşdan soňky ýyllarda ykdysady seljerilişiň ösüşine gapma-garşylykly tendensiýalar (meýiller) hereket edýärler.

- Tutuş önümiň göwrüminiň görkezijileri we ondan ýasalanlaryň göwrüm görkezijileri boýunça kärhana işiniň ulanylýan bahalandyrylmagy, kärhananyň harçlanmalar ösüşine gyzyklanmasyny döredýär, harçlanma ykdysadyýet mehaniziminiň emele gelmegi sebäp boldy.
- Aýratyn kärhanalaryň we hojalyk işindäki bölümleriň arasynda hojalyk hasaplaşyk gatnaşyklarynyň ösüş ykdysady seljerilişiň ösüşini talap edýärdi.

Geçirilýän ykdysady özgertmeler (1965ý we 1979ý) ykdysady seljerilişiň ösüşine ýardam beren hojalyk hasaplaşyk meselelerine gyzyklanma birden üýtgedi.

XX- asyryň 70-nji ýyllaryň başlarynda ykdysady seljerilişiň nazaryýeti (teoriýasy) boýunça ilkinji kitaplar çap edildi. (M.J. Bakanow, A.D.Şeremet, J.J. Karakaz, N.B.Dembinskiý, S.B.Barngols we beýlekiler), bu bolsa şol wagta çenli toplanan

baý analitik materiallaryň nazariýet (teoriýa) taýdan düşünilmä bolan talaby görkezýärdi, günbatar ykdysadyýet pikirinden üzňelikdedigimiz bu kitaplara ulgamlaryň ösüş hereketiň (dinamykasynyň) hasaba alynmasyna degişli bolan materiallary goşmaklyga ýol bermedi, şeýle bolsada,rus alymlary N.D.Kondratýewiň, bir-näçe beýleki alymlaryň işlerinde berilen soraglaryň gyzykly işläp taýýarlamalary bardy.
90-njy ýyllarda bazar özgertmeleri başlandy, olar nyrhlaryň liberalçylygy bilen bir wagtda bolup geçdi. Bazar şertleri analitik işleriň ösüşine ýardam berer diýip çaklanylýardy, sebäbi olarsyz öndürilýän önümiň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjin etmek mümkin däldi. Ýöne bu ýagdaý häzire çenli bolmandy, sebäbi önümleriň we hyzmatlaryň köp görnüşleriniň öndürilmeginiň monopolizasiýasy şertlerinde edaralar hilini ýokarlandyrmazdan nyrhlaryň ösdürilmegi we ýerine ýetirilýän işleriň göwrümleriniň peseldilmegi ugry boýunça gitdiler.
Häzirki zaman şertlerinde ykdysady seljerilişiň meseleleri we wezipeleri üýtgedi. Öndürilýän önümleriň , harytlaryň we hyzmatlar bazarynda tutuş öz togsan bäsdeşlige ukyplylygyny üpjin etmek üçin indi ulgamlaryň ösüş hereketiniň (dinamikasynyň) endigan däldigi, bolup geçýän prosessleriň häsiýetleriniň ähtimallylygyny dolandyryş funksiýalaryny merkezleşmegini gowşatmak (üstinligi öňünden kesgitleýän çözgütler, esasan hem edaralaryň özi tarapyndan kabul edilýär). Hojalyk ösüşiniň tejribesi bütün ykdysadyýet ylymynyň öňünde, hususan hem ykdysady seljerilişiň öňünde dürli döwürlerde täze meseleleriň goýulandygyny, ozal goýulanlara düzedişleri girizilendigini görkezýär. Bu hereket elbetde gelejekde hem dowam eder.

## 2.4.Ykdysady seljerilişiň (analiziň) usuly, tärleri we görnüşleri.

Usul diýmekligiň giň manysy – hakykaty öwrenmekligiň ýollarydyr, tebigaty we jemgyýeti barlap seljermekligiň täridir.

Usulyň giň manysynda real hakykatyň öwrenilmesine çemeleşme usuly, tebigatyň we jemgyýetiň derňelmesiniň usuly düşünilýär. Maddy dünýäsiniň ösüşiniň umumy kanunlaryny ýüze çykarýan, öz häsiýeti boýunça ähliumumy bolýan usul-marksistik-dialektiki usuldyr. Öwrenilýän ýagdaýlaryň özara baglanyşygynda we özara şertleşiginde daýanýandygy, şonda ösüş hakykatyň obýektiw kanunlaryny şöhlelendirýän, gapma-garşylyklaryň göreşi hökmünde düşünilýändigi onuň esasy aýratynlyklaryny emele getirýär. Dürli ylymlara nähili hem bolsa bir obýektleriň, haýsy hem bolsa bir predmetleriň (zatlaryň) öwrenilmegine çemeleşmäniň mahsus bolan usullar ähli umumy dialektiki usulyna daýanýar. Dialektik usuly ähli umumy seljeriliş usuly bolup çykyş edýär. Bu usul birinjidenä ähli hadysalaryň özara baglanşyklykda we özara şertleşikde, ikinjiden ähli hadysalaryň hereketde, üýtgemede we ösüşde öwrenilýändigini aňladýar. Ykdysady seljeriliş usuly diýlende, hojalyk prosessleriniň emele gelmeginiň we ösüşiniň öwrenilmegine çemeleşmäniň dialektiki usuly düşünilýär. Ykdysady seljeriliş usulyna mahsus bolan aýratynlyklara: hojalyk işini hemme taraplaýyn häsiýetlendirýän görkezijiler ulgamyny ulanmaklyk, bu görkezijileriň üýtgemeginiň sebäplerini öwrenmeklik, olaryň arasyndaky özara baglanyşyklary ýüze çykarmaklyk we ölçemeklik degişlidir. Kesgitlemede, hojalyk prosesslerini öwrenmeklige çemeleşmäniň dialektikligi nygtalýar, sebäbi olaryň seljermesine başga çemeleşme bolmaýar. Hojalyk prosessler, olaryň tebigatyna görä, emele gelmeden we ösüşden emele gelýärler; togtadylan hojalyk prosessi eýýäm proses däldir (bu bolsa, bölek-bölek hadysalara ters gelmeýär). Bu doňan we analitik üçin hiç hili gyzyklanma döretmeýän zat. Hojalyk prosessine sandan hile geçişler, täze hilleriň emele gelmegi, inkär etmäni inkär etme, gapma-garşylyklaryň göreşi, könäniň ýok bolmagy we täzäniň, has öňde baryjynyň döremegi mahsusdygy düşnüklidir. Diýmek, materialistik – dialektikanyň ähli usullary we tärleri ähli köp basgançakly

derejelerde (kärhananyň we olaryň bölümleriniň hojalyk we beýleki birleşmelerinde, halk hojalygynda goşmaça pudaklarynda we degişli bolan pudaklarynda) hojalyk prosessleriniň (hereketleriniň) we hojalyk işleriniň derňelmeginde ulanylmalydyrlar, ulanylýarlaram.

Soňra kesgitlemede ykdysady seljeriliş usulyna mahsus bolan aýratynlyklar bellenilýärler. Bu, birinjiden, hojalyk hadysalarynyň we hereketleriň (prosessleriň) öwrenilmeginde görkezijiler ulgamynyň ulanylmagy. Bu ulgam, adatça, meýilnamalaşdyrmanyň barşynda, hut seljerilişiň gidişinde täze görkezijileriň hasaplanyp çykarylmagy mümkin bolýan, ykdysady maglumatlaryň ulgamynyň we ulgam böleginiň işlenip taýýarlamagynda emele gelýär.

Ikinjiden ykdysady seljeriliş usulynyň aýratynlygy-nähili hem bolsa bir hojalyk görkezijileriniň üýtgemegine alyp baran sebäpleriň öwrenilmegidir.

Ykdysady hadysalar sebäpli baglanyşyk we sebäpli baglylyk bilen şertlenendikleri üçin, seljerilişiň meselesi bu sebäpleri (ýagdaýlary) alyp görkezmekden we öwrenmekden ybarat bolýar. Kärhananyň hojalyk hereketine, hatda aýratyn alnan görkezijä hem, köp sanly we köp dürli sebäpler täsir edip bilerler. Ähli sebäpleriň hereketini ýüze çykarmak we öwrenmek örän kyn, üstesinede ol hemişe maksadalaýyk hem bolup duranok. Nähili hem bolsa bir görkezijä aýgytly täsir eden has möhüm sebäpleri ýüze çykarmaklyk zerur. Diýmek hakyky seljerilişiň başlangyç şerti-bu hojalyk hereketine we onuň önümçilik-maliýe netijelerine täsir edýän sebäpleriň ykdysady taýdan esaslanan klassifikasiýasydyr.Ykdysady seljeriliş usulyna mahsus bolan häsiýete önümçiligiň we haryt dolanyşygynyň obýektiw şertleri bilen kesgitlenilýän görkezijiler arasyndaky özara baglanşygyň we özara gatnaşygyň ýüze çykarylmagy we ölçenilmegi degişlidir. Ýasamalyk bilen olary dakyp (boýnuna dakyp) bolmaýar. Senagat önüminiň öndürijiliş göwrümi, mysal üçin, işçi güýjüniň zähmet serişdeleriniň, zähmet gurallarynyň

(zatlarynyň) ulanylmasy bilen baglanyşykly bolan üç sany şert toparyna baglydyr. Her bir topar düzüm elementlerine bölünýär. Mysal üçin, işçi güýjüni ulanmaklyk bilen bagly bolan şertler mukdar we hil diýen toparlara bölünýärler. Mukdar şertlerine işgärleriň sany hil şertlerine olaryň zähmetiniň hili (bir işçä düşýän öndürme) degişlidir. Bir ýylda bir işçä düşýän ortaça öndürme, öz gezeginde, bir ýylda bir işçi tarapyndan işlenilen günleriň ortaça sanyna, bir işçi tarapyndan bir günde işlenilen sagatlaryň ortaça sanyna, bir adam-sagadyň ortaça öndürmesine bagly bolýar. Sanalyp geçilen her bir görkeziji hem köp sebäplere bagly bolýar. Meselem, bir ýylda bir işçi tarapyndan işlenilen günleriň ortaça sany goşmaça rugsat berilmegine, ýarawsyzlyk sebäpli gelmezlige, işçi güýjüniň möwsümleýin oba hojalyk işlerine goýbermelere, iş saparlaryna, kärhana sebäpli uzyn gün işsiz durmaklyga, işe gelmezliklere we ş.m. bagly bolýar. Diýmek, bir görkezijiniň beýleki görkezijä bolan baglylygynyň kesgitli zynjyry emele gelýär, onda her bir şert öz ýerinde durýar we öz ähmiýetine eýe bolýar. Ykdysadyýetçi tarapyndan nähili hem bolsa bir şertiň ünsiz galdyrylmagy ýa-da käbir ýagdaýlarda hat-da şertleriň seredilmeginiň yzygiderliliginiň bozulmagy seljerilişi ykdysady taýdan esassyz edýär.

Senagat önümçiliginiň göwrümine täsir edýän ýokarda getirilen käbir şertleriň sanawy ykdysady düşünjeleri, hojalyk görkezijilerini üzňe, özbaşdak alyp bolmaýandygy barada aýdýar; olaryň hemmesi belli bir derejede biri-biri bilen baglanyşyklydyrlar. Ýöne bu ýagdaý ykdysady hasaplaşyklygyň gidişinde olaryň logiki taýdan aýratynlama mümkinçiligine we zerurlygyna ýol bermän durmaýar. Beýleki meňzeş (deň) bolan ýagdaýlarda, ýagny, galan şertler hemişelik hökmünde kabul edilende, berlen şertiň täsirini kesgitlemek has ýaýran usuly tär hasaplanýar.

Hojalyk hadysalaryň we prosessleri öwrenilende ykdysady seljeriliş dialektiki çemeleşmäni ulanylýar. Bu çemeleşme

obýektiň ýagdaýyny taýýarlaýan aýdyň mysallar we usullar sistemasynyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Barlanylma obýektine ulanylmada ykdysady seljeriş usuly birnäçe häsiýetli aýratynlyklar eýedir. Olaryň üç sanysyny tapawutlandyralyň:

- Kärhananyň hojalyk hereketiniň aýratyn taraplaryna san taýdan baha bermäge ýardam edýän ykdysady görkezijiler sistemasy seljerilýär;
- Görkezijiler sistemasy özara baglanşykda we özara şertleşikde öwrenilýär;
- Görkezijileriň jemine täsir edýän faktorlaryň san taýdan ölçegi edilýär.

Şeýlelikde, ykdysady seljerilişiň usulyndan peýdalanma birnäçe sany yzygiderlilikdäki işleri öz içine alýar:

- Bellenilen ugur boýunça seljerilýän obýekti suratlandyrýan görkezijiler sistemasynyň kesgitlenilmesini;
- Görkezijileriň biri-birine garaşlylygynyň anyklanylmasyny;
- Biri-birine garaşly bolan ýagdaýlaryň toparlaryny tapawutlandyrmak;
- Ýagdaýlar toparyna esasy we ikinji derejedäkileri tapawutlandyrmak;
- Görkezijiler arasynda özara baglanşygyň görnüşlerini tapawutlandyrmak;
- Özara baglanşygyň öwrenilmesi üçin usullaryň we ýollaryň saýlanylmasy .

Hojalyk prosesslerini öwrenmede ulanylýan täsiriň we ýollaryň jemi ykdysady seljerilişiň usullaryny emele getirýär. Seljerilişiň usulyýetleri öwrenilmäniň dürli etaplarynda öz aýratynlyklaryna eýe bolýar:

- maglumatlaryň başlangyç işläp taýýarlamada;
- barlanylýan, obýektiň ösüş ýagdaýynyň we kanunlarynyň öwrenilmesinde;
- kärhananyň hereketiniň netijelerine ýagdaýlaryň täsiriniň kesgitlenilmesi;

- önümçiligiň netijeliliginiň ösüş rezerwleriniň bahalandyrylmasy üçin;
- biznes meýilnamalary esaslandyrmaklyk üçin.

Hojalyk işleriniň seljerilişinde peýdalanylýan tehniki usullaryň we tärleriň köpüsi käbir häsiýetler boýunça tapawutlanýarlar :

- ylmy taýdan çemeleşme boýunça;
- görkezijileriň arasyndaky arabaglanyşygyň häsiýeti boýunça;
- ulanylýan enjamlaryň, gurallaryň çylşyrymlylygynyň derejesi boýunça;
- optimizasiýasy boýunça.

Ylmy taýdan çemeleşme usullaryň üç görnüşini tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär: umumy ykdysady, statistiki, matematiki.

Hojalyk hereketiniň seljerilişiň umumy ykdysady usullaryna aşakdakylar degişli: deňeşdirme, grafiki, balans baglaşylanma, zynjyr, çalyşma, arifmetiki tapawut, logarifmiki, integral we beýlekiler.

Statistiki usullary iki topara bölüp bolýar:

- Adaty bolan (ortaça we otnasitel ululyklaryň indeksli, dinamika hatarlarynyň işlenip taýýarlanylyşy);
- Matematiki – statistiki taýýarlanylmasy seljerilişiň regressiýa statistiki (korrelýasiýa, rugressiýa , dispresiýa , kwarasion , klaster ).

Umumy görnüşinde matematik usullary üç sany esasy toparlar görnüşinde berlen: ykdysady (matrisa usullary, önümçilik funksiýlaryň teoriýasy, pudak balans teoriýasy); ykdysady kibernetikanyň we optimal programmalaşdyrmanyň usullary (çyzykly programmalaşdyrma, dinamik programmalaşdyrma); operasiýalary barlama we kararlary kabul etme usullary (graflaryň teoriýasy, oýunlar teoriýasy, köpçülikleýin hyzmat etme teoriýasy).

Matematiki usullary adaty bolan we statistik usullary bilen deňeşdirende has giň analitik mümkinçiliklere eýedirler.

Ykdysady seljeriliş – bu ilki bilen sebäpleriň seljerilişi.
Ykdysady sebäpler seljerilişi diýlende kem-kem-den başlangyç ýagdaýlaryň (faktor) sistemasyndan soňky ýagdaý sistemasyna geçilmesi, netije-görkezijisiniň ölçege täsir edip san taýdan ölçenilýän göni ýagdaýlaryň (faktorlaryň) doly anyklanylmasy düşünilýär.
Özara baglanşygyň häsiýeti boýunça görkezijileriň arasynda determenirlenen we stohastik faktor seljerilişiniň usullary tapawutlandyrylýarlar.
Funksional – determenirlenen baglanyşyk – bu faktor alamatynyň her bir ähmiýetine netije alamatynyň tötänden bolmadyk belli bir ähmiýetiniň deň gelýän baglanşygy. Faktor alamatynyň her bir ähmiýetine netijeli alamatynyň köp sanly ähmiýetleri deň gelýän baglanyşyk (ýagny kesgitli statistiki bölüşdirilme) stohastik (mümkin bolan) baglanyşykdyr.
Peýdalanylýan enjamlaryň (instrumentariýleriň) çylşyrymlylygy boýunça analitik usullar elementar matematika we çylşyrymly matematika usullaryna bölünýärler.
Optimal alamatlary boýunça ähli ykdysady – matematiki usullar (meseleler) iki topara bölünýärler: optimizasion we optimizasion dällere. Eger derkalylygyň berlen kriteryesi boýunça çözülmäni (jogaby) gözlemeklige mümkinçilik döretse, onda bu usul optimizasion däl usullaryň toparyna degişli edýärler.
Sanalyp geçilen usullaryň köp dürlüligi barlagyň instrumentariýasynyň saýlanylmasynyň ägirt mümkinçilikleriniň analitikasyny emele getirýär. Sanalyp geçilen usullaryň ol ýa-da beýlekisiniň saýlanylmasy seljerilişiň maksady, seljerilişiň jikme-kik (çuň) öwrenilmesiniň derejesine bolan talaplary, netijeleriň takyklygy (mysal üçin, netije görkezijisiniň faktorlar boýunça “dargadylmasy”), görkezjiler arasyndaky özara baglayşygyň häsiýeti, analitiki meseleleriniň häsiýeti bilen kesgitleýär.
Saýlanylyp alnan usullara bagly bolmazdan islendik analitiki meseläniň çözülmesiniň algoritmi başlangyç, ilkinji

maglumatyň işlenip taýýarlanylmasynyň usuly hökmünde seredilýän, deňeşdirme, toparlama, balans baglanyşyk we grafiki ýollaryny öz içine alýar. Seljerilişiň ykdysady – matematik we statistik tärleri.

Ykdysady seljerilişiň gidişinde, ykdysady maglumatyň analitik taýdan işlenilmeginde ýörite usullardan we tärlerden ulanylýar. Olarda kesgitlemelere seredende, ykdydysady seljeriş usulyny aýratynlylygy şöhlelenýär, onuň ulgam häsiýeti görkezilýär. Ykdysady seljerişde ulgamlylyk hojalyk hereketleriniň (prosessleriniň) köp dürli, özara baglanyşykly tarapyndan we elementlerden düzülýän, içki çylşyrymly birlikler hökmünde seredilýändigi bilen şertlendirilýär.

Ulgam seljerilişiň gidişinde taraplar we elementler arasyndaky arabaglanyşyklar ýüze çykarylýar we öwrenilýär, nähili ýol bilen bu arabaglanyşyklar özara täsir netijesinde öwrenilýän hereketiň (prosessiň) tutuşlygynda umumylyga getirilýändigi anyklanylýar. Ykdysady seljerilişiň ulgamlylygy hususy üstünlikleri we biri-birine ýakyn ylymlaryň (matematika, statistika, hasaplaşyk hasabaty, meýilnamalaşdyrma, dolandyryş we ş.m.) üstünlikli esasynda ähli mahsus bolan (spesifik) usullaryň birleşmesinde ýüze çykýar. Bu ýer-de ykdysady seljerilişiň öz bolşuna görä ulgamlylygy hem ýüze çykýar. Sebäbi ol hojalyk prosessleriniň seljerilişindäki usullary we tärleri ulanýar.

Deňeşdirme usuly. Seljerişde has köp ulanylýan usul. Onuň esasy görnüşleri:

- hakyky hasabat maglumatlaryň meýilnama boýunýa maglumatlar bir deňeşdirilmegi. Deňeşdirilmäniň netijesi meýilnamanyň ýerine ýetirilmesiniň prosentiniň kesgitlenilmesi bolýar;
- ykdysady hadysanyň ösüşinde meýilleri, kanunlary ýüze çykarmak üçin hereketiň gidişindäki görkezijileri deňeşdirmek;

- pudak boýunça ortaça ähmiýetli seljerilýän kärhananyň görkezijilerini deňeşdirmek;
- öwrenilýän kärhananyň hereketiniň görkezijilerini bäsdeşleriň şoňa laýyk bolan görkezijileri bilen deňeşdirmek;
- barlanylan görkezijileriň özara baglanyşygyny öwrenmek üçin parallel bolan birnäçe hereketleriň gidişini deňeşdirmek;
- iň derkar çözgüdi saýlamak maksady bilen dürli dolandyryş kararlarynyň netijelerini deňeşdirmek;
- netijeliligini bahalandyrmak maksady bilen dolandyryş kararlarynyň kabul edilmezinden öň we soň hereketiň netijelerini deňeşdirmek

Ykdysady seljerilişde deňeşdirme seljerilişiň gorizantal (kese), wertikal (dik), trend, bir ölçegli we köp ölçegli görnüşleri tapawutlandyrylýarlar.

Gorizantal deňeşdirme seljerilişi barlanylýan görkezijileriň hakyky derejesiniň meýilnamalaşdyrylanlardan absolyut we otnasitel üýtgemelerini kesgitlemek üçin peýdalanylýar. Wertikal deňeşdirme seljerilişi ykdysady hadysalaryň we prosessleriň strukturasyny (gurluşyny) umumylykda bölekleriň udel agramynyň we udel agramlarynyň gatnaşygynyň hasaplanylmagy ýoly bilen öwrenilmede ulanylýar. Trend deňeşdirme seljerilişi bazis ýylynyň derejesine garanda birnäçe ýylyň dowamyndaky görkezijileriň ösüşiniň we köpelişiniň bady öwrenilende ýagny hereket edişiň görnüşleri öwrenilende ulanylýar.

Bir ölçegli deňeşdirme seljerilişinde bir görkeziji boýunça bir ýa-da bir näçe obýektleriň bir ýa-da birnäçe görkezijileri deňeşdirilýärler.

Köp ölçegli deňeşdirme seljerilişinde birnäçe görkeziji boýunça birnäçe kärhanalaryň hereketiniň netijeleri deňeşdirilýärler. Köp ölçegli deňeşdirme seljerilişi

kärhanalaryň jeminde her bir kärhananyň reýtingini kesgitlemek üçin ulanylýar.

Deňeşdirme seljerilişiniň hökmany şerti-bu deňeşdirilýän görkezijileriň deňeşdirilip bolýandygy. Deňeşdirilip bolunma aşakdakylara göz öňünde tutýar:

- möçber, nyrh, hil, gurluş görkezijileriniň birdigi;
- deňeşdirilme geçirilýän döwrüň birdigi;
- önümçilik şertleriniň deňeşdirilip bolunýandygy;
- görkezijileriň hasaplanylyş usulynyň deňeşdirilip bolanýandygy.

Deňeşdirilýän görnüşe göwrüm görkezijileriň, gurluş üýgeşmeleriniň, nyrh ýagdaýlarynyň, hil üýtgeşmeleriniň täsiriniň ýüze çykarylmasy üçin maglumatlaryň getirilmesi, faktor determinirlenen seljeriliş prosessinde amala aşyrylýar.

Toparlama. Ol hadysalaryň we prosessleriň, şeýle hem olary şertlendirýän sebäpleri we faktorlary belli bir klassifikasiýasyny göz öňünde tutýar.

Toparlama bolan talap: toparlanýan ykdysady hadysalaryň düýp manysynyň öňünden edilip seljerilişi esasynda toparlanmanyň has tapawutlanýan alamatynyň täsiri kesgitlenilýär. Toparlanma alamaty esasy bolmalydyr.

Bir alamat boýunça (ýönekeý toparlanma) we birnäçe alamatlar boýunça (utgaşdyrylan) gurulýan toparlama tablisasynyň düzülmesi toparlamanyň netijesi bolup çykyş edýär.

Balans usuly: Hojalyk hereketiniň seljerilişiniň hem esasy hem kömekçi ýoly hökmünde ulanylyp bilner. Esasy ýol hökmünde ol balans bilen baglylykda bolaýan görkezijileriň öwrenilmesinde peýdalanylýar

Kömekçi hökmünde balans usul jemlenen netije görkezijä ýagdaýlaryň (faktorlaryň) täsir etme hasaplaşyklaryň netijelerini barlamak üçin ulanylýar.

Eger netije görkezijä ýagdaýlaryň täsir etme jemi netijeli görkezijileriň esaslaryndan üýtgeşmelerine deň bolsa, bu hasaplaşyklar dogry geçirilendigini hasaba alynmasynyň doly

däldigini ýa-da hasaplaşyklarda ýalňyş goýberilendigini aňladýar.
Balans usuly ähli faktorlaryň täsiri belli bolan wagtynda, netije görkezijisiniň üýtgemesine aýratyn faktorlaryň täsir möçberiniň kesgitlenilmesi üçin peýdalanylýar. Eger

$$\Delta_y = \sum_{i-1}^{n} \Delta_y(x_i)$$

Şu ýerde : **y**-netijeli görkezijisi; **x**-faktorlar; $\Delta$**y(x$_i$)** faktoryň hasabyna netije görkezijisiniň üýtgemesi,
Şonda

$$\Delta y(xi) = \Delta y \sum_i \Delta y(x_{i-1})$$

Grafiki usul. Grafikler geometrik figuralaryň kömegi bilen görkezijileriň we olaryň baglylygynyň masştab şekillendirmeleridir. Grafiki usul seljerilişde özbaşdak manysyz bolup, hereketiň gidişini, gurluş ilerlemeleri ýa-da deňeşdirmäniň beýleki görnüşlerini şekillendirmeklik üçin ulanylýar.
Seredilip geçilen ýollar, esasan hem, faktor seljerilişinde ikinji derejedäki wezipäni ýerine ýetirýärler.

# 3-NJI BAP.KÄRHANALARYNYŇ ESASY TEHNIKI-YKDYSADY GÖRKEZIJILERINIŇ SELJERILIŞI

## 3.1.Kärhanalarynyň maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişiniň seljerilişi.

### 3.1.1Jaý gurujynyň (zastroýişik) hereketiniň ykdysady seljerilişi.

Gurluşyk senagatynyň we onuň seljeriliş edilme usullarynyň aýratynlyklary.

Ýurtda giň gurlşygyň giň maksatnamasy durmuşa geçirilýär. Maýa goýumlary esasy fondlaryň täzeleriň döredilmegine hereket edýänleriň bolsa dikeldilmegine we giňeldilmegine edilýän çykdajylary emele getirýärler. Olar esasy fondlaryň renowasiýasyna niýetlenen toplama gaznasynyň esasy bölegi we amortizasiýa tutumlarynyň bir bölegi hasabyna alnyp barylýar.

Ykdysady seljeriliş gurluşykda dogry hojalyk çözgütlerini kabul etmeklige şert döredýän, çylyşyrymly hojalyk prosesslerini hakyky bahalandyrma mümkinçilik berýär.

Ykdysady seljeriliş geçirilende jaý guryjynyň esasy fondlara we senagata degişli bolmadyk häsiýetli obýektlerine maýa goýumlarynyň amala aşyrylmagy boýunça hojalyk işiniň aýratynlyklaryny, şeýle hem potratçynyň gurluşyk we montaž işleriniň önümçiligi boýunça hojalyk işiniň aýratynlyklaryny hasaba almak zerur.

Jaý gurujy maýa goýumlaryny maliýeleşdirmeklige goýberilen serişdelere ýolbaşçylyk ediji bolýar. Ol titul ýazgylaryny hem ýagny gurulmaga degişli bolan sanawyna goşulan düýpli gurluşygyň çenlik (smeta) atlaryny düzýär.

Jaý gurujy (müşderi) gurluşygy öz wagtynda taslama çenlik (smeta) resminamalary,enjamlar, gurluşyk materiallarynyň aýratyn görnüşleri bilen üpjün edýär we gurluşyk montaž

önümçiligine ulgamlaýyn gözegçiligi we tehniki taýdan gözegçiligi amala aşyrýar, döwlet işçi toparlarynyň tassyklanylan delilnamalaryna laýykda ýerine ýetirilen işleriň we tamamlanan obýektleriň kabul etmeleriň töleglerini töleýär.
Senagat ministrliklerinde we hereket edýän kärhanalarda we birleşiklerde bu wezipeleri müdirlikler we düýpli gurluşyk bölümleri, täze gurluşyklar boýunça bolsa – gurulýan kärhanalaryň müdirlikleri (direksiýalary) ýerine ýetirýärler.
Jaý gurujynyň, potratçynyň we düýpli gurluşynyň hereketiniň seljerilişiniň umumy soraglary maýa goýumlarynyň ýerleşiş meýdany boýunça (zolagy, ýurdy we ş.m.), pudak boýunça ,wezipesi boýunça (önümçilik we önümçilik däl), ugurlar boýunça (täze obýektler we dikeldilýän hereketdäki obýektler), eýeçilik görnüşleri boýunça (döwlet, kooperatiw, daýhan birleşigi) we maliýeleşdirilme çeşmeleri boýunça (merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik maýa goýumlary) klassifikasiýasyndan (toparlara bölünmeginden) gelip çykýar.
Iri zolak (meýdan) boýunça gurluşyk birleşmeleriniň döredilmegi ähli ýerine ýetirijileriň işleriniň sazlaşygyny, oýlanyşykly ýöriteleşdirilmegini we önümçiligiň baýlaşdyrylmagyny, adam we maddy gorlardan başarnykly peýdalanylmagyny, tabşyrylan maksatnama gönükdirilen güýçleri amatly emele getirmekligi üpjün edýän öňde baryjy görnüşidir.
Gurluşykda hojalyk işini seljereňde gurluşygyň önümçilik önümleriniň aýratynlyklaryny dolurak hasaba almak zerur. Oňa ýerine ýetirilen gurluşyk-montaž işleri, döwürleri ýa-da gurluşyk obýektleriniň nobatlary we belli bir maksatda ulanmak üçin niýetlenen tamamlanan obýektler degişlidirler. Tamamlanan gurluşyk obýekti aýratyn taslamasy we çenligi (smeta) düzülen we tassyklanan binany, desgany ýa-da senagat-hojalyk toplumyny (zawody, fabrigi, elektrostansiýany) emele getirýär. Ulanmada niýetlenen maksady boýunça peýdalanyp bilinjek we taslamada hem

çenlikde (smetada) gurluşyk üçin bellenilen tertipde bölünip aýrylan obýekt bölege nobat ýa-da tapgyr diýip atlandyrylýar.
Gurluşyk hojalyk hereketi ep-esli derejede gurluşyk önümçiliginiň tehnologiýasy we döwrüň dowamlylygy bilen, oňa dag-geologik, geografik we howa şertleriniň hem-de obýektiň gurluşyk wagtynyň täsiri bilen, şeýle hem ýöriteleşdirilen kömekçi potratçylary, üpçin ediji guramalary, taslama we beýleki edaralary hökmünde çykyş edýän, bilelikde ýerine ýetirijileriň işini sazlamak üçin torly (setli) meýilnamanyň we dolandyryşyň öňde baryjy usullarynyň ulanylmagy bilen kesgitlenilýär.
Tassyklanylan taslama – çenlik (smeta) resminamalarynyň barlagyny jaý gurujynyň mailiýe bilen üpjün edýän edara berýän kepilnama esasynda barlap bolýar.Gurluşyklaryň hojalyk işini derňemek üçin maýa goýumlary boýunça balans ýa-da esasy işiň balansyna goşmaçalar ulanylýar.
Kuwwatlaryň obýektleriň, esasy fondlaryň herekete girizilmeginiň meýilnamalarynyň we maýa goýumlar meýilnamalarynyň ýerine ýetirilmesiniň seljerilişi merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik maýa goýumlary boýunça aýry-aýry amala aşyrylýar. Mundan başga-da, gurluşyklaryň hojalyk işleriniň seljerilişinde, düýpli gurluşyklaryň meýilnamalary maýa goýumlaryny maliýeleşdirilmeginiň meýilnamalary, titul we gurluşyk içindäki titul ýazgylary, potrat şertnamalary, obýektleriň ulanylma, kabul etme delilnamalary, ýerine ýetirilen işleri kabul etme delilnamalary, obýektleriň we tapgyrlaryň tamamlanmadyk gurluşygy boýunça ýerine ýetirilen işleriň gymmaty barada kepilnamalar, ilkinji hasabatlaryň maglumatlary we hasabat belgileri, düýpli gurluşyk boýunça kada – düzgün materiallary ulanylýar.
Potratçy gurluşyk-montaž guramalaryň hojalyk hereketiniň seljerilişi prossesinde hasabatlylygyň esasy görnüşleri ulanylýar. Gurluşyk önümçiliginiň meýilnamalary, tehniki ösüşiň meýilnamalary, potrat şertnamalary, gurluşyk maliýe

meýilnamalary, iş önümçilik taslamalary, ýerine ýetirilen işleriň kabul edilme delilnamalary, barlag geçirilmeleriň delilnamalary we hasapdan daşary häsiýetdäki materiallar hem ulanylýar.
Toplumlaýyn seljeriliş geçirilende kesgitleýji görkezijileriň ýerine ýetirilmegine, gurluşyk önümleriniň hiliniň ýokarlandyrylmagyna we gurluşyk önümçiliginiň netijeliliginiň ösdürilmegine gönükdirilen hojalyk içindäki ätiýaçlyklaryň ýüze çykarylmagyna uly üns berilýär.

### 3.1.2.Gurluşyk obýektleri herekete girizilmeginiň meýilnamasynyň, maýa goýumlarynyň we olaryň netijeliliginiň meýilnamasynyň seljerilişi.

Kuwwatlaryň, aýratyn obýektleriň we desgalaryň herekete girizilmegi wajyp kesgitleýji görkeziji bolup çykyş edýär. Kuwwatlaryň öz wagtynda girizilmegi boýunça düýpli gurluşyk meýilnamasynyň ýerine ýetirilmegini bahalandyrýarlar.
Ulanylma girizilýän obýektleriň natural ölçegi – bu olaryň kuwwatydyr, pul ölçegi bolsa – olaryň smetada nazara tutulan gymmatydyr.
Önümçilik kuwwatlarynyň we gurluşyk obýektleriniň maýa goýumlar meýilnamasynyň herekete girizilmeginiň we esasy fondlaryň herekete girizilmeginiň meýilnamalarynyň ýerine ýetirilmeginiň seljerilişinde tablisa usulyndan peýdalanylýar.
Her bir jaý gurujy üçin girizilme görkezijileri, natural we pul ölçeg birlikleri, meýilnama we hasabat maglumatlary, meýilnamadan gyşarmalar we onuň ýerine ýetirilişiniň göterimi görkezilýän analitik tablisalar işlenip taýýarlanylýar. Tablissalar merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik maýa goýumlary boýunça aýratyn düzülýärler.
Seljeriliş prosessinde meýilnama tarapyndan tassyklanylan obýektleriň ählisi ulanylma girizilendigi, haýsy obýektler wagtyndan öň, wagtynda we möhletiniň geçirilmegi bilen

tabşyrylandygy kesgitlenilýär; aýratyn önümçilik hojalyk toplumlarynyň, kuwwatlaryň, obýektleriň we esasy fondlaryň herekete girizilmegi boýunça gijä galdyrylmagynyň sebäpleri, şeýle hem, meýilnamadan daşary girizilen we giriziş delilnamalary bilen resmileşdirilmedik obýektleriň bardygy anyklanylýar; hakyky girizilen önümçilik kuwwatlarynyň olaryň meýilnama we taslama ölçeglerine laýykdygy barlanylýar. Taslama öndürijiligine obýektleriň çykarylma derejesine aýratyn üns berilýär.

Kuwwatlaryň, obýektleriň we esasy fondlaryň girizilme meýilnamasynyň ýerine ýetirilmegi bahalandyrylanda önümçiliginiň mehanizimleşdirilmegine we öndürilmeginiň artdyrylmagy, tehnologik prosessleriň kämilleşdirilmegi; enjamlaryň modernizirlenmegi we beýleki guramaçylyk – tehniki çäreleriň hasabyna hereket edýän kärhanalar we önümçilik birleşmelerinde önümçilik kuwwatlarynyň ösüşi meýilnamada hakyky ýerine ýetirilenlere degişli edilmeýändigini hasaba almak hökmanydyr. Bu hili kuwwatlyklaryň ösüşi aýratyn meýilnamalaşdyrylýar we hasaba alynýar hem-de senagat bilen baglanyşykly hereket boýunça hasabatlarda şöhlelenýär. Bu ýer-de hasabat döwrüniň meýilnamasynda herekete girizilmegi göz öňüne tutulmadyk, tabşyrylmaly we möhüm obýektleriň gurluşygy boýunça dowam edilmeli maýa goýumlar hem seljerilýär.

Göni gurluşyk ýer-de seljeriliş geçirilende, işleriň maglumatlary, şeýle hem ilkinji hasabat maglumatlary ulanylýar. Şolar esasynda gurluşygyň hakyky dowamlylygynyň we obýektleriň ulanylma girizilmeginiň möhletleriniň meýilnama we kada boýunça möhletler bilen deňeşdirme seljerilişi geçirilýär. Meýilnama möhleti tassyklanylan titul ýazgysy bilen, kada (normatiw) möhlet bolsa bir nusgaly obýektleriň gurluşyk dowamlylygynyň hereket edýän normalary bilen kesgitlenilýär. Obýekt gurluşygynyň hakyky dowamlylygy gurluşyk montaž edaranyň hasaplaşyk hasabatynyň maglumatlary boýunça degişli bolan obýekte

çykdaýjylaryň degişli edilmegi pursadyndan obýekti ulanylma girizilme delilnamasynyň tassyklanylmasy döwrüne çenli hasaplanylýar.
Ilki obýektlerde gurluşyk önümçiliginiň hilli häsiýetnamasyny, möhüm tabşyrylmaly obýektlerinde gorlaryň toplanmasyny, jaý gurujynyň, potratçynyň we beýleki ýakyn bolan edaralaryň işiniň gabat gelmegini anyklamak maksady bilen, obýektiň aýratyn bölekleriniň, agregatlaryň, esasy we goşmaça iş toparlarynyň delilnamalaryny öwrenmek zerur.
Esasy fondlary herekete girizme meýilnamasynyň ýerine ýetirilmesi boýunça jaý gurujynyň hojalyk işiniň seljerilişi degişli bolan kärhanalaryň we edaralaryň esasy fondlaryna goýulýan inwentar gymmaty boýunça däl-de, smeta (çenlik) gymmaty boýunça amala aşyrylýar. Herekete girizilen esasy fondlaryň seljerilişi nyrh we natural (önüm) aňladylmasynda amala aşyrylýar. Bu smeta gymmaty we natural ölçeg boýunça tamamlanan obýektleri ulanylma girizilme meýilnamasynyň ýerine ýetirilmeginiň görkezijilerindäki gyşarmalary öz wagtynda ýüze çykarmaklyga mümkinçlik döredýär. Iş tejribesinde bu hilli gyşarmalaryň sebäpleri smetada görkezilmedik iş çyzgylary we taslamadaky anyklaýjy düzedişler bilen, ulanylma tabşyrylan obýektleriň gutarylman galan işleri bilen işleriň alnyp barylmagynyň kesgitlenilen göwrümlerinden, tehnologiýalaryndan çykmalar, taslma-smeta resminalarynyň ýaramaz hilli taýýarlanylmagy bilen baglanyşykly. Seljerilişiň gidişine ýüze çykarylan gyşarmalary aýyrmaklygyň we düýpli gurluşygyň gurulmagynyň kämilleşdirilmeginiň ýolary bellenilýär.
Obýektleri herekete girizme boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirilişiniň selrilişi maýa goýumlar boýunça meýilnamalarynyň ýerine ýetirlişiniň görkezijileri bilen deňeşdirilmesi arkaly amala aşyrylýar.
Düýpli gurluşyk boýunça meýilnama tarapyndan bellenilen tabşyryklardan gyşarmalaryň sebäpleriniň kesgitlenilmeginde we seredilmeginde tamalanan obýektleriň herekete

girizilmeginiň berlen delilnamalary, gurluşygyň taslama – smeta resminamalary, enjamlar maýa bilen üpjün edilişi seljerilýär. Taslama-smeta resminamalary öz wagtynda däl we doly däl göwrümde gowşan obýektler, onuň taýýarlanylmagyny saklaýan taslama edaralary anyklanylýar. Tamamlanan gurluşyk obýektleriniň ulanylma kabul edilmeginiň hereket edýän tertibiniň berjaý edilmegine aýratyn üns berilýär.

Käbir kemçilikler bilen obýektleri herekete girizilme delilnamalary esasynda gurluşyk (jaý gurujynyň) işindäki ýalňyşlyklar kesgitlenilýär. Obýektleri herekete girizme möhletleriniň berjaý edilmezliginde we aýratyn obýektler boýunça kemçilikleriň ýüze çykarylmagynda ykdysady ýitgilerini hasaplap çykarmaklyk maksada laýyk bolýar. Olaryň ululygy kemçilikleri aýyrmaklyga goşmaça çykdaýjylaryň jemi we kuwwatlyklaryň we esasy fondlaryň ulanylma girizilmegi boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirilmedik bölegi netijesinde hem öndürilen önümiň sany bilen kesgitlenilip bilner.

Önümçilik kuwwatlyklarynyň ulanylma wagtyndan öň girizilmeginde gurluşyk möhletleriniň we goşmaça önüm öndürme hasabyna ykdysady netijelilik kesgitlenilýär, onuň berkidilmegi beýleki gurluşyklarda ýaýradylmagy maksady bilen işiň peýdaly tejribesi öwrenilýär.

Önümçilik – hojalyk toplumynyň ulanylma möhletinden öň girizilmeginiň ykdysady netijeliligi aşakdaky görkezilen formula boýunça kesgitlenilýär :

$$\mathbf{Ö = G\ (M_n - M_h)}$$

Şu ýerde : **G**-taslama boýunça önümiň ýyllyk göwrüminden gazanç, manat.

**$M_n$**-gurluşygyň ýyllardaky aýlardaky normatiw möhleti;

**$M_h$**-gurluşygyň ýyllardaky, aýlardaky hakyky möhleti.

Maýa goýumlarynyň we esasy fondlaryň ulanylma girizilme meýilnamasynyň ýerine ýetirilme derejesi tamamlanmadyk

gurluşyk göwrüminiň üýtgemesine gös-göni täsir edýär. Ol seljerilişiň gidişinde şeýle tertipde kesgitlenilip bilner. Döwrüň başyna tamamlanmadyk gurluşygyň göwrümine hasabat döwrüniň maýa goýumlarynyň ýerine ýetirilen göwrümi goşulýar we herekete girizilen esasy fondlaryň gymmaty aýrylýar.

Tamamlanmadyk gurluşygyň seljeriliş edilmesine bütinleý bes edilen, wagtlaýynça togtadylan we duruzylan obýektlere aýratyn üns berilmelidir.

Tamamlanmadyk gurluşygyň düzümini seljeriliş bilen, hakyky göwrüminiň meýilnama göwrüminden gyşarmasynyň anyk sebäplerini kesgitleýärler (obýektleriň has köp sany boýunça maýa goýumlarynyň pytradylmagy, gurluşygyň taslama – smeta resminamalary has hem, iş bilen baglanyşykly çyzgylar bilen öz wagtynda üpjün edilmedigi, gurluşygy materiallar we enjamlar bilen öz wagtynda däl we doly toplanmadyk ýagdaýda üpjünçiligi, tabşyrylmaly obýektlere pes derejede gorlaryň jemlenmegi, gutarylman galan işler zerarly tamamlanan obýektleriň öz wagtynda resmileşdirilmedigi we beýlekiler hasabyna) we normatiwden artykmaç öndürilen önüm üpjünçiliginde esasy fondlary herekete girizmäni ýokarlanma hasabyna onuň peseldilmesiniň mümkinçliklerini ýüze çykarýarlar.

Maýa goýumlarynyň seljeriliş edilmeginiň möhüm bölümi – olaryň ykdysady netijeliligini ýokarlandyrmagyň ätiýaçlyklaryny ýüze çykarmaklykdyr. Şonda dowamlylygy we onuň bina edilmeginiň gymmaty, önüm öndürmeklik usulynyň, onuň hiliniň, özüne düşýän gymmatynyň maýa goýumlarynyň we önümçilik fondlaryň harajaty ödeýjilik möhletleriniň kämilligi nukdaýnazaryndan anyk obýektiň önümçilik toplumynyň gurluşygynyň iň amatly wariantyny saýlap almaklyk esasy maksat bolup durýar.

Ulanylma girizilen obýektler deňeşdirilende, bir nusgasy taslamalar we maýa goýumlary (umumy we udel), gurluşygynyň dowamlylygy; harçlanmalaryň dürli wagtlylygy;

önümiň ýyllyk öndürijiliginiň we birliginiň gymmaty we özüne düşýän gymmaty; maýa goýumlaryň harajaty ödeýjilik möhleti (ykdysady netijelilik koeffiseýenti) esasy görkezijiler bolup durýarlar.
Seljeriliş dowamynda kömegi bilen täze obýektiň, önümçilik-hojalyk toplumynyň gurluşyna maýa goýumlarynyň netijeliligi kesgitlenilýän, görkezijiler ulgamy ulanylýar.
Maýa goýumlarynyň ykdysady netijeliliginiň möhüm görkezijisi bu – olaryň harajaty ödeýjilik möhletidir , ol bolsa aşakadaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$\mathbf{M} = \frac{\mathbf{B}^{\mathbf{top}}}{\mathbf{B}^{\mathbf{lom}} - \mathbf{H}}$$

Şu ýerde : **M**-maýa goýumlarynyň harajaty ödeýjilik möhleti, ýyllarda;
$\mathbf{B}^{\mathbf{top}}$-obýektiň, önümçilik toplumynyň, beýleki maýa çykdaýjylarynyň gymmaty;
$\mathbf{B}^{\mathbf{lom}}$-kärhananyň lomaý nyrhlarynda önümiň ýyllyk öndürijiliginiň doly özüne düşýän gymmaty.
**H**-önümiň ýyllyk öndürilmeginiň doly özüne düşýän gymmaty.
Ýokarda getirilen görkezijiniň ters ululygy maýa goýumlarynyň netijelilik koeffisiýentini emele getirýär we aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$\mathbf{K}_{\mathbf{net}} = \frac{\mathbf{B}^{\mathbf{lom}} - \mathbf{H}}{\mathbf{B}^{\mathbf{top}}}$$

Şu ýer-de: $\mathbf{K}_{\mathbf{net}}$-maýa goýumlarynyň netijelik koeffisiýenti.
Nazarýet hem, tejribe hem kärhanalaryň we önümçilik birleşmeleriň hereket edýän hasabat ulgamy we hojalyk hasaplaşyk hereketi bilen göni baglanyşykda bolýan görkezijileriň kömegi bilen maýa goýumlarynyň netijeliligini

kesgitlemeklige bolan talaplary has tutanýerlilik bilen öňe sürýärler.

Bu maýa goýumlarynyň netijeliginiň seljerilişini amala aşyrmakda ulanylma girizilen önümçilik toplumyndan ozal we soň her ýyl alynýan gazanç ululygyny hasaba almaklygyň zerurlygyny öňünden kesgitleýär. Şonda obýektiň gurluşyk döwrüniň kemelmeginden ýa-da köpelmeginden ykdysady netijelilik hasaplanylýar.

Seljeriliş prosessinde düýpli gurluşygynyň hakyky görkezijilerini taslama, meýilnama we normatiw maglumatlar, şeýle hem meňzeş bolan gurluşyklaryň görkezijileri bilen deňeşdirýärler.

Maýa goýumlarynyň netijeligini ýokarlandyrmagyň ýüze çykarylan ätiýaçlyklaryň bahalandyrylmagynda kuwwatyň, önümiň birligine udel maýa goýumlary; maýa goýumlarynyň umumy jeminde enjamlara harçlanmalaryň udel agramy; renowasiýa goýberilýän amortizasiýanyň udel agramy; esasy fonduň önüm berşi we ş.m. Şonda seljerilişiň netijeliligi obýektleriň we önümçilik-hojalyk toplumlarynyň bina edilmeginiň we ulanylmagynyň tehniki-ykdysady aýratynlyklarynyň doly hasaba alnandygyna görä kesgitlenilýär.

### 3.1.3. Gurluşygyň taslama – smeta resminamalary bilen üpjünçiliginiň seljerilişi.

Halk hojalygynyň pudaklarynyň deň ölçegli meýilnama laýyk ösüş şertlerinde smeta resminamalary diňe taslama inžener çözgütlerini däl-de, tehniki, zähmet we maddy gorlara bolan mätäçlik (talap) kesgitlenilýän, önümçilik işleriň usullaryny hem şöhlelendirýär. Smeta resminamalary maýa goýumlarynyň we gurluşyk-montaž işler göwrüminiň meýilnamalaşdyrylmagynyň esasy bolup durýar.

Hökümetiň düýpli gurluşygyň gowulandyrylmagy, ylmy-tehniki ösüşiň we işleri we dolandyrmany guramaklygyň ösen usullarynyň çaltlaşdyrylmagy boýunça kararlar taslama smeta resminamalarynda şöhlelenýär. Smetalar gurluşyk – montaž edaralaryň hojalyk işiniň hasaba alynmagy, hasaplaşyk we seljerilmegi üçin esas bolup durýarlar. Obýektleriň we önümçilik – hojalyk toplumlarynyň gurluşygyna bellenilen tertipde resmileşdirilen we tassyklanylan taslama-smeta resminamalary uzak möhletli kredit bankyna düýpli gurluşygy maliýe bilen üpjün etmeklige hukuk berýär,. Obýektler boýunça ýerli smetalar bolsa, jaý gurujynyň we potratçynyň işiniň seljerilişini we gözegçiligini amala aşyrmaklyk üçin şertler döredýärler.

Iş öndürijisi gurluşygy başlamazdan ozal iş önümçiliginiň anyk göwrümleri we usullary görkezilen iş bilen baglanyşykly çyzgylary we smetalary öwrenýär.

Jemleýji smeta birnäçe ýyllaryň dowamynda üýtgemän galýan gurluşyk önümçiliginiň tamamlanan önüminiň gymmatyny (bahasyny) kesgitleýär. Durnukly smeta nyrhlary wagtyň uzak möhletine hereket edip, maýa goýumlarynyň meýilnamalaşdyrylmagynyň gowulandyrylmagynyň, şeýle hem olaryň netijeliligini doly aýan etmeklige ýardam berýärler we gurluşyklaryň we gurluşyk –montaž edaralaryň hojalyk hereketiniň seljerilişini geçirmek üçin wagt aralygynda seljerişdirerlik şertlerini döredýärler.

Gurluşygyň taslama-smeta resminamalary bilen üpjünçiliginiň seljerilişinde smeta resminamalarynyň görnüşleri taslamanyň dürli döwürlerinde – taslama ýumşy iş taslamasy – meňzeş bolýar, ýöne olaryň düzülme teribi dürli – dürlidir.

Taslama ýumuşy döwüründe bir nusgaly jaýlaryň we desgalaryň gurluşynyň gymmaty olara bellenilen tertipde baha sanaw nyrhlary tassyklanylan – degişli bolan baha sanaw nyrhlara laýyklykda hasaplanylýar, olar ýok bolan ýagdaýynda – berlen gurluşygyň ýerli şertlerini hasaba alýan zerur

düzedişleri smetalara girizmek bilen degişli bolan bir nusgaly taslamalaryň smetalary boýunça hasaplanylýar.
Bir nusgaly bolmadyk jaýlaryň we desgalaryň gymmatyny meňzeş edilip gaýatadan ulanylýan ykdysady taslamalaryň gymmaty boýunça ýa-da ulaldylan smeta kadaly möçberler boýunça kesgittleýärler.
Ulaldylan görkezijiler ýok bolan ýagdaýynda enjamlaryň gymmatyny bir nusgaly ýa-da meňzeş obýektleriň gaýtadan ulanylýan taslamalarynyň smetalary boýunça kesgitleýärler. Eger şunuň ýaly smetalara ýok bolsa enjamyň soňky düşýän nyrhyndan göterimde ulagyň we taýýarlaýyş – ammar çykdaýjylarynyň hasaba alynmagy bilen senagatyň lomaý nyrhlary boýunça kesgitlenýär. Aýratyn ýagdaýlarda ulag we taýýarlaýyş ammar çykdaýjylary enjamyň 1tonna agramy boýunça kesgitlenilýär.
Sengat gurluşygyna jemleýji smeta – maliýe hasaplaşygyny jaýa, gurluşa we umumy meýdan işleriniň dürli görnüşlerine, şeýle hem harçlanmalaryň aýratyn görnüşlerine hasaplaşyklar esasynda düzülýärler. Ol takmynan şeýle bölümlere eýe:

1. Gurluşyk meýdanyny taýýarlamak;
2. Esasy önümçilik maksatly obýektler;
3. Goşmaça önümçilik we hyzmat ediş maksatly obýektler;
4. Energetik hojalyk obýektleri;
5. Ulag hojalygynyň we aragatnaşygyň obýektleri;
6. Suw üpjünçiliginiň, ýerlemegiň ýylylyk üpjünçiliginiň, gazüpjünçiliginiň we ş.m. daşary setleri we desgalary;
7. Senagat meýdançasynyň hemme zadyny ýerbe – ýer etme;
8. Wagtlaýynça jaýlar we desgalar;
9. Beýleki işler we harçlanmalar;
10. Gurulýan kärhanalaryň direksiýasynyň mazmuny;
11. Ulanma boýunça işgärleri taýýarlama;
12. Taslama we barlag işler.

Jemleýji smeta-maliýe hasaplaşygyň soňunda smeta gymmatynyň jeminden 1.5-den 3% çenli ululykda göz öňüne

tutulmadyk çykdaýjylara we harçlanmalara ätiýaçlandyrylýan jem aýratyn setirde görkezilýär.
Taslama – smeta resminamalaryň dolulygyny seljerilişdermek bilen, aýratyn obýektleriň we desgalaryň gurluşygynyň smeta-maliýe hasaplaşyklary bilen kesgitlenilen smeta gymmatyny anyklamak üçin, şeýle hem ýerine ýetirilen gurluşyk – montaž işleriniň hasabatlaryny alyp barmak üçin, iş çyzgylaryna smetallaryň düzülýändigini hasaba almalydyr. Munuň ýaly smetalar taslama tarapyndan göz öňüne tutulan jaýlara, desgalara we umumy meýdany iş görnüşlerine resminamalaşdyrylýar. Gurluşyk hereketiniň gidişinde göwrümleri, häsiýeti we ýerine ýetirliş usullary anyklanylýanlar – synag edilýän gurluşygyň jaýlary, desgalary, dikeldilýän jaýlar we desgalar, seýrek duş gelýän enjamlaryň astyna binalar (fundament), burawlama we dag-magdan gazuw işleri we beýlekiler kadadan çykmalara degişlidirler.
Iş çyzgylary boýunça smetalar düzülmeýän gurluşlaryň we umumy meýdan işler görnüşleriniň sanawy gurluşygyň taslama tabşyrygyny tassyklan edara tarapyndan kesgitlenilýär.
Taslama-smeta resminalaryň seljerilişi onuň doly derejede bar bolan bir nusgadaky taslamalary, meňzeş gurluşlary (konstruksiýalary), bloklary we böleklerini şöhlelendirmelidigini bilmek zerur.
Gurluşygyň taslama-smeta resminamalary bilen üpjünçiligiň seljerilişi prosessinde gurluşygyň her bir obýekt boýunça gurluşyk-montaž işleriniň nähili göwrümine iş çyzgylarynyň ýetmezçilik edýändigini, jaýyň desganyň haýsy kostruktiw elementleriniň iş çyzgylary bilen üpjün edilmedigini, taslama resminamalaryny taýýarlamaklyga taslama edaralary bilen şertnamanyň nähili ýerine ýetirilýändigini, nähili sebäplere görä resminamalaryň işlenip taýýarlanylmagynyň saklanýandygyny, gurluşygu iş çyzgylary we smetalary bilen doly üpjün etmek boýunça jaý gurujy tarapyndan nähili hakyky çäreleriň görlendigini anyklaýarlar. Taslama-smeta resminalaryň gowuşmasynyň saklanylmagynyň ýüze çykarylan

ýagdaýlary boýunça gurluşyk maksatnamsynyň ýerine ýetirilmesine onuň edýän täsiri kesgitlenilýär. Bu ýer-de taslama-smeta resminamalaryň bellenilen tertipde tassyklanandygy hem seljerilýän muňa has hem hususy gurluşlar boýunça gurluşykda üns berýärler.

Seljerilişde gurluşygyň jaý gurujy tarapyndan sargalan enjamlaryň we materiallaryň toplumlaýyn üpjün edilmegine uly üns berilýär. Demir-önüm (metallurgiýa), himiýa, nebiti gaýtadan işleme, gaz, nebit senagatynyň kärhanalarynda montaž işleriniň göwrümi ähli gurluşyk – montaž işleriniň ýarysyndan gowragyny emele getirýär. Enjamlaryň öz wagtyndaky toplumlaýyn üpjünçiligi we onuň montažy köp ýagdaýlarda önümçilik kuwwatlarynyň herekete girizilme meýilnamasynyň ýerine ýetirilmeginiň üpjün edilmeginiň möhüm bolýar.

Enjamlaryň öz wagtynda we toplumda üpjün edilmegini seljeriliş bilen, gurluşygy maliýeleşdirme Düzgünleri tarapyndan gurulýan obýektleri tehnologik enjamlary we materiallaryň birnäçe görnüşleri bilen, şeýle hem kabul önümleri, reňkli metallar, käbir arassaçylyk – tehniki önümler bilen üpjün edilmegi, jaý gurujy tabşyrylýandygyny hasaba almak hökmandyr.

Seljerilişde gurluşygyň toplumy enjamlary bilen üpjün edilme derejesiniň gurluşygyň we montažyň çyzgytlaryna laýykdygyny, üpjün edijiler bilen şertnamalaryň ýerine ýetirilme derejsine anyklamak gerek. Bu maksatlarda tehniki resminamalar we gurluşygyň başlangyç hasabatlarynyň maglumatlary ulaşygyň başlangyç hasabatlarynyň maglumatlary ulanylýar. Bu ýer-de gurluşyk ammaryndaky bar bolan enjam seljerilýär, artykmaç, gerekmez we toplumsyz enjamlar ýüze çykarylýar. Seljeriliş netijeleri esasynda enjamlaryň we gurluşygyň esasy materiallarynyň normatiw toplumlylygy doldurmaklygy üpjün etmek boýunça çäreler işlenilip taýýarlanylýar.

### 3.1.4. Potrat işleriniň maksatnamasynyň ýerine ýetirilmeginiň seljerilişi.

Potratçy gurluşyk edarasynyň önümçilik maksatnamasynyň ýerine ýetirilişiniň seljerilişinde umumy göwrüm, ýerine ýetirijiler, şertnama görnüşlei we müşderiler boýunça gurluşyk montaž işler meýilnamasynyň ýerine ýetirilişini kesgitleýärler, potratçy grluşyk edarasynyň iş kadalylygyny kesgitleýärler.
Önümçilik maksatnamasynyň möhüm görkezijisi – önümçilik kuwwatlarynyň, gurluşyk obýektleriniň herekete girizilme meýilnamasyny ýerine ýetirmeklik we müşderä obýektler boýunça gurluşyk montaž işler göwrümini tabşyrmaklykdyr.
Meýilnama ýerine ýetirilmezligi we önümçilik kuwwatlarynyň gurluşyk obýektleriniň herekete girizme möhletiniň bozulmagy, maýa goýumlarynyň döwlet meýilnamsynda göz öňüne tutulan, obýektler boýunça potrat işleriniň meýilnamasynyň ýerine ýetirilmeginiň, şeýle hem maýa goýumlarynyň döwletden daşary meýilnamasynyň merkezleşdirilmedik serişdeleri hasabyna amala aşyrylýan obýektler boýunça we onuň ýerine ýetirijileri boýunça düýpli seljerilişiň rezurlygyny döredýärler (tablisa 3.1.1).

**Tablisa 3.1.1**
**Potrat işler meýilnamasynyň ýerine ýetirilişiniň seljerilişi**

| Görkezijiler | Potrat işleriniň umumy göwrümi | | | Müşderilere tabşyrylýan potrat işleriniň göwrümi | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | Meýilnama (manat) | Hasabat (manat) | Meýilnamanyň ýerine ýetirilişi % | Meýilnama (manat) | Hasabat (manat) | Meýilnamanyň ýerine ýetirilişi % |
| **Meýilnamada göz öňünde tutulan obýektler boýunça potrat işleri-jemi** | 12000 | 12120 | 101.0 | 11200 | 11424 | 102.0 |
| **Şol sanda** | | | | | | |
| **Döwletiň merkezleşdi-rilen kapital goýumlary-nyň obýekt-leri boýunça - jemi** | 11000 | 11000 | 100.9 | 10.400 | 10660 | 102.3 |
| **Şolardan** | | | | | | |
| **Jaý gurujylar bilen düýpli şertnama boýunça** | 10500 | 10600 | 100.9 | 10000 | 12200 | 102.2 |
| **Jaý gurujylar bilen göni şertnama boýunça** | 500 | 500 | 100.0 | 400 | 440 | 110.2 |

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **Işiň umumy göwrümi boýunça, ýerine ýetirilýänler derňelýän edaranyň öz güýji bilen çekilen** | 9000 | 9180 | 102.0 | 8400 | 8652 | 103.0 |
| **Ulanylýan edaralar tarapyndan** | 3000 | 2940 | 98.0 | 2800 | 2772 | 99.0 |

Getirilen maglumatlaryň seljeriliş hasabat döwründe potrat işleriniň umumy göwrümi boýunça meýilnama 101%, döwletiň merkezleşdirilen maýa goýumlarynyň obýektleri boýunça 100.9% merkezleşdirilmedik çeşmeler hasabyna ýerine ýetirilýän obýektler boýunça – 102% ýerine ýetirildi.

$$\left[\frac{(12000-11000)}{(12120-11100)}\right] x\, 100$$

Seljerilýän edaranyň öz güýji bilen ýerine ýetirilen potrat işleriniň meýilnamasy 102%, ulanylan edaralar tarapyndan bolsa meýilnama 2% doly ýerine ýetirilmedik. Seljerilýän mysalda potrat işleriniň umumy göwrümi boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirilmegi bilen deňeşdirende, müşderiler tarapyndan tabşyrylýan potrat işler meýilnamasynyň öndürýän ýerine ýetirilmesiniň oňaýly tendensiýasy görünýär: degişlilikde 101 we 102; 100.9 we 102.3; 100.9 we 102.2; 100.0 we 110; 102.0 we 103.0; 98.0 we 99.0%. şunuň bilen birlikde, merkezleşdirilmedik çeşmeler hasabyna ýerine ýetirilýän obýektlerden müşderi tarapyndan potrat işleriniň göwrümi boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirilmegi yza galýar–95.5% $\left[\frac{(11424-10660)}{(11200-10400)}\right] x\, 100$

Berlen ýagdaýda her bir obýekt boýunça potrat işlere meýilnamasynyň ýerine ýetirilişine seljermek, yza galmanyň sebäbini anyklamak we olary aýyrmaklygyň ýollaryny kesgitlemek zerur.

Potrat işler meýilnamasynyň ýerine ýetirilişiniň seljerilişinde obýektleriň umumy göwrümi boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirilişiniň müşderilere potrat işleriniň tabşyrylmagy boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirilmegi bilen deňeşdirende öňürtmesi tamamlanmadyk gurluşyk önümçiliginiň ösmegine alyp barýar we tabşyrylmaly obýektlere resurslaryň (gorlaryň) jemlenilmesiniň ýeterlik derejede däldigini häsiýetlendirýär.

Önümçilik maksatnamasyny öz wagtynda we hilli ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin potratçy gurluşyk edaralary maliýe çeşmelerine bagly bolmazdan her bir obýekt üns bermeklige borçlandyrlar.
Potrat işleriniň maksatnamasynyň ýerine ýetirilişiniň seljerilişi prosessinde gurluşyk edarasynyň işgärler bilen üpjünçiligi we ortaça öndürme boýunça tabşyrmanyň ýerine ýetirilişi, şeýle hem zähmet ýagdaýlarynyň gurluşyk montaž işleriniň göwrümine täsir edişi seljerilýär.
Gurluşyk we montaž işleriniň mehanizmleşdirilme we awtomatlaşdyrma meýilnamasynyň ýerine ýetirilmegi seljerilmesi bilen maşynlaryň ýetmezçilik edýändigi öz wagtynda we toplumda alynmaýandygy öndürme möçberiniň ýerine ýetirilmeýändigini we gurluşyk materiallarynyň ýoklugy zerarly maşynlaryň işsiz durýandygy, iş geriminiň taýýarlyksyzdygy, maşynlaryň abatlaýyş işlerinde meýilnamadan artyk bolýandygy, ulaglaryň ýokdugy anyklanylýar we gurluşyk maşynlarynyň we mehanizmleriniň wagtynyň we kuwwatynyň ulanylmagy boýunça mümkin bolan gowulandyryş gorlary gözlenilýär.
Potrat işleriniň maksatnamsynyň ýerine ýetirilişiniň seljerilişi dowamynda gurluş edarasynyň maddy resurslar (gorlar) bilen üpjünçiligini barlaýarlar, esasy materiallar boýunça ätiýaçlyklaryň ýagdaýyny, artykmaç ätiýaçlyklaryň, ulanyp bolmaýan emläkleriň bardygyny anyklaýarlar we maddy – tehniki üpjünçiliginiň gowulandyrylmagynyň ugurlaryny belleýärler.
Gurluşyk edarasynyň önümçilik maksatnamasynyň ýerine ýetirilmegi bahalandyrylanda hasabat, meýilnama we ozalky döwürleriň esasy fondynyň önüm berşiniň görkezijisini seljerilýär. Ony önümçiligiň tamamlanmadyk gurluşygyň galyndylarynyň üýtgedilmeginiň hasaba alynmagy bilen öz güýçleri bilen ýerine ýetirilen, smeta gymmaty boýunça gurluşyk-montaž işler göwrüminiň önümçilik esasy fondlarynyň ortaça ýyllyk gymmatyna bolan gatnaşygy bilen

hasaplap çykarýarlar. Gurluşyk maksatly önümçilik esasy fondlaryň we olaryň işjeň böleginiň – gurluşyk maşynlarynyň we mehanizmleriň önüm berşiniň görkezijisi hem kesgitlenilip bilner.
Potrat işler maksatnamasynyň obýektler we aýratyn ýerine ýetirijiler boýunça natural (önüm) we pul görnüşde aňlatmasynda öz wagtynda we hilli ýerine ýetirilişiniň seljerilişi geçirilende meýilnamanyň sazlaşygyň (koordinasiýanyň) we gurluşyk-montaž işleriniň gözegçiliginiň torly (set) usullarynyň ulanylmagy bilen ep-esli derejedäki ykdysady netijeliligiň üpjün edilýändigini hasaba almak zerurdyr.

## 3.2 Esasy önümçilik fondlarynyň ulanylmasynyň seljerilişi.

Belli bir önümiň görnüşini öndürmeklik ýa-da işiň görnüşini ýerine ýetirmeklik üçin ýuridiki şahslaryň islendik guramaçylyk-hukuk görnüşi zähmet serişdeleriniň we zähmet zatlarynyň (predmetleriniň) toplumyna eýe bolýar. Zähmet serişdesi-bu zähmeti talap edýän zada täsir etmek üçin, onuň görnüşini üýtegtmek üçin we belli bir önümi öndürmek üçin peýdalanylýan ähli zatlarydyr. Olar önümçiligiň esasy sebäpleriniň biri bolup çykyş edýärler. Zähmet serişdeleri bu - önümçilik serişdeleriniň has gymmat baha bölegidir. Olar köp sany önümçilik döwürlerine hyzmat edýärler, uzak wagtlap önümçilik hereketine (prosessine) gatnaşýarlar we önümçilik prosessinde kem-kemden tozup-hakyky görnüşini saklamak bilen gymmatyny taýýar önüme bölekleýin geçirýärler. Olary esasy fondlar diýip atlandyrýarlar.
Bir önümçilik döwründe bütinleý peýdalanylýan, öz hakyky görnüşini üýtgedýän we derrew öz gymmatyny taýýar önüme geçirýän zähmet serişdeleri dolanyşyk fondlaryna degişlidirler.

Ýuridiki şahslaryň guramaçylyk-hukuk görnüşiniň esasy we dolanyşyk fondlaryň jemi onuň önümçilik fonduny emele getirýär. Önümçilik fondunyň umumy göwrüminde esasy we dolanyşyk fondlarynyň arasyndaky gatnaşyk önümçilik hereketiniň aýratynlygyna bagly. Gurluşyk we şäher toplumynyň kärhanalaryna öz balansynyň aktiwinde esasy fondlarynyň paýynyň hökmany agdyklyk etmegi häsiýetlidir.
Önümçilik hereketine gatnaşmagyna görä esasy fondlar esasy önümçilik we önümçilik däl fondlara bölünýärler.
Önümçilik däl esasy fondlar-bu önümçilik hereketine gatnaşmaýan we kärhananyň taýýar bolan önümine öz gymamtyny geçirmeýän esasy fondlaryň bölegidir. Olara kärhananyň balansynda bolan ýaşaýyş jaý fondy, klublar, naharhanalar, çagalarbaglary, saglyk öýleri, stadionlar we beýleki medeni-durmuş taýdan hyzmat etme obýektleri degişlidir. Bular önümçilik hereketiniň gidişine gös-göni täsir etmeýän esasy fondlaryň bölegi.
Önümçilik esasy fondlar önümçlik hereketine gös-göni gatnaşýarlar ýa-da oňa hyzmat edýärler we kärhananyň maddy-tehniki esasyny (bazasyny) emele getirýärler. Eýeçiligiň islendik görnüşindäki kärhananyň balansynda bolýan esasy fondlar kärhananyň aktiwinde ″Esasy fondlar we beýleki dolanyşykda bolmaýan aktiwler″ maddasy boýunça hasaba alynýarlar. Esasy fondlar-jaýlar, gurluşlar, geçiriji gurluşlar, güýç berýän (kuwwat we iş maşynlary, ölçeg we sazlaýyş gurallary hem-de beýleki zähmet serişdeleri kärhananyň maddy fonduna degişli bolýarlar.
Maddy däl aktiwler maddy taýdan manysy bolmadyk emma we kärhana girdeji getirmäge ýardam edip, onuň hojalyk dolanyşygynda uzak wagtlap (bir ýyldan artyk) ulanylma häsiýetine eýe bolýan aktiwler toparyny (hojalyk serişdelerini) aňlatmak üçin ulanylýan umumylaşdyrylan düşünje. Hojalyk işinde özüniň ýerine ýetirýän wezipesine we hyzmatyna görä maddy däl aktiwler üç esasy topara bölünýärler:akyl ýetiriş

(aňlaýyş, intelektual) eýeçiligi, emläk hukugy, goýlan çykdajylar.
Akyl ýetiriş (intelektual) eýeçiligine hereket edýän kanuna laýyklykda döredilen zatlar, peýdaly modeller (görnüşler), senagat nusgalary, haryt belgileri, harydyň çykarylan ýerleriniň atlary, ″nou-hau″ , elektron hasaplaýyş maşynlarynyň programmalary, integral shemalaryň tehnologiýasy, awtor we baglanyşykly hukuklar degişlidirler.
Emläk hukuklaryna, ýerden, suw resurslaryndan emläkden we ş.m.-den peýdalanma bolan hukuklar degişlidirler.
Goýlan çykdajylara: guramaçylyk bilen baglanyşykly, ylmy-gözleg we tejribe konstruktor işläp taýýarlamalar degişlidirler.
Esasy fondlar – islendik önümçiligiň wajyp faktorlarynyň biridir. Olaryň ýagdaýy we netijeli peýdalanylmasy kärhanalaryň hojalyk hereketiniň soňky netijelerine gös-göni täsir edýärler. Kärhananyň esasy fondlarynyň we önümçilik kuwwatlarynyň haýyrly ulanylmasy ähli tehniki – ykdysady görkezijileriň gowulandyrylmasyna şol sanda önümiň öndürilmesiniň ýokarlanmasyna, onuň özüne düşýän gymmatynyň peseldilmesine, önümi öndürmeklikde zähmeti köp talap edijiligiň peseldilmesine ýardam berýär.
Seljrerilişiň maglumat çeşmeleri: “Esasy fondlaryň bolmasy we hereketi barada hasabat”, “Önümçilik kuwwatynyň balansy”, “Gurnalmadyk enjamlaryň gorlary barada hasabat”, esasy fondlaryň hasaba alynmasynyň inwentar kartoçkalary.
Esasy fondlaryň bolmasy, dagamasy we hereketi barada maglumatlar kärhananyň önümçilik kuwwatyny bahalandyrmak üçin gerek bolan maglumatlaryň esasy çeşmesi bolup hyzmat edýärler.
Esasy fondlaryň hereketiniň seljerilişi şeýle koeffisiýentler esasynda geçirilýärler: esasy fondlaryň gelme (girizme); täzeleme, çykarylma; ýatyrylma, giňeltme. Esasy fondlaryň tehniki ýagdaýlaryny häsiýetlendirme üçin ýaramlylyk, könelme, çalyşma koeffisiýentleri hasaplanylýar.

Görkezijileriň hasaplanyş usulyny gurluşyk kärhanalaryň mysalynda aşakda getirilen 3.2.1.tablisada maglumatlar esasynda gözden geçireliň.

2008-2009 ýyllar üçin esasy fondlaryň bolmasynyň we hereketiniň balansy

**Tablisa 3.2.1.manat**

| | 2007ýyl | | | | 2008ýyl | | | | 2009ýyl | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Ýylyň başyna bar | Geldi | Çykdy | Ýylyň ahyryna bar | Ýylyň başyna bar | Geldi | Çykdy | Ýylyň ahyryna bar | Ýylyň başyna bar | Geldi | Çykdy | Ýylyň ahyryna bar |
| Esasy fondlaryň başlangyç nyrhda gymmaty | 2282000 | 2167000 | 179000 | 4270000 | 4270000 | 2837000 | 844000 | 6263600 | 6263000 | 1497000 | 734000 | 7026000 |
| Şol sanda täzeleri | - | 1300000 | - | 1300000 | - | 900000 | - | 900000 | - | 1200000 | - | 1200000 |
| Esasy fondlaryň könelmesi | 988158 | - | - | 1484504 | 1484504 | - | - | 2143993 | 2143993 | - | - | 3043993 |
| Esasy fondlaryň galyndy gymmaty | 1293842 | - | - | 2785496 | 2785496 | - | - | 4118007 | 4118007 | - | - | 3982007 |

Esasy fondlaryň hereketini seljerilişi üçin ýokarda agzalan görkezijileri şeýle formulalar boýunça hasaplalyň:

**$K_{gir}$.=Täze girizilen esasy fondlaryň gymmaty/Ýylyň ahyryna esasy fondlaryň gymmaty**

Mysal getirilen maglumatlar boýunça bu görkeziji 2007-nji ýylda -0.51 (ýa-da 51%)( 2167000/4270000*100),2008-nji ýylda – 0.45 (ýa-da 45%)(2837000/6263600*100), 2009ýylda – 0.21 (ýa-da 21%)(1497000/7026000*100) deň bolar.
Täzelenme koeffisiýenti **$K_{täz}$**:

**$K_{täz}$.=Täze esasy fondlaryň gymmaty/Ýylyň ahyryna esasy fondlaryň gymmaty**

Mysal getirilen maglumatlar boýunça ol 2007 ýylda – 0.30 (ýa-da 30%)(1300000/4270000*100),2008ýylda-0.14(ýa-da 14%)(900000/6263600*100), 2009 ýylda- 0.17 (ýa-da 17%)(1200000/7026000*100) deň bolar.
Esasy fondlaryň sandan çykma koeffisiýenti **$K_{çyk}$:**

**$K_{çyk}$.=Sandan çykan esasy fondlaryň gymmaty/Ýylyň başyna esasy fondlaryň gymmaty**

Mysal getirilen maglumatlary boýunça $K_{çyk}$ 2007 ýylda-0.08 (8%)(179000/2282000*100),2008ýylda–0.19(19%)(844000/4270000*100), 2009ýylda – 0.12 (12%)(734000/6263600*100) deň bolar,
Hasabat döwründe girizilen esasy fondlaryň paýy 2007 ýylda – 0.51 (51%), 2008 ýylda -0.45(45%), 2009 ýylda- 0.21 (21%) deň boldy; olardan täzeleri 2007 ýylda – 0.30(30%), 2008 ýylda-0.14 (14%), 2009 ýylda-0.17(17%) emele getirdi.
Esasy fondlaryň täzelenmesiniň maksady – enjamlary saklamak we peýdalanmak boýunça çykdaýjylaryň peseldilmesi, enjamlaryň işsiz durmaklygynyň peseldilmesi,

zähmet öndürijiliginiň ösdürilmegi, önümiň hiliniň ýokarlanmasy.
Çalyşma koeffisiýenti **$K_{çal}$:**

**$K_{çal.}$=Dagama netijesinde sandan çykarylan esasy fondlaryň gymmaty/Täze gelen(girilizen)esasy fondlaryň gymmaty**

Mysal getirilen maglumatlary boýunça $K_{çal}$ 2007-2009 ýyllarda: 0.08(8.2%), 0.29(29%), 0.49(49%) deň bolar, ýagny sandan çykarylanlaryň deregine täze girizilen esasy fondlaryň paýy ujypsyz ululygy emele getirdi.
Maşynlar we enjamlar parkynyň giňeldilme koeffisiýenti **$K_{giňeld.}$**:

$$K_{giňeld.}=1-K_{çal}$$

Seredilýän kärhana üçin könelme koeffisiýenti erbet bolmadyk täzelenme koeffisiýenti bilen şertlenen.
Ýaramlylyk koeffisiýenti **$K_{ýaram}$** birlik (ýa-da 100%) bilen könelme koeffisiýentiniň tapawudy hökmünde hasaplanylyp bilner.

$$K_{ýaram.}=1-K_{könel.}$$ emele getirer.

Esasy fondlar önümçlik resurslarynyň bir görnüşini emele getirýärler. Olaryň ulanylmasynyň netijeliliginiň bahalandyrylmasy ähli görnüşdäki resurslaryň bahalandyrylmasynyň umumy tehnologiýasynyň ulanylmasyna esaslanan, bu tehnologiýa haýyrlylyk we göwrümlilik görkezijileriň hasaplaşygyny we derňewini göz öňüne tutýar.
Haýyrlylyk görkezijileri 1 manatlyk resurslara çykýan taýýar önümi häsiýetlendirýär.
Göwrümlilik görkezijileri 1 manada öndürilen önüme resurslaryň harçlanmasyny ýa-da onuň goruny

häsiýetlendirýärler. Resurslaryň gorlary diýlende hasabat döwrüne balans boýunça bar bolan resurslaryň möçberi düşünilýär, harçlanmalar diýlende resurslaryň gündelik çykdaýjylary, hususy hem, esasy fondlar boýunça – amortizasiýa.

Esasy fondlaryň ulanylmasynyň netijeliliginiň umumy görkezijisi bu-esasy fonduň önüm berşidir. Esasy fondlaryň önüm berşi $\mathbf{F_{öb}}$ aşakdaky formula boýunça kesgitlenilýär:

$$\mathbf{F_{ö.b.}=Q/F_{o.ý.}}$$

Şu ýer-de: $\mathbf{F_{o.ý.}}$-esasy fondlaryň ortaça başlangyç (dikeldiş) gymmaty;

Q-önümiň möçberi.

Hasabat döwründe mysal getirilen maglumatlar boýunça esasy fonduň önüm berijiligi 2007ýylda-0.91(298.184/3.272:100); 2008ýylda-0.74(393183/5266:100); 2009ýylda- 0.22 (145441/6644:100) deň bolar.

Şu görkezijilerden esasy fonduň önüm berijiliginiň peselýändigini görüp bolar. Bu haryt önüminiň öndürilme möçberiniň üýtgeme häsiýeti bilen baglanyşykly. Esasy hem peselme 2009 ýylyň paýyna düşýär.

Serişdeleriň ulanylmasynyň netijeliliginiň beýleki bir görkezijisi-esasy fonduň harçlanyşynyň $\mathbf{F_h}$ netijeliligi, ol şeýle formula boýunça kesgitlenilýär (bu esasy serişdeleriň önüm berşine ters bolan görkezijidir.)

$$\mathbf{F_h=F_{o.ý.}/Q}$$

Maglumatlary bu formula goýup biz mysal getirilen maglumatlar boýunça $\mathbf{F_h}$-ni derňelýän döwür üçin hasaplap bileris.

2007ýylda-1.09(3272/298184*100);2008ýylda-1.35(5266/393183*100); 2009ýylda-4.54(6644/145441*100) deň.

Bu maglumatlar boýunça esasy fonduň harçlanylyşynyň netijeliliginiň ýokarlanandygyny görüp bolar. Bu seljerilýän kärhanada ýyl saýyn esasy önümçilik fondlaryntyň gymmatynyň ösendigi barada şaýatlyk edýär.

Önüm öndürmäniň möçberiniň üýtgemesine seredip geçilen görkezijileriň täsirini bahalandyrmak üçin 3.2.2.tablisadaky maglumatlardan peýdalanalyň.

# 2007-2009 ýyllarda esasy fondlaryň ulanylmasynyň görkezijileri
## Tablisa 3.2.2.

| Görkezijiler | 2007ýyl | | | | 2008ýyl | | | | 2009ýyl | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Bazis döwri | Hasabat döwri | Üýtgeme-ler (gyşar ma) | Üýgeme depginleri | Bazis döwri | Hasabat döwri | Üýtgemeler (gyşarma) | Üýgeme depginleri | Bazis döwri | Hasabat döwri | Üýtgemeler (gyşarma) | Üýgeme depginle ri |
| Haryt önüminiň öndürilme möçberi | 140.415 | 298.184 | +157.769 | 2.124 | 298.184 | 393.183 | +94.99 | 1.320 | 393.183 | 145.441 | -247.742 | 0.369 |
| Esasy önümçilik fondlarynyň ortaça ýylylyk gymmaty, müň manat | 2.334 | 3.272 | +0.938 | 1.402 | 3.272 | 5.266 | +1.994 | 1.610 | 5.266 | 6.644 | +1.378 | 1.28 |
| Esasy fonduň önüm berijiligi | 0.60 | 0.91 | +0.31 | 1.516 | 0.91 | 0.74 | -0.17 | 0.813 | 0.74 | 0.22 | -0.52 | 0.297 |
| Esasy fonduň harçlanyşy-nyň netijeliligi | 1.66 | 1.09 | -0.57 | 0.65 | 1.09 | 1.35 | +0.26 | 1.23 | 1.35 | 4.54 | +3.19 | 3.36 |

Indi gurluşyk bölümi boýunça bu görkezijileri hasaplalyň. Şeýlelikde, esasy fondlaryň önüm berşi 2007ýylda-1.63, 2008ýylda-2.15, 2009ýylda-2.11. esasy fonduň harçlanylyşynyň netijeliligi 2007 ýylda-0.61, 2008 ýylda-0.46, 2009 ýylda-0.44.

Bu sanlar kärhanada esasy fondlaryň önüm berijiliginiň ýokarlanandygyny, esasy fonduň harçlanyşynyň netijeliliginiň peselendigini görkezýär. Bu sanlar 2008 ýylda esasy önümçilik fondlarynyň gymmatynyň peselendigine we 2009 ýylda ýokarlandygyna şaýatlyk edýärler. Potrat işleriniň ýerine ýetirilme möçberi hem şunuň ýaly netijeleri berýär.

Bu hasaplaşyklaryň seljerilişi 3.2.3. tablisada görkezilen.

## Esasy fondlaryň ulanylmasynyň görkezijileri

**Tablisa 3.2.3.**

| Görkezijiler | 2007ýyl | | | | 2008ýyl | | | | 2009ýyl | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Bazis döwri | Hasabat döwri | Üýtgeme-ler (gyşarma) (+ -) | Üýgeme depginleri | Bazis döwri | Hasabat döwri | Üýtgemeler (gyşar ma) (+ -) | Üýgeme depginleri | Bazis döwri | Hasabat döwri | Üýtgemeler (gyşar ma) (+ -) | Üýgeme-depgin leri |
| Potrat işleriniň möçberi (mln manat) | 1472 | 2022 | +5.50 | 1.373 | 2022 | 2000 | -22 | 0.989 | 2000 | 3035 | +1035 | 1.517 |
| Esasy önümçilik fondlarynyň ortaça ýyllyk gymmaty (müň manat) | 14260000 | 12382735 | -1877265 | 0.868 | 12382735 | 930131 | -11452604 | 0.075 | 930131 | 1439078 | -508947 | 1.547 |
| Esasy fonduň önüm berijiligi | 1.03 | 1.63 | +0.6 | 1.582 | 1.63 | 2.15 | +0.52 | 1.319 | 2.15 | 2.11 | -0.04 | 0.981 |
| Esasy fonduň harçlany-şynyň netijeliligi | 0.97 | 0.61 | -0.36 | 0.628 | 0.61 | 0.46 | -0.15 | 0.75 | 0.46 | 0.47 | +0.01 | 1.021 |

## 3.3.Kärhanalaryň dolanşyk serişdeleriniň seljerilişi.

**Dolanşyk serişdeler seljerilişiň meseleleri, esasy ugurlary we maglumat üpjünçiligi.**

Kärhanalarynyň emläginde dolanşyk serişdeleri (kapital)- gündelik aktiwlerine goýlan serişdeler bölegi-möhüm orny eýeleýärler. Dolanşyk serişdeler seljeriliş esasy meseleleri:

- dolanşyk serişdeler düzüminiň we gurluşynyň üýtgemegini seljermeler;
- esasy alamatlar boýunça esasy serişdeleri toparlara bölmek;
- dolanşyk serişdeleriniň emele gelme çeşmelerini kesgitlemek;
- dolanyşyk serişdeleriň ulanylma netijeliliginiň görkezijilerini kesgitlemek.

Dolanşyk serişdeleriniň klassifikasiýasy surat 3.3.1. getirilen. Seljerilişiň maglumatlaryň esasy çeşmeleri hasaplaşyk balansy, "gazançlar we çykdaýjylar" barada hasabat balansyň aýratyn maddalaryny aýdyňlaşdyrýan we jikme-jik beýan edýän dolanşyk serişdeleriň hasabat görkezijileri. Dolanşyk serişdeleriň elementleri:

- zähmet zatlary (çig mal, materiallar, ýangyç);
- edaranyň ammarlaryndaky taýýar önüm, satyn alyp satma üçin harytlar;
- hasaplaşykdaky serişdeler, gysga möhletli maýa goýumlary, pus serişdeleri.

Önümçilik prosessinde (hereketinde) dolanşyk serişdeleriň funksional hyzmaty esasy serişdeleriň hyzmatyndan düýbünden tapawutlanýar. Dolanlaşyk serişdeleri önümçilik hereketiniň üznüksizligini üpjün edýärler. Olara mahsus bolan aýratynlyk bu dolanşyk tizligidir.

Dolanyşyk serişdeleriň emläk elementleri (dolanyşyk önümçilik gaznalary) dolulygyna her bir önümçilik döwründe ulanylýarlar, öz natural emläk görnüşini ýitirip, taýýarlanylan

önümiň (ýerine ýetirilen işiň, edilen hyzmatyň) gymmatyna bütinleý geçýärler.

Dolanşyk serişdeleriň dolanyş döwürlerini şeýle çyzgyda göz öňüne getirip bolýar:




Dolanşyk serişdeleriniň dolanyşy üç döwri öz içine alýar:
1. Taýýarlaýyş (satyn almalar);
2. Önümçilik;
3. Satyş.

Islendik biznes önümçilik üçin gorlaryň belli bir möçberine (ýa-da satuw üçin harytlara) goýulýan pul serişdeleriniň (aýlanşyk serişdeleriniň) käbir jeminde başlanýar. Satyn alma döwrüniň netijesinde aýlanşyk serişdeleri pul görnüşinden önümçilik görnüşine (zähmet zatlaryna (gurallaryna) ýa-da haryda) geçýär.

Önümçilik döwründe gorlar önümde, işde, hyzmatda öz beýanyny tapýar. Bu döwrüň netijesi – dolanyşyk serişdeleriň önümçilik görnüşden haryt görnüşine (dolanşyk önümçilik serişdeleri aýlanşyk serişdelerine) geçmegidir.

Satuw döwründe dolanşyk kapitaly haryt görnüşinden gaýtadan pul görnüşine geçýär. Pullaryň başlangyç jeminiň ölçegi **(P)** we (önümçilik hyzmatlarynyň) satuwyndan giren pul **(P$^1$)** bilen ululygy boýunça dogry gelmeýärler. Biznesiň maliýe netijesi (gazanç ýa-da çykdaýjy) dogry gelmezligiň sebäplerini düşündirýär.

Dolanyşyk serişdeleriň elementleri hojalyk amallarynyň üznüksiz akymynyň bölegi bolýarlar.

Satyn almalar önümçilik gorlarynyň we kreditor bergileriniň ýokarlanmagyna; önümçilik taýýar önümleriň ösüşine; satuw-debitor bergililigiň we kassada we hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleriň köpelmegine alyp barýar we pul girmelere we pul töleglerine eltýär.

Pul serişdeleriniň dolanyşygy bolup geçýän döwür önümçilik – kommersiýa sikliniň dowamlylygyny emele getirýär. Bu döwür çig mal we materiallar üçin pul tölemeler bilen taýýar önümiň satuwyndan pullaryň düşmeginiň arasyndaky wagt böleginden emele gelýär. Siklleriň dowamlylygyna döwürleriň uzynlygy täsir edýär:

- edaranyň üpjün edijileri tarapyndan kreditlenmegi;
- alyjylaryň kärhana tarapyndan kreditlenmegi;
- ätiýaçlyklarda çig maly we materiallary tapma;
- önümçilikler we ammarlardan taýýar önümi saklama.

Dolanşyk serişdeleriň elementleri önümçilik çäginden aýlanşyk çägine üznüksiz geçýärler we täzeden önümçilige gaýdýarlar.

Dolanşyk serişdeleriň bir bölegi hemişe önümçilik çäginde (öndürilen ätiýaçlyklar, tamalanmadyk önümçilik, ammarlardaky taýýar önüm we ş.m.) beýleki bir bölegi bolsa, aýlanşyk çäginde (düşürilen önüm, debitor bergidarlyk, gymmat baha kagyzlar, pul serişdeleri we ş.m.) bolýar. Şonuň üçin edaranyň dolanşyk serişdeleriniň düzümi we ululygy diňe önümçiligiň talaplary bilen däl-de, aýlanşyk talaplary bilen hem şertlendirler.

Önümçilik çägi we aýlanşyk çägi üçin dolanyş kapitalyna bolan talap hojalyk işiniň dürli görnüşleri üçin we hat-da bir pudagyň dürli edaralary üçin birmeňzeş däldir. Bu talap dolanşyk serişdeleriň dolanyş tizligine we emläk düzümi bilen, önümçiligiň göwrümi, önümçiligiň tehnologiýasy we gurluşy, önüm ýerlemeklik we çig maly we materiallary satyn almaklyk we beýlekiler bilen baglanyşyklykda kesgitlenilýär. Dolanşyk serişdelerine bolan maliýe ulanylma talabyny **(MUT)** hasaplap

çykarmak üçin şeýle usullardan peýdalanýarlar; analitiki (seljeriliş), göni hasap, koeffisiýenti.

## Surat 3.3.1. Dolanşyk serişdeleriň klassifikasiýasy.

<table>
<tr><td rowspan="6">Dolanşyk serişdeleriň klassifikasiýasynyň ölçegleri</td><td>1.Üznüksiz önümçiligiň dürli çäklerine hyzmat etme</td><td colspan="8">Dolanşyk önümçilik serişdelri</td><td colspan="4">Aýlanşyk serişdeleri</td></tr>
<tr><td rowspan="2">Dolanşyk serişdeleriniň elementleri</td><td colspan="6">Önümçilik gorlary</td><td colspan="2">Tamamlanmadyk önüme harçlanmalar</td><td colspan="2">Taýýar bolan satylmadyk önüm</td><td colspan="2">Pul serişdeleri we Hasaplaşyklar</td></tr>
<tr><td>Çig mal materiallar we satyn alma ýarym fabrikatlar</td><td>Goşmaça material-lar</td><td>Ýangyç</td><td>Gap</td><td>Abatlaýyş işleri üçin ätiýaç böleklere</td><td>Ýörite abzallaşdyrma we ýörite egin-eşik</td><td>Tamam-lanmadyk önümçi-lik</td><td>Geljek döwürleriň Çykdaýjylary</td><td>Edaranyň ammar-laryndaky önüm</td><td>Düşürilen önüm</td><td>Kassadaky (gaznadaky) we beýleki hasapla-ryndaky pul serişdeleri</td><td>Hasapla-şyklar (debitor bergililik)</td></tr>
<tr><td>2.Meýilna-malaşdyrylma we guralma aýratynlyklary</td><td colspan="9">Kadalaşdyrylýan dolanşyk serişdeleri (ykdysady taýdan esaslanan normatiwler boýunça hasaplanylan hususy dolanşyk serişdeleri)</td><td colspan="3">Kadalaşdyrylanmaýan dolanşyk serişdeleri</td></tr>
<tr><td>3.Dolanşyk serişdelerini emele getirme çeşmeleri</td><td colspan="6"></td><td colspan="6">Karz alnan, çekilen we beýleki çeşmeler</td></tr>
</table>

Analitik (tejribe-statistiki) usulynda birnäçe ýylyň (3-5ýylyň) **MUT**-i hasaplanylyp, onuň ortaça hasaby çykarylýar. Hasaplaşyklar

$$\mathbf{MUT=G+D_B+G_P}$$

Gatnaşygy esasynda geçirilýärler, bu ýerde : **G**-aktiw balansyň bölümi II-den gorlar we beýleki dolanyşyk aktiwler; $\mathbf{D_B}$-debitor bergililik; $\mathbf{G_P}$-gysga möhletli passiwler (balansyň bäşinji bölümiň netijeleri).

Göni hasap usulynda normatiw ulanylyp, dolanyşyk serişdeleriň her bir elementi boýunça talaplar hasaplanylýar:

- önümçilik gorlary;
- garaşylýan tamamlanmadyk önümçilik;
- ammarlardaky taýýar önümiň garaşylýan galyndylary;
- garaşylýan debitor bergililigi;
- zerur bolan pul serişdeleri we gymmat baha kagyzlary.

Soňra dolanşyk serişdelerindäki normatiw gorlar hasaplanylýar.

Koeffisiýent usulynda ilki hasaplaşyklar göni hasap usuly boýunça alnyp barylýar, soňra bolsa önümçilik göwrümleriniň garaşylýan ösüş hereketine (depginine) laýyklykda oňa düzedişler girizilýär.

Dolanşyk srişdeler meýilnamalaşdyrma, hasabat we seljeriliş tejribesinde aşadaky toparlara bölünýärler. Tablisa 3.3.1.:

- önümçilik prosessinde funksional (ýerine ýetirýän) wezipesi boýunça – dolanyşdaky önümçilik serişdelerine we aýlanşyk serişdelerine;
- maddy-emläk düzümi boýunça-önümçilik gorlaryna, tamamlanmadyk önüme, taýýar önüme we harytlara, pul serişdelerine, hasaplaşyklara we beýleki aktiwlere;
- gözegçilik, meýilnamalaşdyrma we dolandyryş tejribesi boýunça – kadalaşdyrylýan we kadalaşdyrylmaýanlara;

- emele gelme çeşmeleri boýunça – hususy, karz alnanlara, çekilenlere;
- elýeterliligi (pul serişdelerine öwrülme tizligi) boýunça – doly elýeter serişdelere, tiz satylýnlara, haýal satylýan dolanyşyk serişdelerine (tablisa 3.3.1.);
- serişde goýmaklygyň töwekgellik derejesi boýunça goýmalaryň iň pes, sähelçe, ortaça we ýokary töwekgellikli dolanyşyk kapitalyna (tablisa 3.3.2);
- edaranyň balansyndaky hasaplaşyklaryň we görkezmeleriň bir nusgalylygy boýunça – gordaky we harajatlardaky dolanyşyk serişdelere, hasaplaşyklara pul serişdelerine we beýleki aktiwler.

Dolanyşyk serişdeleriň düzümini we gurluşyny bahalandyrmak üçin balansyň gündelik aktiwleriň her bir madda boýunça üýtgemeleri seljeriliş etmek zerur (tablisa 3.3.2 seret.)

## Elýeterlik derejesi boýunça dolanyşyk serişdeleriň düzümi we gurluşy

**Tablisa 3.3.1.**

| | **Dolanşyk serişdeleriň topary** | **Balans aktiwiniň goşulýan maddalaryň düzümi.** |
|---|---|---|
| 1 | Has elýeter aktiwler | 1.1.Pul serişdeleri: kassa, hasaplaşyk sçot, walýuta sçoty, beýleki pul serişdeleri.<br>1.2.Gysga möhletli maýa goýumlary. |
| 2 | Çalt satylýan aktiwler | 2.1.Düşürilen harytlar.<br>2.2.Gysga möhletli debitor bergililik.<br>2.3.Beýleki dolanyşyk aktiwler. |
| 3 | Haýal satylýan aktiwler | 3.Geljekdäki döwürleriň çykdaýjy aýrylan gorlar. |
| 4 | Dolanyşyk serişdeleriň umumy jemi | $t_1 + t_2 + t_3$ |

**Serişdeleri goýumlygyň töwekgellik derejesi boýunça dolanyşyk serişdeleriň düzümi we gurluşy**
**Tablisa 3.3.3.**

| | Dolanşyk serişdeleriň toparlary | Balans aktiwiniň goşulýan maddalaryň düzümi. |
|---|---|---|
| 1 | Goýmanyň iň pes töwekgellik derejesi bolan dolanyşyk serişdeleri | 1.1.Pul serişdeleri: kassa, hasaplaşyk sçoty, walýuta sçoty beýleki pul serişdeleri.<br>1.2.Gysga möhletli maýa goýumlary. |
| 2 | Goýmanyň sähelçe töwekgellik derejesi bolan dolanyşyk serişdeleri | 2.1.Debitor bergililik (şübhelileri hasaba almazdan).<br>2.2.Önümçilik gorlary (baslygyp ýatanlary hasaba almazdan).<br>2.3.Taýýar önümiň we harytlaryň galyndylary (hyrydarsyz bolýanlary hasaba almazdan). |
| 3 | Goýmanyň ortaça töwekgellik derejesi bolan dolanyşyk serişdeleri | 3.1.Tamamlanmadyk önümçilik (kadadan artykmaçlaryny hasaba almazdan).<br>3.2.Geljek döwürleriň harajatlary. |
| 4 | Goýmanyň ýokary töwekgelçilik derejesi bolan dolanyşyk serişdeleri | 4.1.Şübheli debitor bergililik.<br>4.2.Baslygyp ýatan önümçilik gorlary.<br>4.3.Kadadan artykmaç tamamlanmadyk önümçilik .<br>4.4.Hyrydarsyz bolýan taýýar önüm we harytlar .<br>4.5.Öňki toparlara girmedik, dolanyşyk serişdeleriň beýleki elementleri. |
| 5 | Dolanyşyk serişdeleriň umumy jemi | $t_1 + t_2 + t_3 + t_4$ |

Emele gelme aýratynlyklaryna baglylykda dolanyşyk serişdeleri kadalaşdyrylýan we kadalaşdyrylmaýan toparlara bölünýärler.

Kadalaşdyrylýan (normirlenýän) dolanyşyk serişdelerine, adatça, ähli dolanyşykdaky serişdeler, şeýle hem edaranyň ammarynda satylmadyk taýýar önüm görnüşlerindäki aýlanşyk

serişdeleriň bölegi degişlidir. Kadalaşdyrylýan dolanyşyk serişdeleri edaranyň maliýe meýilnamalarynda şöhlelenýärler.
Kadalaşdyrylmaýan (normirlenmeýän) dolanyşyk serişdelerine aýlanyşyk serişdeleriň galanlarynyň ählisi, ýagny, ulanyjylara goýberilen, emma puly tölenilmedik önüm we pul serişdeleriň we hasaplaşyklaryň ähli görnüşleri degişli.
Dalanyşyk serişdeleriniň hususy we karz alnanlar toparlaryna bölünmegi; emele gelme çesmesini we dolanyşyk serişdeleriň kärhana hemişelik ýa-da wagtlaýyn ulanylma berilýändiginiň görnüşini görkezýär.
Hususy dolanyşyk serişdeleri edaranyň özüniň (hususy) kapitalynyň hasabyna emele gelýär. (ustaw kapitaly, ätiýaçlyk kapitaly, paýlanylmadyk gazanç we ş.m.). hususy dolanyşyk serişdeleriň ululygy balansyň bölüm III-ň (kapital we ätiýaçlyklar) jemi bilen balansyň bölüm I-ň (dolanşykdan daşary aktiwler) jemi arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenilýär.
Hususy dolanyşyk serişdelerine uzak möhletli passiwler hem degişlidirler, ýagny uzak möhletli passiwler esasy serişdeleri we maýa goýumlaryny maliýeleşdirmeklik üçin niýetlendirilýärler. Bu hili çemeleşmede hususy maýa ululygy balansyň passiwiniň IV we V bölümleriniň jemi bilen balans aktiwiniň I bölüminiň jemi arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenilýär.
Dolanyşyk serişdeleriniň hojalyk hereketiniň kadaly üpjünçiligi üçin olaryň ululygy dolanyşykdaky aktiwleriň umumy jeminden alnan 10%-den hem bolmadyk möçberde kesgitlenilýär. Hususy dolanyşyk serişdeleri hemişe ulanylma düzgüninde bolýarlar. Edaranyň hususy dolanyşyk kapitalyna mätäçligi meýilnama obýekti bolup çykyş edýär we edaranyň maliýe meýilnamasynda şöhlelenýär.
Karz alnan dolanyşyk serişdeleri bank kreditleri, şeýle hem kreditor bergisi görnüşinde emele gelýärler. Olar edara wagtlaýyn ulanylma berilýärler. Olaryň bir bölegi tölegli

(kreditler we bergiler), beýeleki bölegi – tölegsiz (kreditor bergisi).

Dolanyşyk serişdeleriň emele gelme çeşmeleri serişdeleriň aýlanyşy prosessinde tapawutlanmaýarlar. Ýöne dolanyşyk serişdeleriň emele gelme ulgamy dolanyşyk tizligine täsir edýär: ony haýalladýar ýa-da tizleşdirýär.

Mundan başga-da hususy we karz alnan dolanyşyk serişdeleriň emele gelme çeşmeleri we ulanylmanyň dürli usullary dolanyşyk serişdeleriň we ähli serişdeleriň ulanylma netijeliligine täsir edýän möhüm şertleri bolup durýarlar.

Esasy serişdeleriň elýeterlilik derejesi we maliýe töwegellik derejesi boýunça topara bölünmegi edaranyň dolanyşykdaky serişdeleriň hilini häsiýetlendirýär. Bu klassifikasiýanyň esasy meselesi satylmasy gümanly bolan gündelik aktiwlerini ýüze çykarmaklykdyr.

Edaranyň dolanyşyk serişdelerini netijeli dolandyrmaklyk diňe maliýeleşdirmekligiň goşmaça çeşmeleriniň gözlegini we çekilmegini däl-de, olaryň edara aktiwlerinde, has hem gündelik aktiwlerinde oýlanyşykly ýerleşdirilmegini hem talap edýär.

Gündelik aktiwleriň elýeterliligi – bu dolanyşyk serişdelerine serişdeleri goýmaklygyň töwekgellik derejesini kesgitleýän esasy ýagdaýdyr. Dolanyşyk serişdeleriniň bir görnüşlerini ýerlemeklik tizliginiň uzak wagtlaryň dowamynda toplanan statistik maglumatlary bu aktiwlere goýumlaryň töwekgellikliginiň mümkinçiligini kesgitlemäge kömek berýär.

Goýum goýmaklygyň töwekgelliginiň derejesi boýunça dolanyşyk serişdeleriň toparlara bölünmegi gündelik aktiwlerde serişdeleriň oýlanyşykly ýerleşdirilmegini gözegçilik etmeli bolýan maliýe menedžeri üçin möhümdir. Elýeterliligi netijeli dolandyrmaklyk ýokary we ortaça töwekgellik derejeli aktiwler paýynyň ýokarlanmagyna ýol bermezlikdir.

### 3.3.1.Dolanyşyk serişdelerini emele getirme çeşmeleri.

Dolanyşyk serişdelerini emele getirme ulgamy olaryň aýlanyş tizligine we ulanylyş netijeliligine täsir edýär.
Dolanyşyk serişdeleriniň artykmaçlygy edara serişdeleriniň bir böleginiň hereketsizdigini we girdeji getirmeýändigini aňladýar. Şunuň bilen birlikde dolanyşyk serişdeleriniň ýetmezçiligi edaranyň serişdeleriniň hojalyk dolanyşygynyň tizligini haýaldyp, önümçilik prosessiniň gidişini peselder.
Dolanyşyk serişdeleriň emele gelme çeşmeleri baradaky mesele ýene-de bir tarapdan möhüm bolýar. Bazar konýukturasy hemişe üýtgäp durýar, şonuň üçin edaranyň dolanyşyk serişdelerine bolan talaby durnuksyzdyr. Diňe hususy çeşmeler hasabyna bu talaplaryň üstüni ýapmaklyk hakykatda mümkin bolmaýar. Şonuň üçin hem esasy serişdeleriň emele gelme prosesini dolandyrmaklygyň esasy meselesi – karz alynma serişdeleriniň çekilmeginiň netijeliligini üpjün etmeklikdir.
Dolanyşyk serişdeleri emele getirme çeşmeleri: hususy karz alnan, goşmaça çekilenler bolup bilýärler.
Serişdeleriň hususy çeşmeleriniň ululyklary barada maglumat esasan hem edaranyň balansynyň bölüm III-ne we “Kapitalyň üýtgemeleri barada hasabat” üşiň bölüm I görkezilen.
Serişdeleriň karz alnan we çekilen hususy çeşmeleriň ululyklary barada maglumat edara balansynyň IV we V bölümlerinden, şeýle hem “Hasaplaşyk balansyna goşmaçalar” bölüm 7,10 berlen.
Dolanyşyk serişdeleriň emele gelme çeşmeleriniň düzümi we gurluşy tablisa 3.3.1.1. berlen.

**Dolanyşyk serişdeler çeşmeleri**
**Tablisa 3.3.1.1.**

| **Hususy** | **Karz alnan** | **Goşmaça çekilenler** |
|---|---|---|
| Ustaw kapitaly<br>Goşulýan kapital<br>Ätiýaçlyk kapitaly<br>Paýlaşdyrylmadyk gazanç | Banklaryň uzak möhletli kreditleri<br>Uzak möhletli karz almalar.<br>Banklaryň gysga möhletli kreditleri<br>Gysga möhletli karz almalar.<br>Kommersiýa kreditler.<br>Inwestisiýa salgyt krediti<br>Işgärleriň inwestisiýa tölenmeleri | Kreditor bergililik:<br>Üpjün edijilere we potratçylara, zähmet haky boýunça işgärleriň öňünde, salgytlar we tutumlar boýunça býudžetden daşary döwlet gaznalarynyň öňünde, beýleki kreditorlara, girdejini tölemek boýunça gatnaşyjylaryň (esaslandyryjylaryň) öňünde.<br>Geljekdäki harçlanma-laryň we tölegleriň ätiýaçlyklary şübheli karzlar boýunça ätiýaçlyklar.<br>Haýyr – sogap, ýardam edýän we beýleki girdeji girmeler |

Adatça edaranyň dolanyşyk serişdelerine pes derejede bolan talaby hususy çeşmeler hasabyna ödelýär, olar: gazanç, ustaw we ätiýaçlyk kapitallarynyň serişdeleri we beýlekiler. Ýöne birnäçe hakyky sebäplere görä (infelýasiýa, önümçilik göwrüminiň ösüşi, müşderileriň hasap tölegleriniň saklanmagy we beýlekiler), edarada wagtlaýynça dolanyşyk serişdelerine bolan goşmaça talap döreýär. Bu ýagdaýlarda hojalyk hereketiniň maliýe taýdan üpjün edilmegini bank we kommersiýa kreditleri, karz almalar, inwestisiýa salgyt krediti we beýlekiler karz alma çeşmeleriň çekilmegi zerur.

### 3.3.2 Dolanşyk serişdeleri bilen üpjünçiligiň seljerilişi .

Kadaly önümçilik hereketi üçin edara zerur bolan dolanyşyk serişdeleriň ululygy edara tarapyndan dolanyşyk serişdeleriň kadalarynyň we normatiwleriň işlenip taýýarlanylmagy ýoly bilen kesgitlenilýär we bellenilýär. Bu serişdeler önümçilik gorlaryna, tamamlanmadyk önümçilige, geljekdäki döwürlerdäki çykdaýjylar üçin serişdelere, önümçiligiň şertlerini hasaba almak bilen meýilnamalaşdyrylýan ýylda taýýar bolan satylmadyk önümleriň galyndylaryna, önümiň üpjünçiligine we satuwyna bolan hemişelik talaby üpjün etmelidir.

Kada (kadaly möçber) – dolanyşyk serişdeleriň bellenilen çägi, günlerde, göterimlerde we beýleki ölçeglerlerde aňladylan ululyk (günlerde dolanyşyk serişdeleriniň kadasy, gorlar kadasy-manatlarda we ş.m.)

Normatiw – dolanyşyk serişdeleriň elementleri boýunça geljek ýyla geçýän pes derejedäki gorlaryň döredilmegi üçin haýsy hem bolsa bir meýilnama döwri üçin kärhana gerek bolan pul serişdeleriniň reglamentirlenen jeminiň ululygy.

Dolanyşyk serişdeleriniň dogry emele getirilmeginiň we haýyrly ulanylmagynyň möhüm şerti bu harçlanmalaryň maddy gorlar ätiýaçlyklarynyň kadalaşdyrylmagydyr. Materiallar

harçlan harçlanmalarynyň kadalaşdyrylmagy olaryň önümçilik taýdan sarp edilmeginiň meýilnama çägini kesgitleýär.
Haryt – maddy gymmatlyklaryň kadadan artyk emele getirilmeginiň sebäpleriniň biri-de. Kadalaryň we normatiwleriň esaslanmasynyň ýeterliksizdigidir.
Harçlanmanyň kadaly möçberi önüm birliginiň taýýarlanmasyna ýa-da iş birliginiň ýerine ýetirilmegi üçin çig mal, materiallar, ýangyç elektro energiýa we ş.m. harçlanmalarynyň meýilnama boýunça iň ýokarky dereje rugsat berilýän we şol bir wagtyň özünde iň pes derejede zerur bolan möçberi.
Harçlanmanyň kadaly möçberi materiallara bolan talaby hasaplap çykarmak üçin, meýilnamalaşdyrmak we önümçilik ätiýaçlyklaryny kesgitlemek üçin esas bolup durýar. Ätiýaçlyklary (gorlary) dolandyrmak ulgamy logistikada seredilýär. Edarada önümçilik gorlary gündelik ätiýaçlyk (kepillikli), tehnologik (taýýarlyk), möwsümleýin we ulag diýen toparlara bölünýärler. Olar natural (önüm) we pul aňlatmasynda, şeýle hem ätiýaçlyk günlerinde görkezilip bilinýärler.
Gündelik gorlar nobatdaky üpjün etmeler arasyndaky döwürde edaranyň kadaly işi üçin zerur ýagny:

$$\mathbf{G_{gün}=M_{se}*W_{int}}$$

Şu ýer-de: $\mathbf{M_{se}}$ - materialyň ortaça gije-gündiz sarp edilmegi; $\mathbf{W_{int}}$-iki sany üpjün etmeler aralygyndaky wagt-üpjün etme interwaly.

Diňe getirilme pursadynda gündelik gorlary iň ýokary derejä ýetýändikleri we soňundan nola çenli kemelýändigi üçin, gündelik gorlaryny döretmek üçin harçlanmalaryň hasaplap çykarylmasynda gorlaryň ählisi däl-de, olaryň ýarysy hasaba alynýar:

$$G_{gün}=M_{se}*W_{int}/2$$

Ätiýaçlyk gory – hemişelik ululykdyr. Onuň wezipesi-nähili hem bolsa bir duýdansyz saklamalar, meselem, ulag bilen baglanyşykly, üpjün ediji tarapyndan möhletleriň bozulmagy we ş.m. ýagdaýlarda önümçiligi gorlar bilen üpjün etmekdir. Ätiýaçlyk gory, adatça hemişe-de gündelik gorlara garanda az bolýar we diňe adatdan çykma hökmünde oňa deň bolşy mümkin:

$$G_{ati}=M_{se}*(W_{ý}+W_{d}+W_{kab}+W_{taý})$$

Şu ýer-de $W_{ý}$ –üpjün ediji tarapyndan materiallary ýüklap ugratma üçin wagt, günler;

$W_{d}$-daşama üçin wagt, günler;

$W_{kab}$-ulanyjy tarapyndan materiallary kabul etmek üçin wagt, günler;

$W_{taý}$.- materiallary önümçilige taýýarlamak üçin wagt, günler.

Adatça, edaralarda ätiýaçlyk gorlar gündelik gorlarynyň 50% möçberinde kabul edýärler.

Tehnologik gorlar kärhana gelýän materiallar şol wagtyň özünde önümçilik ulanylyp bilinmeýän ýagdaýynda (kabul etme, düşürme, sortlama, seljeriliş, arassalama, zerur bolan toparlaryň döredilmegi we ş.m.) döredilýär.

Möwsümleýin gorlar çig malyň berlen görnüşiniň möwsümleýin häsiýetliliginde (meselem, ýylatma üçin ýangyç) döredilýär. Käwagt taýýarlamanyň möwsümleýin häsiýeti materiallary getirmäniň möwsüm şertlerine bagly bolýar.

Ulag gorlarynyň kadaly möçberi edara bilen üpjün edijiniň arasyndaky uzaklyk bilen, ýüküň hereketiniň ortaça tizligi bilen we resminamalary doldurmaklygyň wagty bilen kesgitlenilýär. Ýüklerden ybarat bolan dolanşyk serişdeleriň ululygy, ulagda ýerleşen wagtynda ortaça ýyllyk ululygynda şeýle kesgitlenilýär:

$$G_{ulag} = \frac{Q \cdot b \cdot W_e}{360}$$

Şu ýer-de: **Q-**ýükleri daşamaklygyň ýyllyk göwrümi, tonna;
**b-** 1 tonna ýüküň bahasy, manat;
**$W_e$-**ýükleriň eltmesiniň wagty;
**360-**ýyldaky gije-gündizleriň hasaplaşykda kabul edilen sany.

Ýüklerden ybarat bolan dolanyşyk serişdeleriň ululygy ýükleriň ulagdaky wagtyna göni proparsionaldyr. Diýmek, ýükleri eltilmesiniň tizleşdirme netijeliligi giňeldilen üznüksiz önümçilige gönükdirilip bilinjek, dolanyşyk serişdeleriň boşamasynda aňladylýar.

Eger ýükleriň ulagdaky wagty $W_{lo}$-dan $W_{l1}$-çenli kemelen bolsa, onda bir ýyl dowamynda boşadylan dolanyşyk serişdeleriň umumy jemi

$$G_{ulag} = Q \cdot b \cdot (W_{e1} - W_{l0})/360$$

Emele getirer.

Aýratyn materiallaryň gorlarynyň kadaly möçberi gündelik, ätiýaçlyk, möwsümleýin, tehnologik we ulag gorlaryň jemi bilen kesgitlenilýär. Gorlaryň kadaly möçberleri günlerde, dolanyşyk serişdeleriň normatiwleri $N_{ds}$ bolsa – pul aňladylmasynda aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar.

$$N_{ds} = \sum_i N_i$$

Şu ýer-de: $N_i$-dolanyşyk serişdeleriň i görnüşiniň normatiwi.

Önümçilik gorlarynyň normatiwleri şeýle kesgitlenilýär:

$$N_i = \frac{M_h}{W_m} \cdot N_{gor}$$

Şu ýer-de: **$M_h$**-meýilnama döwründe materiallaryň harçlanmasy, manat;
**$W_m$**-meýilnama döwri günlerde (çärýekde, ýylda);
**$N_{gor}$**- materiallar gorlaryň kadaly möçberi, günler.

### 3.3.3. Dolanyşyk serişdeleriniň ulanylma netijeliliginiň seljerilişi.

Dolanyşyk serişdelerini ulanmaklygyň netijeligi, ilki bilen olaryň aýlanyşygy – bu serişdeleriň önümçiligiň we dolanyşygyň aýratyn döwürlerini geçmesidir. Dolanyşyk serişdeleriň aýlanyşygy:

- bir aýlawyň günlerdäki dowamlylygy (günlerde dolanyşyk serişdeleriň aýlanşygy) bilen;
- hasabat döwründäki aýlaw sanlary (aýlanylşyk koeffisiýenti) bilen hasaplanylýar.

Bir aýlawyň günlerdäki dowamlylygy $W_{aý}$-dolanyşyk serişdeleriň ortaça galyndy jemininiň seljerilýän döwürüň bir günlük düşewüntlik jemine bolan gatnaşygyny emele getirýär:

$$W_{aý} = \frac{DS_{gal} \cdot W}{D_s}$$

Şu ýer-de : **$W_{aý}$**-dolanyşyk serişdeleriň aýlanyşygy, günler;
**$DS_{gal.}$**- seljerilýän döwürde dolanyşyk serişdeleriň ortaça galyndysy, manat;
**W**-seljerilýän döwrüň gün sany (30.60.90.180.360);
**$D_s$**-seljerilýän döwürde önümleri (işleri, hyzmatlary) satuwdan düşewünt, manat.

Dolanyşyk serişdeleriň ortaça galyndysy wagtyň dürli pursadynda görkezijiniň bahalarynyň jemi boýunça hasaplanylýan wagt hatarynyň ortaça senesi (hronologiýasy) hökmünde kesgitlenilýär:

$$\mathbf{DS_{gal}} = \frac{\frac{1}{2}\mathbf{DS_{gal}} + \mathbf{DS_{gal^2}} + \cdots + \frac{1}{2}\mathbf{DS_{gal_n}}}{\mathbf{n-1}}$$

Şu ýer-de : $\mathbf{DS_{gal1}}$, $\mathbf{DS_{gal2}}$, **...**, $\mathbf{DS_{galn}}$ – her aýyň birine galan dolanyşyk serişdeleri, manat;
**n**-aýlaryň sany.
Serişdeleriň aýlanyşyk koeffisiýenti $K_{aýl}$ dolanyşyk serişdeleriň bir manadyna hasabyndan önüm satuwynda girdeji göwrüminiň ululygy:

$$\mathbf{K_{aýl}} = \frac{\mathbf{D_s}}{\mathbf{D_s}}$$

Aýlanyşyk koeffisiýentiniň ösüşi dolanyşyk serişdeleriň has netijeli ulanylmasyny, önümçilik prosesiniň intensifikasiýasyny häsiýetlendirýär.
Aýlanyşyk koeffisiýenti şol bir wagtyň özünde seljerilýän döwürde dolanyşyk serişdeleriniň aýlanyşygynyň sanyny görkezýär we seljerilýän döwrüň gün sanynyň bir aýlowyň günlerdäki dowamlylygyna bölünmegi bilen hasaplanylyp bilner:

$$\mathbf{K_{aýl}} = \frac{\mathbf{W}}{\mathbf{W_{aýl}}}$$

Aýlawda serişdeleriň iş bilen üpjünçilik koeffisiýenti önüm satuwyndan girdejiniň bir manadyna awanslanýan dolanyşyk serişdeleriň jemini häsiýetlendirýär (hil görkezijisi):

$$K_{üpç} = \frac{D_s}{D_s} \cdot 100(\text{teňňe})$$

Şu ýer-de **Küpç.-** aýlawda serişdeleriň iş bilen üpjünçilik koeffisiýenti, man/man.

Iş bilen üpjünçilik koeffisiýenti näçe pes bolsa, dolanyşyk serişdeleri şonça-da netijeli ulanylýarlar.

Dolanyşyk serişdeleriň aýlanyşygynyň seljerilişi tablisa 3.3.3.1.getirilen, maglumatlar esasynda seredip geçeliň.

**Tablisa 3.3.3.1**

**Dolanyşyk serişdeleriň aýlanyşygyny seljermek üçin maglumatlar.**

| **Görkeziji** | **Öňki ýyl** | **Hasabat ýyly** | **Üýtge-meler (±)** |
|---|---|---|---|
| Satuwdan giren pul, manat | **58000** | **63000** | **+5000** |
| Seljerilýän döwür, günler | **360** | **360** | **-** |
| Dolanyşyk serişdeleriň ortaça galyndysy, manat | **5133** | **5207** | **+74** |
| Bir aýlowyň dowamlylygy, günler | **31.8** | **29.7** | **-2.1** |
| Serişdeleriň aýlanyşyk koeffisi- ýenti, aýlowlar | **11.3** | **12.1** | **+0.8** |
| Aýlowda serişdeleri iş bilen üpjün etmeklik koeffisiýenti, teňňe | **8.85** | **8.27** | **-0.58** |

Tablisa 3.3.3.1. maglumatlary boýunça dolandyryjy subýektiň (şahsyň) dolanyşyk serişdeleriniň aýlanyşygy bir ýylda 2.1 güne çaltlandy – 31.8-den 29.7 güne çenli. Bu serişdeleriň

aýlanyş koeffisiýentiniň 0.8 aýlawa ýokarlanmagyna getirdi – 11.3-den 12.1 aýlawa çenli we aýlawda serişdeleri iş bilen üpjün etmek koeffisiýentiniň 0.0058 man/man. peselmesine sebäp boldy.

Dolanyşyk serişdeleriň aýlanyşyk tizliginiň üýtgemesi iki ýagdaýyň özara täsiri netijesinde gazanyldy:

1. Satuwdan düşewüntiň 5000 manat göwrüme çenli ýokarlanmasy;
2. Dolanyşyk serişdeleriň ortaça galyndysynyň 75 manada artmagy.

Determinirlenen şertli seljerilişde (goşmaça 1 seret) modelleri çözmekligiň bir usulyny ulanyp, dolanyşyk serişdeleriň aýlanyşygynyň umumy çaltlandyrylmagyna bu ýagdaýlaryň her biriniň täsirini hasaplap bolar.

Dolanyşyk serişdeleriň aýlanyşygynyň çaltlandyrylmagyndan alnan ykdysady netijeliligiň ululygyny aýlowda serişdeleriň iş bilen üpjünçiliginiň koeffisiýentini ulanyp, kesgitläp bolar. Eger iş bilen üpjünçilik koeffisiýenti 0.0058 man/man. kemelen bolsa, diýmek, satmadan düşewüntiň umumy göwrüminden dolanyşyk serişdeleriň tygşytlanylan umumy jemi:

$$-0.0058 \cdot 63000 = -364.4$$ manat emele getirýär.

## 3.4. Kärhananyň zähmet resurslarynyň seljerilişi.

Kärhananyň işgärleri (kadrlary, adam resurslary) her bir kärhananyň esasy gory bolup durýar. Olaryň hilinden we netijeli ulanmagyndan kärhananyň hereketiniň netijeliligi we bäsdeş bolup bilmekligi ýagly bolýar. Adam resurslary önümçiligiň maddy emläk elementlerini herekete getirýärler, önümi, gymmaty we girdeji görnüşinde goşmaça önümi döredýärler.

Kärhananyň işgärleri, azda-kemde hakykat derejesinde ölçenilip bilinýän belli bir san taýdan we gurluş taýdan häsiýetnamalara eýe bolýarlar.
Kärhana işgärleriniň san taýdan häsiýetnamalary işgärleriň sanaw, gelýänleriň we ortaça sanaw sany ýaly görkezijiler arkalay ölçenilýär. Kärhana işgärleriniň sanaw boýunça sany – bu resminama boýunça kärhana Kabul edilen işgärleriň sany.
Gelýänleriň sany-bu önümçilik ýumşuny ýerine ýetirmek üçin häzirki gün işe gelmeli işgärleriň sanaw düzüminiň hasaplaşyk sany. Gelýänleriň we sanaw düzüminiň arasyndaky tapawut, tutuş günlik işsizligiň (rugsadyň, keselleriň, iş saparlarynyň we ş.m.) sanyny häsiýetlenýär.
Kesgitli döwrüň işgärler sanyny anyklamak üçin ortaça sanaw san görkezijisi ulanylýar. Ol zähmet öndürijiligini, ortaça zähmet tölegini, işgärleriň geldi-geçerligini we beýleki birnäçe görkezijileri hasaplamakda peýdalanylýar. Bir aýyň uşgärleriniň ortaça sanaw sany aýyň her bir calendar güni üçin (şol sanda baýramçylyk we dynç alyş günleri hem) işgärleriň sanaw boýunça düzüm sanynyň jemini çykarmak we alnan jemi aýyň calendar günleriniň sanyna bölmek arkaly kesgitlenilýär. Çärýek (ýyl) üçin işgärleriň ortaça sanaw sany çärýekde (ýylda) kärhananyň ähli iş aýlary üçin işgärleriň ortaça sanaw sanynyň jemini çykarmak we alnan jemi üçe (onkä) bölmek arkaly kesgitlenýärler. Işgärleriň ortaça sanaw sanyny dogry kesgitlemek üçin, işgärleriň ortaça sanaw düzüminiň her gününiňp hasaba alynmagy, şol sanda işgärleri Kabul etme, başga işe geçirme we zähmet şertnamasyny ýatyrma barada buýruklaryň (kararlaryň) hasaba alynmagy hökman.
Işgärleriň gurluş taýdan häsiýetnamalary kärhana işgärleriniň düzümi we aýratyn derejeleriň hem toparlaryň san taýdan biri – birine bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär. Ýerine ýetirýän wezipelerine baglylykda önümçilik kärhanasynyň işgärleri şeýle toparlara bölünýärler:

- senagat önüminiň önümçilik prosessine gös-göni gatnaşýan, şeýle hem oňa ýolbaşçylyk edýän senagat – önümçilik işgärler;
- önüm öndürmek bilen baglanyşykly bolmadyk önümçilige degişli bolmadyk işgärler;

Önümçilige degişli bolmadyk işgärler ýaşaýyş jaý-kommunal hojalygynyň, medeni – durmuş we bejeriş – arassalaýyş balansyndaky edaralaryň işgärleri degişlidirler.

Senagat önümçilik işgärleri iki sany esasy toparlara –işçiler we gullukçylara bölünýärler. Işçilere maddy gymmatlyklary döretmek bilen gös-göni meşgul bolýan, esasy serişdeleriň abatlaýyş işlerini ýerine ýetirýän, ýükleri göçürýän, geçirýän, adamlary daşaýan, maddy taýdan hyzmat edýän we.ş.m. adamlar degişli. Öz nobatynda işçiler hem esasy we kömekçi işçiler toparlaryna bölünýärler.

Gullukçylar toparynda, adatça, işleýän adamlaryň ýolbaşçylar, hünärmentler we gullukçylaryň özi ýaly derejeleri tapawutlandyrylýar. Kärhana işgärlerini haýsydyr bir topara degişli edilmegi işçiler käriniň klassifikatory bilen, gullukçylaryň wezipeleri we umumy russiýa döwlet öeigi ähmiýete eýe bolýan tarif derejeleri bilen kesgitlenilýär. Kärhananyň we onuň bölümleriniň ýolbaşçysy wezipelerini, şerle hem direktoryň, başlyklaryň, dolandyryjylaryň, kärhananyň, gurluş birlikleriniň we bölümleriň müdirleriniň orunbasarlary wezipelerini,; baş hünärmentler (baş hasapçy, baş inžener, baş mehanik, baş tehnolog, baş ykdysadyýetçi we beýlekiler) wezipelerini eýeleýän işgärler ýolbaşçylara degişlidirler. Hünärmentlere inžener-tehniki, ykdysadyýet, hasap, hukuk we hereketiň şuňa meňzeş görnüşleri bilen meşgullanýan işgärler degişlidirler. Gullukçylaryň özüni resminamalaryň taýýarlanylmagyny we resmileşdirilmegini hasaba alyşy we gözegçiligi, hojalyk hyzmatlaryny we iş dolandyryjylygy amala aşyrýan (agentler (wekiller,) pulçular,

barlagçylar, iş dolandyryjylar, hasabalyjylar, çyzgy çekijiler we goragyň ähli görnüşiniň işgärleri.)

Zähmet hereketiniň häsiýetine baglylykda, kärhananyň işgärleri hünärler, kärler we kwalifikasiýa derejeleri boýunça bölünýärler. Işgärleriň hünär kwalifikasiýa gurluşy zähmetiň hünär we kwalifikasiýa boýunça bölünmegi täsiri astynda emele gelýär şonda hünär diýlende, belli bir teoriýa (nazaryýet) bilimleriniň aýratyn görnüşi, kär fiýlende bolsa-hünär çäklerinde spesifik aýratynlyklara eýe bolan we işgärlerden goşmaça ýörite bilimleri we endikleri talap edýän hereket görnüşli düşünilýär.

Kär şol bir hünäriň çägindäki iş herektiniň görnüşini kesgitleýär. Mysal üçin, ykdysadyýetçiler (hünär) meýilnamaçy, maliýeçiler (kär) we ş.m. ýaly toparlara bölünýärler. Tokar hünäri we käriň işgärleri kwalifikasiýa (tarif) razrýadlarynda we derejelerinde şöhlelenýän, haýsy-da bir derejeleri – bu şol bir wagtyň özünde işiň çylşyrymlylyk derejesini näsiýetlendirýän görkezijiler hem bolup çykyş edýärler.

Kärhananyň gullukçylarynyň hünäri kwalifikasiýa gurluşy düzüm rejesinde – her ýyldda ýolbaşçy tarapyndan tassyklanylýan we iş razrýadynyň (derejesiniň) we wezipe hakynyň görkezilmegi bilen gullukçylaryň wezipeleriniň bölümler we gulluklar boýunça toparlara bölünen sanawy bolam resminamada şhlelenýär.

Düzüm rejesi ýylyň dowamynda kärhananyň ýolbaşçysynyň buýrugyna laýyklykda üýtgemeleriň girizilmegi arkaly gaýatadan seredilýär.

Kärhananyň işgärleri hakyna tutma şertnamasynyň baglaşma möhletine baglylykda hemişelik wagtlaýyn we möwsümleýindiýen toparlara bölünýärler

Hemişelik işgärler-möhleti bellenilmän işe kabul edilen işgärler; wagtlaýyn işgärlere belli bir möhlete, ýöne iki aýdan artyk bolmadyk wagta (iş ýeri saklanylýan, gelmedik işgärleriň ýerine işlemek işlemek üçin bölnmedik kabul edilen işgärler;

mwsümleýin işgärlere alty aýdan artyk bolýan möhletde möwsümleýin işler döwrüne (meselem, agaç akdyryma) işe kabul edilen işgärler degişlidirler.
Halkara tejribede işiň häsiýetina baglylykda kärhananyň işgärleri dolandyryş işgärlerine (ýokary, orta we pes halkanyň menedžerleri), inžener-tehniki işgärlerine we edara gullukçylaryna ("ak ýakalylar"); fiziki iş bilen meşgullanýan işçilere ("gök ýakalylar") we sosial infrastruktura işgärlerine ("çal ýakalylar") bölünýärler.
Kärhana işiniň tehniki-ykdysady görkezijileri köp halatlarda kwalifikasiýa derejesine we işgärlerden ulanyşyň netijeliligine, olaryň bilim derejesine, hünär taýýarlylygyna we döredijilik işjeňligine bagly bolýar. Diňe durnukly işgärler topary bazar şertlerinde öz öňünd goýlan meseleleri çözüp we ýokary derejedäki netijeleri gazanyp biler. Şonuň üçin hem hünär ussatlygynyň, işgärleriň umumy bilim we medeni derejesiniň gyşarnyksyz ösüşi barada, işgärleri kwalifikasiýasynyň we önümçilik bähbidiniň hasaba alynmagy bilen ýerleşdirme barada alada etmek hökmandyr. Täze şertlerde ýokary derejede iş başarnyklygyna eýe bolýan, işgärleriň agzybir toparyny döredip bilýän ýolbaşçy işgärlere aýratyn talaplar bildirilýär. Häzirki zaman ýolbaşçy üçin ýokary hünärmenlilik dolandyryş ylmynyň esaslarynyň, psihologiýanyň bilimleri, geljegi görmeklige we hojalygy netijeli dolandyrmaga ýardam berýän ykdysady düşünjäniň bolmagy zerurdyr.
Işgärleriň gurluşyk we şäher hojalyk pudagynyň artýan talaplaryna laýyk gelmegini üpjün etme maksadynda dolandyryjy işgärleriň, hünärmenleriň we gullukçylaryň hünär synagyny geçirip durmaly.
Hünär synagynyň (attestasiýanyň) netijeleri boýunça ýolbaşçy işgärleriň wezipesini, klas boýunça derejesini ýokarlanma ýa-da peseltme barada, wezipe boýunça zähmet hakyny köpeltme ýa-da azatma, ýa-da wezipe boýunça eýeleýän wezipesinden boşatma barada karar kabul edip bilýär.

Gurluşyk pudagynyň we şäher hojalyk kärhanalarynyň kämilleşen tehnika bilen üznüksiz enjamlaşdyrylmagy we önümçilige täze işçileriň we hünärmenleriň çekilmegi, geljekde işgärleriň önümçilik-tehniki we ykdysady taýdan okuwynyň gowulandyrylmagyny we giňeldilmegini, olaryň ylmy dolandyryş usullarynyň özleşdirilmegini, kompýuter tehnikasynyň giňden peýdalanylmagyny talap edýär.

Bu meseleleri çözmek üçin işgärleri taýýarlamaklygyň we bilimlerini artdyrmaklygyň yzygiderliişi zerurdyr. Şu maksat bilen ýolbaşçy işgärleriň we hünärmentleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça institutlar döredilen, ýokary okuw jaýlarynda hünär derejesini ýokarlandyrmagyň bölümleri guralan. Şeýle hem kurslar (okuwlar) ulgamynyň, okuw kombinatlarynyň we işçilere bilim bermegiň beýleki görnüşleriniň giň ösüşi göz öňüne tutulan.

Häzirki wagtda biziň ýurdumyzda okuw edaralarynyň, dolandyryş işgärlerini gaýtadan taýýarlamak boýunça, şeýle hem, olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça okuwlaryň we seminarlaryň köp ugurly ulgamy döredildi.

Işgärlere bolan talabyň hasabaty üçin meýilnamalaşdyrylýan döwre işgärler sanynyň ösüşi, kadrlaryň (işgärleriň) adaty kemelmesi we işgärlere bolan talabyň üstüniň doldurylma çeşmeleri gapdaldan alynmagy, hünär özgerdilmegi, işgärleriň taýýarlanylmagy görkezilýär. Işgärler balansy işgärleri taýýarlamaklyk we bilimini artdyrmaklyk meýilnamasynyň işlenip düzülmeginiň esasy düýp material bolup durýar.

Täze işçi kadrlaryny taýýarlamaklyk okuw-kurs kombinatlarynda, hemişe hereket edýän kurslarda we mekdeplerde amala aşyrylýar. Mehaniki ussahanalaryň we abatlaýyş işleri bölümleriniň işçilerini hünärmentçilik – tehniki bilim uçilişeleri (okuw jaýlary) taýýarlaýarlar. Mundan başga-da, okuwyň hususy we talap görnüşe hem hereket edýärler. Olarda okuwçylary (şägirtleri) ştata (işgärler toparyna) alýarlar we derejeli işçä berkidýärler, bu işçi bolsa öwredeni üçin goşmaça pul hakyny alýar.

Işçileriň hünär derejesiniň ýokarlandyrylmagy işçilere has ýokary razrýad (dereje) almaklyga, zähmetiň has öňde baryjy usullaryny öwrenmeklige, ilkinji ýa-da meňzeş hünäri edinmeklige we ş.m. kömek berýän okuwyň dürli görnüşleriniň üsti bilen amala aşyrylýar.
Jemgyýetçilik önümçiliginiň intensifikasiýasy, onuň ykdysady netijeliliginiň we önümiň hiliniň ýokarlanmasy kärhananyň zähmet toparlarynyň hojalyk başarjaňlylygynyň (inisiatiwasynyň) ýokary derejede ösüşine çekýärler. Ykdysadyýetiň ösüşiniň häzirki döwründe ilki bilen önümçilik prosessinde (hereketinde) zähmetiň ulanylmasynda berlen ýumuş we ozalky döwür bilen deňeşdirende nähili üýtgeşikler bolup geçendigini anyklamak gerek. Kärhanada zähmetiň peýdalanylmasynyň derňewiniň esasy meselesi iş wagtynyň ýitmesine we işgärleriň zähmet hakynyň ýitmesine we baryp, zähmet öndürijiliginiň ösüşine böwet bolýan ähli ýagdaýlary ýüze çykarmaklykdan ybarat bolýar.
Seljeriliş üçin maglumatlar çeşmesi bolup aşakdakylar hyzmat edýär:
Zähmet boýunça meýilnama, zähmet boýunça hasabat , kärhananyň önümi (işini, hyzmatyny) öndürmeklige we satuwa harçlanmalar barada hasabat, işgärleriň hereketi boýunça işgärler bölüminiň statistiki hasabaty we ş.m.
Kärhanada zähmetiň ulanylmasyny häsiýetlendirýän esasy görkezijiler bu – işçi güýjünden, iş wagtyndan, zähmet öndürijiliginden peýdalanma, zähmet hakyna çykdaýjylara degişli görkezijiler.
Senagat – önümçilik işgärleriniň peýdaly ulanylmasy önümçilik işgärleriniň üznüksizligini we önümçilik meýilnamalarynyň üstünlikli ýerine ýetirmekligini üpjün edýän hökmany şertdir.
Zähmet resurslary bilen üpjün edilmesi 3.4.1. tablisada getirilen maglumatlar bilen häsiýetlendirilýär.
3.4.1.tablisada görkezijileriniň görkezişi ýaly hasabat döwründe esasy hereket bilen meşgul bolan işgärleriň sany

endigansyzlygy bilen häsiýetlenýär. 2008 ýylda 2007 ýyl bilen deňeşdirilende ýokarlanma bolsa ,2009 ýylda 2008 ýyl bilen deňeşdirende peselme bolup geçýär, işçiler güýji bolsa tersine durnukly ösüş bilen häsiýetlenýär, mysal üçin 2008 ýylda 2007 ýyl bilen deňeşdirende ösüş 112% boldy.
Sanyň endigansyz häsiýeti işgärleriň beýleki toparlary boýunça hem duýulýar. Bu derňelýän kärhanada zähmetiň ylmy guramaçylygy has pes derejede gurnalandygy barada aýdýar.

**2007-2009 ýyllar üçin zähmet resurslary bilen üpjünçiligi.**

**Tablisa 3.4.1.**

| Balans aktiwi | Hasabat boýunça san | Hakyky %-de | Hasabat boýunça san | Haky-ky %-de | Hasabat boýunça san | Hakyky %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Jemi | 224 | 100 | 310 | 97.8 | 262 | 101.1 |
| Şol sanda esasy iş boýunça | 212 | 100 | 300 | 97.8 | 252 | 100 |
| Olardan: işçiler | 116 | 100 | 130 | 97.0 | 136 | 100 |
| Gullukçylar | 96 | 100 | 160 | 92.5 | 116 | 100 |
| Olardan: ýolbaşçylar | 33 | 100 | 50 | 87.7 | 44 | 100 |
| Hünärmenler | 63 | 100 | 110 | 95.0 | 72 | 100 |
| Esasy bolmadyk hereket (iş) | 10 | 100 | 10 | 100 | 10 | 100 |

Seljerme hereketinde berlen tablisada şöhlenen önümçilik bölümçesiniň işgärleriniň gurluşyndaky üýtgemeleri öwrenmeklik zerur.

**2007-2009 ýyllar üçin zähmet resurslaryň gurluşynyň üýtgemesi**

**Tablisa 3. 4.2.**

| Balans aktiwi | Hakyky (adam) | Udel agramynyň üýtgemegi (=; -) | | Hakyky (adam) | Udel agramynyň üýtgemegi (=; -) | | Hakyky (adam) | Udel agramynyň üýtgemegi (=; -) | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Meýilnama bilen deňaňde | Ozalky ýyl bilen deňaňde | | Meýilnama bilen deňaňde | Ozalky ýyl bilen deňaňde | | Meýilnama bilen deňäňde | Ozalky ýyl bilen deňäňde |
| Jemi | 224 | - | +10 | 310 | - | +86 | 262 | - | -48 |
| Esasy işgärleriniň jemi | 212 | - | +8 | 300 | - | +88 | 252 | - | -48 |
| Şol sanda işçiler | 116 | - | +6 | 130 | - | +14 | 136 | - | +6 |
| Ýolbaşçylar | 33 | - | +2 | 50 | - | +17 | 44 | - | -6 |
| Hünärmenler | 63 | - | - | 110 | - | +47 | 70 | - | -40 |
| Esasy bolmadyk iş | 10 | - | +2 | 10 | - | - | 10 | - | - |

3.4.2. tablisadan görşimiz ýaly  işgärleriň ähli toparynyň sany hakykatda ýerine ýetirilenok. Bu her ýyl dolandyryş ştatynyň möwsümleýin işi bilen baglanyşyklydyr.
Kärhananyň işçi güýji bilen üpjünçiliginiň seljerişinde has jogapkärli döwür bolup onuň (işçi güýjüniň) hereketiniň öwrenilmesi çykyş edýär. Işçi güýjüniň hereketiň öwrenilmesi üçin maglumatlar 3.4.3  tablisada getirilen.
3.4.3. tablisanyň maglumatlary boýunça, derňelýän kärhananyň iş güýjüniň durnuksyzlyk koeffisiýenti 2007 ýylda 0.042-den, 2008 ýylda 0.154 çenli ösdi. Ol Türkmenistandan başga ýurtlara adamlaryň gitmegi zerarly öz islegi boýunça boşalmagy sebäpli ýokarydyr.

**2007-2009 yllar üçin iş güýjüniň hereketi**
**Tablisa 3.4.3.**

| **Görkeziji** | **2007ýyl** | **2008ýyl** | **2009ýyl** |
|---|---|---|---|
| | | | |
| Kärhana kabul edildi | **87** | **141** | **86** |
| Kärhanadan çykdy, şol sanda | **57** | **46** | **74** |
| Okuwa, ýaraglanan güýçlere | **17** | **15** | **20** |
| Pensiýa we kanun boýunça göz öňüne tutulan beýleki sebäplere görä | **3** | **5** | **5** |
| Öz islegi boýunça | **35** | **14** | **39** |
| Ştat ýerleriň gysgaldylmasy boýunça | **-** | **5** | **5** |
| Zähmet düzgün-nyzam bozanlygy zerarly | **2** | **7** | **5** |
| Dolanşyk koeffisiýentleri $\text{Kabul etme boýunça} = \dfrac{\text{Kabul edilenleriň sany}}{\text{Ortaça sanaw sany}}$ | **0.39** | **0.46** | **0.33** |
| $\text{Boşadylma boýunça} = \dfrac{\text{Çykanlaryň sany}}{\text{Ortaça sanaw sany}}$ | **0.25** | **0.15** | **0.28** |
| $\text{Durnuksyzlyk koeffisiýenti} = \dfrac{\text{Özislegi boýunça} - \text{düzgün bozanlar}}{\text{Ortaça sanaw sany}}$ | **0.15** | **0.02** | **0.13** |

Şeýlelikde, kärhananyň işgärler bilen üpjünçiliginiň görkezijileri entek olardan peýdalanylmanyň derejesini häsiýetlendirmeýärler, we diýmek öndürilýän önümiň möçberine täsir edýän ýagdaýlar bolup çykyş edip bilmeýärler. Önümiň öndürilmesi işleýänleriň sanyna däl-de iş wagty bilen kesgitlenilýän zähmet önümçiligine harçlanan sana, jemgyýetçilik zähmetiniň netijeliligine, onuň öndürijiligine bagly bolýar. Şonuň üçin kärhananyň zähmet toparynyň iş wagtyndan peýdalanylmasynyň netijeliligiň öwrenmeklik zerur.

3.4.3. tablisada getiren maglumatlar boýunça iş wagtynyň ulanylmasynyň ýagdaýyny seljereliň.

Ähli işgärler tarapyndan işlenilen iş wagty 2008-nji ýylda ýokarlandy, emma ýene-de 2009-nji ýylda ol peseldi, bu işgärleriň sanynyň azalmasy bilen baglydyr. Önümçilik däl harçlanmalary peseldi, bu bolsa derňelýän kärhananyň umuman işiniň kanagatlanarlydygyny häsiýetlendirýär.

| Görkezijiler | 2007ýyl | | | 2008ýyl | | | 2009ýyl | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **Ozalky ýylda** | **Hasabat ýylynda** | **Ozalky ýyla görä üýtgemeler** | **Ozalky ýylda** | **Hasabat ýylynda** | **Ozalky ýyla görä üýtgemeler** | **Ozalky ýylda** | **Hasabat ýylynda** | **Ozalky ýyla görä üýtgemeler** |
| | | **hakykatda** | **hakykatda** | | **hakykatda** | **hakykatda** | | **hakykatda** | **hakykatda** |
| 1.Işçileriň ortaça sanaw sany (adam) | **126** | **116** | **-10** | **116** | **130** | **+14** | **130** | **136** | **+2** |
| 2.Ähli işgärler tarapyndan işlenilen wagt, müň adam ($t_1$) | **232,5** | **210,4** | **-22,1** | **210,4** | **382,7** | **+172,3** | **382,7** | **255,3** | **127,4** |
| 3.Şol sanda artyk işlenilen iş wagty, adam ($t_c$) | - | - | - | - | - | - | - | - | - |
| 4.Ähli işgärler bilen işlenilen müň adam – gün ($D_n$) | **160,5** | **164,1** | **+3,6** | **164,1** | **165,8** | **+1,7** | **165,8** | **170,0** | **+4,2** |
| 5.Bir adam bilen işlenilen wagt, ad. $T_{pr}=t_1/r$ | **196,8** | **181,3** | **-15,5** | **181,3** | **285,6** | **+104,3** | **285,6** | **187,7** | **997,9** |
| 6.Bir işgär tarapyndan işlenilen günleriň sany $D_{рн}$ ($D_н/r$) | **168,4** | **141,5** | **-26,9** | **141,5** | **119,8** | **-21,7** | **119,8** | **125,0** | **+5,2** |
| 7.Iş wagtynyň önümçilik däl harçlanmalary ad.($T_{нз}$) | **244,5** | **198,5** | **-46** | **198,5** | **340,7** | **+142,2** | **340,7** | **238,3** | **-102,4** |
| 8.Iş gününiň ortaça dowamlyly- gy, ad. ($T_{см}$) ($t,:D_м$) | **9,6** | **7,9** | **-1,7** | **7,9** | **8,0** | **+0,1** | **8,0** | **8,2** | **+0,2** |

Zähmet toparynda iş wagtynyň ulanylmasynyň öwrenilmesiniň indiki wagty-işgärleriň san düzüminiň üýtgemesi netijesinde iş wagtynyň üýtgemesiniň kesgitlenilmesidir.
Iş wagtynda işgärleriň sanynyň täsirini bahalandyrmak üçin işçileriň hakyky sanyndan we bir işçiniň meýilnama boýunça işiniň sagat sanynyň işçileriň sanynyň üýtgemesi zerarly iş wagty bilen deňeşdirilmesiden ugur alyp iş wagtynyň sanyny hasaplaýarlar. Şu ýagdaý zerarly iş wagty kemeldi.
Işgärleriň hakyky sanyna hasaplanylan meýilnama boýunça iş wagtyny hakyky işlenilen iş wagty bilen deňeşdirende iş toparynda bir wagtyň özünde iş wagtynyň ýitirilmesi ýol berlendigini görýäris.
Derňewde iş wagtynyň ýitirilmesine sebäp bolan ýagdaýlaryň haýsylary zahmet toparyna bagly bolýandygyny (işe gelmezlik, işsiz durmaklyk we ş.m.) we haýsylary onuň hereketi bilen şertlenmediklerini (göwreli sebäpli rugsat, okuw döwrüne rugsat we ş.m.) kesgitlemek zerur.
Zähmet toparyna bagly bolan ýagdaýlar boýunça iş wagtynyň ýitirilmesiniň doly aýrylmasyna çenli peseldilmesi, kapital goýumlaryny talap etmeýän, emma basym netije almaklyga mümkinçilik berýän rezerw bolup çykyş edýär.
3.4.4.tablisada 2007-2009 ýyllar üçin zähmet hakynyň fondy.
Bir işleýän adamyň önüm öndürme derejesiniň kesgitlenmesi üçin analitik tablisa düzülýär.
3.4.4. tablisanyň maglumatlaryndan bir işleýän adama düşýän ortaça ýylylyk önüm öndürijiliginiň peselýändigini görýäris.

**Bir işleýän adama düşýän önümiň öndürijiligi.**

**Tablisa 3.4.4.**

| | 2007ýyl | | | | 2008ýyl | | | | 2009ýyl | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Meýilnama | hakyky | Meýilnamadan tapawutlyklar | | Meýilnama | hakyky | Meýilnamadan tapawutlyklar | | Meýilnama | hakyky | Meýilnamadan tapawutlyklar | |
| | | | Absolýut | Meýilnama % | | | Absolýut | Meýilnama % | | | Absolýut | Meýilnama % |
| Haryt önümleriň öndürilmesi müň manat (Bn) | 298184 | 298184 | - | 100 | 200000 | 200000 | - | 100 | 210000 | 210000 | - | 100 |
| Işleýän adamlaryň sany, adam | 212 | 212 | - | 100 | 307 | 300 | -7 | 97.7 | 252 | 252 | - | 100 |
| Işçileriň sany ($r_p$) | 116 | 116 | - | 100 | 134 | 130 | -4 | 97.0 | 136 | 136 | - | 100 |
| Işçileriň udel agramy (d) | 54.7 | 54.7 | - | 100 | 43.6 | 40.6 | -3.6 | 93.1 | 54.0 | 54.0 | - | 100 |
| Ähli işgärler tarapyndan işlenilen sagat sany, müň sag ($t_r$) | 21030 | 21030 | - | 100 | 38270 | 38250 | -20 | 99.9 | 25527 | 25527 | - | 100 |

| | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Bir işgär tarapyndan ($t_{rp}$)** | **181.3** | **181.3** | **-** | **100** | **285.5** | **285.6** | **-5.6** | **98.2** | **187.7** | **187.7** | **-** | **100** |
| **Bir işleýäniň ortaça ýylyk öndürijiligi, müň man. ($B_p$) ($B_п$: t)** | **140652** | **140652** | **-** | **100** | **651.4** | **651.4** | **-** | **100** | **833.3** | **833.3** | **-** | **100** |
| **Işçiniň ortaça ýyllyk öndürijiligi müň manat ($B_p$) ($B_п$: $r_p$)** | **25705** | **25705** | **-** | **100** | **1492.5** | **1492.5** | **-** | **100** | **1544.1** | **1544.1** | **-** | **100** |
| **Önümiň ortaça sagat öndürijiligini man ($B_r$)=BП: $t_r$** | **14.1** | **14.1** | **-** | **100** | **6.8** | **5.2** | **-1.6** | **56.4** | **8.2** | **8.2** | **-** | **100** |

Zähmet öndürijiligi we zähmetiň ýokary derejeliligi kärhananyň harçlanmalarynyň düzüminde ähmiýetli udel agramyna eýe bolýan zähmet haky fonduna täsir edýärler.

### 3.5. Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň seljerilişi.

Maliýe seljerilişi diýlende kärhananyň öz hereketini pul-maýa bilen üpjün etmeklik ukyplylygy düşünilýär. Olar kärhananyň ýeterlik derejede hereket etmek üçin zerur bolan maliýe resurslarynyň üpjünçiligi bilen, olaryň maksadalaýyk ýerlenilmesi we netijeli ulanylmasy bilen, başga hukukly edaralar we fiziki şahslar arasyndaky maliýe aragatnaşyklary bilen, tölemäge ukyplylygy we maliýe durnuklylygy bilen häsiýetlendirilýär.

Kärhananyň maliýe ýagdaýyny seljerme üçin maglumatlaryň esasy çeşmeleri bolup aşakdakylar hyzmat edýär:

- hasaplaşyk balansy ;
- girdejiler we ýitgiler barada hasabat ;
- hasaplaşyk balansyna we girdejiler hem ýitgiler barada hasabata düşündirişler:

a) maý goýumynyň hereketi barada hasabat ;
b) pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat ;
c) hasaplaşyk balansyna goşmaça dokument ;
d) düşündiriş haty.

Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň seljerilişi maliýe hasabatynyň seljerilişi döwründe hasaplaşyk balansynyň “okuwyndan” başlanýar.

Gorizontal (kese) seljerilişiň geçirilmesi seredilýän döwürde, balansyň belli bir maddalarynyň ululyklaryny hökmany we otnositel aňlatmasynda özaralarynda deňeşdirmeklige we şu döwürde olaryň üýtgemesini kesgitlemeklige mümkinçilik berýär.

Dikligine (wertikal) seljeriliş balansyň gurluşyny kesgitleýär we derňelýän döwürde onuň üýtgemesiniň hereketini ýüze çykarýar.
Aktiwleriň aýratyn görnüşlerini degişli bolan passiwleriň görnüşleri bilen deňeşdirip kärhananyň balansynyň likwidligini kesgitleýärler. 2007-2009-nji ýyllar üçin balansyna seredip geçeliň.
Balansynyň aktiwleriniň gurluşynyň uladylan shemasy 3.5.1. suratda getirilen.




**Surat 3.5.1. Balansyň aktiwleriniň gurluş shemasy**

Kärhananyň serişdeleriniň ýerlenilmesi maliýe hereketinde we netijeliligiň ýokarlanmasynda uly ähmiýete eýedir. Şunuň bilen baglylykda aktiwleiniň gurluşyndaky üýtgeşmeleri öwrenip, olary bahalandyryş, bu 3.5.1.tablisada görkezilen.

## 2007-2009-nji ýyllar üçin balansynyň aktiwleriniň maddalarynyň analitik toparlandyrylmasy we seljerilişi.

**Tablisa 3.5.1.**

| Balans aktiwi | 2007 ýyl | | 2008 ýyl | | 2009 ýyl | | Absolýut (hakyky) üýtgeme, man. | | Ösüş depgini % | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | manat | netijä % | manat | netijä % | manat | netijä % | 2008ý | 2009ý | 2008 ý | 2009 ý |
| Jemi emläk | 687664606 | 100 | 799602060 | 100 | 228749089 | 100 | 111937454 | -458915517 | 116.2 | 33.2 |
| Immobilizlen en aktiwler | 3229861 | 4.15 | 5302877 | 0.74 | 3439638 | 11.5 1.5 | 2673016 | 209777 | 182.7 | 106.5 |
| Aýlanşyk aktiwler, şol sanda | 683535233 | 99.4 | 793699183 | 99.2 | 225809451 | 98.4 | 110163950 | -458225782 | 116.1 | 33.0 |
| Gorlar | 24842697 | 4.04 | 36933965 | 4.6 | 21502234 | 23.6 | 9091268 | -6340463 | 132.6 | 17.2 |
| Debitor bergidar-lyk | 36611585 | 5.32 | 421473767 | 5.27 | 203364501 | 9.4 | 5535791 | 166752922 | 115.1 | 55.5 |
| Pul serişdeleri | 389924 | 0.56 | 2885750 | 0.36 | 4427100 | 0.19 | -1013491 | 527859 | 74.0 | 43.5 |

Eger balansyň aktiwinde kärhananyň serişdeleri şöhlelenýän bolsa, **passiwde** olaryň **emele gelşiniň çeşmeleri görkezilýär.**

**Tablisa 3.5.2.**

| Balans aktiwi | 2007 ýyl | | 2008 ýyl | | 2009 ýyl | | Hakyky üýtgeme, müň man. | | Ösüş depgini % | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | manat | netijä % | manat | netijä % | manat | netijä % | 2008ý | 2009ý | 2008 ý | 2009 ý |
| Ähli serişdeleriň çeşmesi | 687664606 | 100 | 799602060 | 100 | 228749089 | 100 | 111937454 | -458915517 | 116.2 | 33.2 |
| Hususy kapital | 687664606 | 100 | 799602060 | 100 | 228749089 | 100 | 111937454 | -458915517 | 116.2 | 33.2 |
| Karz alnan kapital | - | - | - | - | - | - | - | - | - | - |
| Uzak möhletli borçnamalar | - | - | - | - | - | - | - | - | - | - |

| | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Gysga möhletli kreditler we karzlar** | **-** | **-** | **-** | **-** | **-** | **-** | **-** | **-** | **-** | **-** |
| **Kreditor bergidarlyk** | **262406376** | **38.1** | **349178058** | **43.6** | **186811480** | **81.6** | **86771682** | **-75594896** | **133.06** | **71.1** |

3.5.2. tablisada görkezilişi ýaly kärhana hasabaty döwründe diňe öz hususy serişdelerini ulandy. Ýöne 2009 ýylda hususy serişdeleriň peselmesi bolup geçýär. 2009 ýylda hususy kapitalyň ösüş depgini 2007 ýylda garanda 33.2% çenli aşak düşdi, hakyky üýtgeme 458915517 manady emele getirdi. 2007-nji ýyl bilen deňeşdirende 2008ýylda kreditor bergidarlyk 81.6% emele getirdi, bu bolsa 2.5 gezek ýokarydyr. Şunuň ýaly üýtgeme uly funksional üýtgetmeleriň bolup geçendigi bilen baglanyşykly uly haýyrlyk getirýän köp işler hereketler berlipdi.

Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň seljerilişiniň köp usullary şeýle görkezijiler toparlarynyň hasaplaşygyny göz öňüne tutýarlar:

- töleýiş ukyplylygy;
- karzy tölemäge ukyplylygyny.

2007-2009-nji ýyllar üçin seljerilýän kärhananyň mysalynda bu görkezijileriň hasaplaşygyny geçireliň:

1. Töleýiş ukyplylygynyň bahalandyrylmasy. Ol hakykatda tiz satylyp bilinijilik koeffisiýentini $\mathbf{K_{t.s.}}$ aralyk möhletde öwezini dolma koffisiýentini $\mathbf{K_{ö.d.}}$ öweziniň dolmasynyň umumy koeffisiýentini $\mathbf{K_{u.ö.d.}}$ öz içine alýan töleýiş ukyplylygynyň (absolýut likwidlik) koeffisiýenti arkaly geçirilýär.

$$\mathbf{K_{ts}=PS/GP}$$

Şu ýerde:**PS**-pul serişdeler we olaryň ekwiwalenti;
**GP**-gysga möhletli passiwler.

Mysal getirilen maglumatlar boýunça ol 2007 ýylda 0.03; 2008 ýylda – 0.05; 2009 ýylda – 0.08 deň bolar.

$$\mathbf{K_{öd}=PS+DH/GP}$$

Şu ýerde : **DH**-debitorlar bilen hasaplaşyklar;
diýmek, 2007 ýylda – 0.8; 2008ýylda 1.0; 2009ýylda -0.7 deň.

$$\mathbf{K_{u\ddot{o}d}=|\ |A\ /GP}$$

Şu ýerde**: | |A**-balansyň aktiwiniň ikinji bölüminiň jemi.

Diýmek 2007 ýylda – 1.8; 2008 ýylda – 2.8; 2009 ýylda-1.5
Bu görkezijileriň üsti bilen ukyplylygy koeffisiýentleriň bolmaly möçberli derejesi bilen häsiýetlendirilýär, bu bolsa kärhananyň töleýişe ukyplylygy barada aýdýar.

2. Karzyna tölemäge ukyplylygynyň bahalandyrylmasy. Kärhananyň karzy tölemäge ukyplylygynyň bahalandyrmaklygyň esasy görkezijileri bolup aşakdakylar çykyş edýär. 1) Ýerlenilmäniň (satylmanyň) möçberiniň arassa gündelik aktiwlerine bolan gatnaşygy:

$$\mathbf{K_1=Q_{\acute{y}}/A_{ar}}$$

Şu ýerde:
$\mathbf{Q_{\acute{y}}}$- ýerlenilme möçberi;
$\mathbf{A_{ar}}$-arassaa gündelik aktiwler.

Diýmek seredilýan kärhana boýunça $K_1$ 2007 ýylda- 0.30; 2008 ýylda – 0.45; 2009 ýylda – 0.32 deň.
2) Ýerlenilmäniň möçberiniň hususy kapitala bolan gatnaşygy

$$\mathbf{K_2=Q_{\acute{y}}/HK}$$

Şu ýerde : **HK-**hususy kapital

$K_2$-2007ýylda-0.18; 2008 ýylda – 0.27; 2009 ýylda – 0.21 deň bolar.

3) Gysga möhletli bergidarlygyň hususy kapitala bolan gatnaşygy:

$$K_3 = GB/HK$$

Şu ýerde**: GB-**gysga möhletli bergidarlyk.

$K_3$-seljerilýän kärhana boýunça 2007 ýylda-0.3; 2008 ýylda-0.6; 2009 ýylda-0.8 deň bolar.

4) Debitor bergidarlygyň ýerlenilmeden düşen girdejä bolan gatnaşygy:

$$K_4 = DB/Q_ý$$

Şu ýerde:**DB-**debitor bergidarlyk

Seljerilýan kärhana boýunça $K_4$-2007 ýylda- 0.2; 2008 ýylda-0.3; 2009 ýylda-0.1 deň.
Ýokarda getirilen hasaplaşyklardan kärhananyň karzy tölemäge ukyplylygynyň ýeterlik derejededigini görmek bolar.
Şeýlelikde, maliýe ýagdaýynyň derňewi kanagatlanarly soldo bilen häsiýetlendirilýär, bu bolsa, kärhananyň işiniň bolmaly möçberdedigini häsiýetlendirýär.

## 3.6. Önümiň özüne düşýän gymmatynyň seljerilişi.

Her bir önümçilik kärhanasynda önümiň özüne düşýän gymmatyny, ýagny harajatlary tygşytly ulanmak uly ähmiýete eýedir. Harajatlary näçe tygşytly ulanylsa, şonça-da kärhananyň alýan peýdasy ýokarlanýar. Tygşytlylyk şu şakdaky ugurlarda alnyp barylýar:

- çig mal we materiallary tygşytly ulanmagyň ýollaryny gözläp önümçilige ornaşdyryrylýar;
- galyndylary gaýtadan ulanyp täze önümçilige gönükdirilýär;
- zaýa önümleri çykarmaklygy kemeldýär;
- dünýä möçberinde ulanylýan tohnologiýa, önümçilik usullary önüm öndürmegiň barşynda ulanylýar;
- zähmetiň barşyny göwnejaý ýola goýmak;
- her bir tygşytlanýan zat üçin işçi we gullukçylary höweslendiriş ulgamlaryny ulanmak, şeýle hem tygşytlanan materiallaryň belli bir bölegini işçileri höweslendirmek üçin bermek.

Döwlet kärhanalarynda her bir geljek ýyl üçin peýdalanyp möçberi teswirlenýär, sebäbi peýdanyň bir bölegi döwleti býudžetiniň girdejilerini emele getirýär. Beýleki kärhanalarda meýilnama bolmadyk halatynda – da ol takyklanýar. Peýdanyň möçberini meýilnamalaşdyrmak üçin ilki bilen geljek ýylda satylmaly önümiň möçberi kesgitlenýär. Soňra ýylyň başyna we aýagyna satylman galan önümleriň düşýän gymmaty boýunça möçberi kesgitlenýär.

Önümiň özüne düşýän gymmaty diýip, önümi öndürmek we ýerleşdirmek (satmak) üçin edilýän, gymmat ölçeg birliginde aýladylýan harytlara aýdylýar.

Önümi öndürmek bilen bagly harajatlaryň düzümi şu aşakdakylardan ybaratdyr.

Çig mal, material üçin harajatlar, pul harajatlary, önümçiligi giňeltmek, täze önümçilik serişdelerini satyn almak hem-de olary düýpli bejergi etmek, önümçilik ätiýaçlyklaryny artdyrmak bilen bagly harajatlar öndürilen önümi satmak bilen bagly harajatlar, kärhananyň kollektiwini durmuş taýdan gorap saklamak üçin harajatlar.

**Tablisa 3.6.1**

| Harajatlaryň elementleri | Jemi (manat) | | | Udel agramy (%) | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | 2007 ýyl | 2008 ýyl | 2009 ýyl | 2007 ýyl | 2008 ýyl | 2009 ýyl |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| Maddy harajatlar | 38157 | 34839.7 | 40006.5 | 70.1 | 60 | 67 |
| Zähmet haky | 7846.7 | 13154 | 11643.2 | 14.4 | 22.6 | 19.5 |
| Durmuş harajatlary üçin tölegler | 2363.92 | 3587.4 | 2089.8 | 4.4 | 6.2 | 3.5 |
| Esasy fondlary[ amortizasiýasy | 2899.4 | 2546.7 | 2985.4 | 5.3 | 4.4 | 5 |
| Gaýry harajatlar | 3138.7 | 3981 | 2985.4 | 5.8 | 6.8 | 5 |
| Öndürilen önümiň doly özüne düşýän gymmaty | 54405.8 | 58108.5 | 59708.5 | 100 | 100 | 100 |

3.6.1-nji tablisadan görnüşi ýaly, hakyky önümiň özüne düşýän gymmaty 2008-nji ýylda 2007-njy ýyla görä ösdi 5302.7 (59708.5-54405.8) manatlyk

Harajatlaryň elementleri boýunça maddy harajatlar 2008-nji ýylda 3.1%-de peseldi ýa-da 1849.5 müň manada. Ýöne zähmet haky üçin edilýän harajatlary ösdiler, olar 2008-nji ýylda 19.5%-de deň boldylar, bu bolsa 2007-njy ýyla görä 5.1% köp ýa-da 3796.5 müň manat.

Maddy (material) serişdeleriň ulanylyşynyň netijeliligini aňladýan esasy görkeziji hökmünde haryt önüminiň her bir manadyna düşýän harajatlar çykyş edýär. Bu görkeziji önümiň özüne düşýän gymmatynyň öndürilen haryt önüminiň bahasyna bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär we aşakdaky formula arkaly hasaplanylýar:

**$HD = G_{öd}/HM$**

Bu ýer-de: **HD**-haryt önüminiň her bir manadyna düşýän harajatlar;

**$G_{öd}$** -önümiň özüne düşýän gymmaty;

**HM**-haryt önüminiň möçberi.

Bu görkezijä aşakdaky faktorlar täsir edýär:

a) öndürilen önümiň düzüminiň üýtgemegi;
b) aýratyn önümleriň özüne düşýän gymmatynyň üýtgemegi;
c) materiallaryň bahasynyň üýtgemegi;
d) önümiň satuw bahasynyň üýtgemegi;
e) öndürilen önümiň göwrüminiň üýtgemegi.

Mysal getirilen maglummatlar boýunça:

2007-njy ýylda

**HD=54405821/37098442=1.5 manat**

2008-nji ýylda

**HD=58108461/49973806=1.163 manat**

2009-nji ýylda

**HD=59708455/54397628=1.097 manat**

Hasabatdan görnüşi ýaly, haryt önüminiň her bir manadyna düşýän harjatlar 2008-nji ýylda 2007-njy görä peseldiler 1.5 manatdan 1.1 manada çenli. Bu bolsa kärhanad üçin, onuň önümçilik işleri üçin gowy täsir etdi.

## 3.7. Kärhananyň peýdasyny we düşewüntliliginiň seljermesi.

Kärhananyň önümçilik-maliýe işleriniň ahyrky netijelerini onuň gazanan peýdasynyň möçberi we düşewüntliligi aňladýan görkezijileri häsiýetlendirýär. Kärhanalar peýdany we önümlerini (harytlary, işlerini, hyzmatlaryny) ýerleşdirmekden, şeýle hem gaýry dürli görnüşli hojalyk işleriniň netijesinde gazanýarlar (emlägini kärendä bermekden, bilelikdäki döredilen kärhanalaryň maýasyna şäriklikden, gymmat bahaly kagyzlardan we ş.m.). Bazar ykdysadyýeti şertlerinde peýda kärhananyň ykdysady ösüşiniň esasyny düzýär. Onuň möçberiniň artmagy kärhananyň öz-özüni maliýeleşdirmeginiň, önümçiligini giňeltmeginiň, durmuş meseleleriniň çözgütleriniň maliýe esasyny düzýär. Peýda döwlet býužetini, kärhananyň dürli-dürli fondlaryny we onuň işgärleriniň hususy girdejilerini emele getirýän çeşmeleriniň biri bolup durýar. Onuň hasabyna kärhananyň banklaryň we bazaryň beýleki subýektleriň öňündäki borçlary ýerine ýetirilýär. Peýda boýunça kärhana siňdirilen serişdeleriň özüni ödeýşine we onuň aktiwlerine goýlan goýumlaryň girdejililigine baha berilýär. Şeýlelikde peýda kärhananyň önümçilik, maliýe, ýerleşdirmek, üpjün etmek we gaýry işleriniň netijesine baha berýän wajyp görkeziji hökmünde çykyş edýär hem-de onuň işjeň aktiwligini häsiýetlendirýär.

Önümiň özüne düşýän gymmaty bilen peýdanyň arasynda proporsional aragatnaşyk bar. Önümiň özüne düşýän gymmatynyň ýokarlanmagy peýdanyň möçberiniň azalmagyna getirýär we tersine. Şunuň ýaly arabaglanyşyk önüminiň satuw bahasy bilen peýdanyň arasynda hem saklanýar.

Kärhananyň maliýe netijeleriniň seljermesiniň esasy wezipeleri şu aşakdakylardan ybarat:

- hasabat ýylynda peýda boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirilişine baha bermek;

- peýda we düşewüntliligi aňladýan görkezijileri ösüşde öwrenmek;
- peýdanyň möçberine täsir edýän ýagdaýlary ýüze çykarmak we olaryň täsirlerini san taýdan hasaplamak;
- kärhananyň düşewüntliligini aňladýan görkezijilerini kesgitlemek we olary çuňňur öwrenmek;
- kärhananyň peýdasyny we düşewüntliligini ýokarlnadyrmak üçin bolan mümkinçilikeri ýüze çykarmak hem-de olary onuň önümçilik maliýe işine ornaşdyrmak üçin çäreleri işläp düzmek.

Balans boýunça peýdany onuň hasabat ýylyndaky möçberini geçen we öňki ýyllaryň görkezijileri bilen deňeşdirip öwrenilýär. Munuň ýaly deňeşdirme arkaly görkezijiniň ösüş depgini öwrenilýär. Gurluşyk kärhanasynyň peýdasy şol kärhananyň belli bir döwürde alyp baran önümçilik-hojalyk işleriniň netijeleriniň umumylaşdyryjy ykdysady görkezijisi bolmak bilen bir hatarda ähli bar bolan resurslaryň ulanyşynyň netijeligini hem häsiýetlendirýär.

Gurluş kärhanasynyň peýdasynyň umumy jeminine ýokarda duran gurnama tarapyndan tassyklanylýar. Gurluşyk kärhanasynyň peýdasynyň umumy jemi diýilip, ol kärhananyň balansynda oturan ähli hojalyklaryň we gulluklaryň önümçilik-hojalyk işleriniň netijesinde gazanylan peýdanyň möçberine aýdylýar. Gurluşyk kärhanasynyň peýdasynyň emele geliş esasy çeşmesi bolup tabşyrylan obýektleriň we tapgyrlaryň gurluşyk-gurnama işlerini smeta gymmatyny peseltmek arkaly gazanylan tygşytlylyk, şeýle-de meýilleşdirilen toplamalar çykyş edýär.

Geliň indi bolsa, kärhananyň takyk maglumatlary esasynda peýdanyň ýagdaýyna seljeriliş bereliň.

Ilkinji nobatda kärhananyň peýdasyny häsiýetlendirýän görkezijilieri tablisada ýerleşdireliň.

*Kähananyň peýdasyny häsiýetlendirýän görkezijileri*

**Tablisa 3.7.1 (manat)**

| *Görkezijileriň atlary* | *2007 ýyl* | *2008 ýyl* | *2009 ýyl* |
|---|---|---|---|
| **Umumy ýerine ýetirilen işlerden, hyzmatlardan alnan umumy girdeji** | 22791850 | 27635829 | 34580000 |
| **Umumy ýerine ýetirilen işlerden, hyzmatlardan alnan balans peýdasy** | 1994361 | 2137885 | 2749000 |
| **JEMI** | 24786211 | 29773714 | 37329000 |

*Ösüş tempi deňeşdirmek.*

**Tablisa 3.7.2 (%)**

| **Görkezijileriň atlary** | **2007 ýyl** | **2008 ýyl** | **2009 ýyl** |
|---|---|---|---|
| **Umumy ýerine ýetirilen işlerden, hyzmatlardan alnan umumy girdeji** | 91,9 | 92,8 | 92,6 |
| **Umumy ýerine ýetirilen işlerden, hyzmatlardan alnan balans peýdasy** | 9 | 7,2 | 7,4 |
| **JEMI:** | 100% | 100% | 100% |

Ýokardaky maglumatlardan görnüşi ýaly kärhananyň peýdasyny häsiýetlendirýän görkezijileri seljerilýän 2007-2008-nji ýylda indiki tertipde üýtgäpdirler. 2007-nji ýylda ýöriteleşdirilen gurnama edarasy tarapyndan umumy ýerine ýetirilen işlerden, hyzmatlardan 22791850 manat girdeji alnypdyr. 2008-nji ýylda bu görkeziji 27635829 manada ýetirilip, 2007-nji ýylyň degişli görkezijisinden 50427679 manat ýa-da 121 % ýokarlanypdyr. 2009-njy ýylda umumy ýerine ýetirilen işlerden we hyzmatlardan alnan umumy girdeijiniň möçberi 34580000 üň manada ýetirilip, ol 2007-nji ýyldaky degişli görkeziji bilen deňeşdirilende 111788150 manat ýa-da 151% artyk girdeji gazanylypdyr. Umumy ýerine ýetirilen işlerden, hyzmatlardan alnan balans peýdasyny möçberi hem üýtgeşmelere sezewar bolupdyr. 2007-nji ýylda balans peýdasyny möçberi 1994361 manada barabar bolupdyr. 2008-nji ýylda bu görkeziji 2137885 manada çenli, ýagny 143524 manat ýa-da 107 % ýokarlanypdyr.

2009-njy ýylda balans peýdasynyň göwrümi 2749000 manada çenli, ýagny 754639 manat ýa-da 137 % ýokarlanypdyr.

Kärhananyň hojalyk-maliýe işleriniň düşewintliligi onuň gazanan peýdasynyň esasynda kesgitlenilýar. Düşewüntliligi aňladýan görkezijiler % -de hasaplanyp, kärhananyň otnositel girdejililigini häsiýetlendirýärler. Bu görkezijiler peýdanyň satuwyň möçberine, sarp edilen serişdeleriniň jemine ýa-da maýa bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär. Eger-de kärhana öz girdejileri bilen ähli harajatlarynyň üstüni ýapýan we meýilnamada bellenilen derejä deň ýa-da ondan ýokary bolan düşewüntli işleýär diýlip hasap edilýär. Gurluşyk kärhanasynyň düşewüntliliginiň görkezijisi onuň hojalyk-önümçilik işlerini netijeliligini häsiýetlendirmek bilen bir hatarda gurluşyk önümçiliginiň netijeliligini kesgitlemekde esasy görkezijileri bolup durýar.

# 4-NJI BAP. ÖNÜMÇILIK NETIJELIGINIŇ ÝOKARLANDYRYLMASYNYŇ ESASY UGURLARY.

Bazar gatnaşyklaryna geçilme adamzat hereketiniň esasy sferasy bolan ykdysadyýetde düýpli özgörişleri talap edýär. Önümçiligiň güýçlendirilmesine batly öwrümi amala aşyrmak her bir kärhanany, guramany, firmany ykdysady ösüşiň ýokary hilli faktorlarynyň doly we ilki nobatda ulanylmasyna geçirmek zerurdyr. Her taraplaýyn ösen önümçilik kuwwatly we önümçilik gatnaşykly, oňat ýola goýlan hojalyk mehanizmli ýokary derejede guralan we netijelilikli ykdysadyýetde geçiş üpjün edilen bolmaly.

Jemgyýetçilik önümçiliginiň netijililiginiň ýokarlandyrylmasynyň, onuň netijeliligiň üpjün edilmesiniň wajyp faktory bolup ylmy-tehniki progress çykyş edipdi, edýärem. Soňky wagtlara çenli ylmy-tehniki progress ewalýusion görnüşde bolup geçýärdi. Artykmaç üns hereketi edýän maşynlaryň kämilleşdirilmesine, maşynlaryň we enjamlaryň bölekleýin täzelenmesine edilýädi. Şunuň ýaly görülýän çäreler belli bir, emma ýokary derejede bolmadyk peýda getirýärdi.

Täze tehnikanyň işlenilip taýýarlanylmasy we ornaşdyrylmasy boýunça çäreleriň görülmesi ýeterlik däldi. Bazar gatnaşyklarynyň sazlanylmasynyň häzirki zaman şertlerinde rewolýusion hili ýokary derejede bolan üýtgeşmeler, geljekdäki nesiliň täze esasly tehnologiýalaryna, tehnikasyna geçmeklik tehnikanyň we ylmyň has täze üstünlikleri esasynda halk hojalygynyň ähli pudaklarynyň düýpli täzeden enjamlaşdyrylmasy zerur.

Ylmy-tehniki progressiň ähmiýetli ugurlary:

- öňdebaryjy tehnologiýalaryň giňden ulanylmasy: membrana, lazer plazma tehnologiýalarynyň çenden ýokary basyşly we impuls agram bilen ulanylmasy we beýlekiler;
- önümçiligiň awtomatlaşdyrylmasyna – zähmetiň ýokary öndürijiligini üpjün edýän robottehnikasynyň, rotor we

rotorkonweýerli liniýalaryň, maýyşgak awtomatlaşdyrylan önümçilik tiz kämilleşdirilmesi;

- metal önümleriniň, plastika garyndylarynyň, kompozitleriň, metal poroşoklarynyň, keramikanyň we beýleki progressiw keramiki konstruksiýa materiallarynyň täze görnüşleriniň döredilmesi we ulanylmasy.

Bazar ykdysadyýetiniň başlangyç döwrüne geçilme şertinde ylmy-tehniki häsiýetindäki işler örän ähimiýetlendirler. Kärhanalaryň toparlary, olaryň ýolbaşçylary zähmetiň, maddy taýdan höweslendirilmesine uly üns berýärler. Salgytlaryň tölenilmesinden soň girdejiniň uly bölegi peýdalanylma fonduna goýberilýär. Şunuň ýaly ýagdaý adatydyr. Bazar gatnaşyklarynyň kämilleşdirilme derejesine görä kärhanalaryň geljekde önümçiligiň ösüşine gerekli bolan ünsi berjekdikleri mese-mälim. Olar zerur bolan serişdeleri täze tehnika, özleşdirilmesine we çykarylmasyna goýbererler.

Mundan başga-da alymlaryň, konstruktorlaryň, inženerleriniň, işçileriň döredijilik zähmeti üçin guramaçylyk esaslaryny, ykdysady we durmuşy delilleri döretmeklik zerur. Tehnikada we tehnologiýalarda düýpli üýtgedip gurmalar, diňe tehniki däl, ähli guramaçylyk, ykdysady we durmuş faktorlaryň toplanmasy (mobilizasiýalaşdyrylmasy) zähmet önüdirijiliginiň ep-esli derejede ýokarlanmasy üçin esaslanmalary döréderler. Täze tehnikanyň we tehnologiýanyň önümçilige ornaşdyrylmasyny üpjün etmeli, önümçilikde zähmetiň ylmy taýdan guralmasyny giňden ulanmaly, onuň norma girizilmesini kämilleşdirmeli, önümçilik medeniýetiniň ösüşini gazanmaly, tertip – düzgüni, zähmet toparlarynyň durnuklylygyny berkitmeli. Önümçiligiň intensifikasiýasynyň netijeliliginiň ýokarlandyrylmasynyň wajyp faktorlarynyň biri hem tygşytlylygy ýangyja, energiýa (kuwwata), çig mala we materiallara ösüp barýan talaplaryny kanagatlandyrýan aýgytly çeşmä öwrülmelidir. Bu soraglaryň ählisiniň çözülmesinde senagat möhüm orna eýe bolýar.

Halk hojalygyny maşynlar, enjamlar bilen abzallaşdyrmak gerek. Olar konstruksion we beýleki materiallaryň, çig mal we ýangyç-kuwwat resurslarynyň ulanylmasynyň ýokary netijeliligini üpjün edýärler. Ýokary netijeli az galyndyly we galyndysyz tehnologik prosessleriniň döredilmesi we ulanylmasy wajyp.

Jemgyýetçilik önümçiliginiň netijeliliginiň ýokarlanmasy ep-esli derejede esasy fondlaryň oňat peýdalanylmasyna baglydyr. Döredilen önümçilik kuwwatyny amatlyrak ulanmaklyk, önümçiligiň sazlaşygyny, enjamlaryň ýokary derejede iş bilen üpjün edilmesini gazanmaklyk, onuň iş çalşygyny ýokarlandyrmak we şonuň esasynda enjamyň her bir birliginden, önümçilik meýdanyň her bir kwadrat metrinde önüm alynmany köpeltmek zerur önümçiligiň intensifikasiýasynyň, onuň netijeliliginiň ýokarlandyrylmasynyň faktorlarynyň biri-de – ykdysadyýet gurluşynyň kämilleşdirilmesidir.

Has ýokary depginler bilen ylmy-tehniki progressi we durmuşy meseleleriň çözülmesini üpjün edýän pudaklary ösdürmek, önümçilik serişdeleriniň önümçiligi we peýdalanylma predmetleriniň önümçiligi, agrosenagat toplumynyň pudaklary arasyndaky proporsiýalaryň gowulandyrylmasyny gazanmaklyk möhümdir.

Inwestisiýa syýasaty maýa goýumlarynyň netijeliliginiň ýokarlandyrylmasyny üpjün etmeklige gönükdirilen. Durmuşy talaplaryny kanagatlandyrýan, ylmy-tehniki progressi çaltlaşdyrýan pudaklaryň peýdasyna serişdeleri paýlaşdyrmany amala aşyrmaklyk göz öňüne tutulýar. Serişdeleriň uly paýynyň ählisi täze gurluşygyň tersine hereket edýän kärhanalaryň tehniki enjamlaşdyrylmasyna we dikeldilmesine gönükdirilmelidir.

Jemgyýetçili önümçiliginiň gurluşyny täzeden gurma boýunça çäreler içinde şeýle işler bar: hyzmat etmäniň ähli çäginiň we halk tarapyndan ulanylýan harytlaryň önümçiliginiň tizleşdirilen ösüşiniň; kiçi telekeçiligiň ösdürilmesiniň, üpjün

edilmesi; gorag toplumynyň kärhanalarynda harby gulluk öünmçilik işiniň, elektro-nebit we gaz üpjünçilik işiniň, arabaglanyşyk işiniň we önümçilik infrastrukturanyň ähli pudaklarynyň maglumat bilen üpjün edilmesiniň netijeliligini ýokarlandyrmak we tehniki taýdan täzeden enjamlaşdyrmak.

Önümçiligiň netijeliliginiň okarlandyrylmasynda guramaçylyk ykdysady faktorlar, şol sanda dolandyrma hem ähmiýetli orna eýe bolýarlar. Dolandyrmanyň ähmiýeti hasam jemgyýetçilik önümçiliginiň möçberleriniň ösmegi bilen we hojalyk aragatnaşyklaryň çylşyrymlaşmasy bilen artýar. Ilki bilen bu hünärmentleri jemlenen, kooperirleme we utgaşdyrma ýaly önümçiligiň peýdaly görnüşleriniň guramasynyň ösdürilmegi we kämilleşdirilmegidir.

Önümçilik netijeliginiň derejesine ep-esli täsir edýän önümçilik durmuşy infrastrukturasy geljekde ösdürilmegi we kämilleşdirilmegi talap edýär. Dolandyrmada bu bütin hojalyk mehaniziminiň dolandyrmanyň, meýilnamalaşdyrylmasynyň we ykdysady taýdan höweslendirmesiniň usullarynyň we görnüşleriniň kämilleşdirilmesidir; meýilnamalaşdyrmada – bu meýilnamalaryň balansirlendikleri we hakykydyklary, halk hojalygynyň başlangyç zynžyrlaryna (kärhanalara, birleşiklere, guramalara) böwet bolman olaryň hereketi üçin giňişlik berýän meýilnama görkezijileriň amatly gurlan sistemasy. Faktorlaryň bu toparyna hojalyk hasaplalaşyklaryň we maddy sylaglandyrylmasynyň maddy jogapkärçilikleriň we beýleki hojalyk hasaplaşyk ykdysady höweslendirmeleriň dürli görnüşli ryçaglarynyň giňden ulanylmasy degişlidir.

Hojalygy netijeli alyp barmanyň, resurslary tugşytlaýan tehnikanyň we tehnologiýanyň döredilmesiniň we ornaşdyrylmasynyň meseleleriniň çözmeklikde ylmyň ýerine ýetirýän wezipesi uludyr.

Ol önümçiligini we kuwwat talap edijiligini peseltmek maksady bilen ylmy-tehniki progressiň tizleşdirilmesi boýunça aktual meseleleriň düýpli we tejribe ähmiýetli seljerişleri güýçlendirmeli we önümiň hilini ýokarlandyrmaly.

Bazar gatnaşygynyň ýola goýulmasy şertlerinde önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlandyrýan ähli faktorlaryň hereket etme mümkinçilikleri giňeldilýr. Halk hojalygynyň düzüm taýdan täzeden gurulmasy, onuň alyja görä başgaça ugrukdyrylmasy senagat, gurluşyk, transport we aragatnaşyk ýaly halk hojalygynyň wajyp pudaklarynyň ýokary tehnologiýalar esasynda täzelenmegi; dünýä ylmy-tehniki derejesinde yza galmaklygyň ýeňilmesi; harby önümçiligiň aýlanşykly konwersiýasy; deň hukukda döwlet we hususy, aksioner we kooperatiw ýaly dürli görnüşdäki eýeçilikler döredilýän gatyşyk ykdysadyýete geçilmesi; hojalyk alyp barmanyň ähli toparlaýyn we hususy görnüşleriniň erkin ösüşi; ykdysadyýetiň maliýe sagdynlaşdyrylmasy; ýurduň dünýä hojalyk aragatnaşyklaryna düýpli goşulmasy amala aşyrylýar.
Şularyň ählisiniň netijesinde zähmet öndürijiliginiň ösdürmäge bütin jemgyýet önümçiliginiň netijeliliginiň ýokarlanmaga halkyň gowy durmuşyny (ýagdaýyny) ýokarlandyrmaga jemgyýetçilik laýyklyklaryny köpeltmäge ýardam berýän hakyky serişde bolup biljek dolandyrylýan, ýokary derejede ösen bazar hojalygy emele geler.
Kärhananyň esasy wezipesi “Önümçilik-alyjylaryň talaplary” zynjyry bilen häsiýetlenýär. Kärhananyň strategiýasy öz operasion wezipesiniň üsti bilen alyjylaryň esasy talaplaryny kanagatlandyrmak üçin harytlar ýa-da hyzmatlar bilen üpjün etmekden ybaratdyr. Hut haýsy talaplar firmanyň hereketiniň maksady hökmünde alynmasy, ähli funksional pudaklaryň maglumatlary hasaba alynmaly bolýan strategik karar bolup çykyş edýär.
Önümçilik hereketi ugry boýunça has möhüm strategik kararlara nädip, haçan we nirede harytlary öndürmek ýa-da hyzmatlary ýerine ýetirmek baradaky kararlar degişlidirler. Önümi öndürmek üçin ýa-da hyzmatlary ýerine ýetirmek üçin saýlanylýan usullar öndürilýän önümiň ýa-da hyzmatyň ylalaşyjylygy bilen,şeýle hem talaplaryň kanagatlandyrylmasy bilen häsiýetlenmelidirler. Operasion prosessi diňe talaplaryň

we harydyň jikme-jik kesgitlenilmesinden soň saýlamalydygyny belläp geçeliň
Hyzmat ediş ulgamynyň kärhanalaryna mahsus bolan häsiýetnamalar operasiýalaryň netijeliliginiň üpjün edilmesini kynlaşdyrýarlar, emma şonda-da şu ýer-de seredilip geçilmegi zerur bolan öndürijiligiň ýokarlandyrylmasynyň bir näçe usullary bardyr. Bu usullar diňe netijeliligiň ösüşine dälde, peýdalanyjylara girizmek ýoly bilen bäsdeş bolup bilijilige hem ösdürmeklige gönükdirilen.
Zähmet firmalar bazarda üstünligi hyzmat öndürilmesine alyjynyň (peýdalanyjynyň) güýçli gatnaşmagy hasabyna gazandylar. Ýöne peýdalanyjynyň özüne edilýän hyzmatyň bir bölegini ýerine ýetirmekligi hödürläp, biz hakykatda bu hyzmatyň häsiýetini üýtgedýändigimizi bellemk gerek
Köp ýyllar dowamynda täze tehnikanyň we tehnologiýanyň esasy ulanylýan ugry-önümçilik, ilki bilen işläp taýýarlaýan önümçilik diýip hasaplanylýardy. Hyzmat etme çägindäki ýolbaşçylar bu tassyklamanyň ýalňyşdygyny düşünip, amatly bolan ýer-de zähmetiň tehniki bilen çalşyrylmasynyň mümkinçiliklerini gözlemelidirler.
Operasiýa ulgamynyň döredilmesiniň indiki ädim önümçilik kuwwatlarynyň göwrümi boýunça, olaryň ýerleşdirilmesi boýunça we kärhananyň maddy – tehniki obýektleriniň taslamaşdyrylmasy boýunça kararlaryň kabul edilmesini göz öňüne tutýar.
Operasiýalaryň işlenip taýýarlanylmasynyň bu döwründe 2 sany özara baglanyşykly sorag ýüze çykýar. Näçe sany we nähili kuwwatly obýektleri döretmeklik talap edilýär ,iri kärhana döretmelimi, ýa-da köp sanly ownuk kärhana döretmeli? Her bir obýekti nirede ýerleşdirmeli?
Maddy tehniki obýektleriň sany we öndürijiligi barada kararlar, adatça netijeligiň we marketingiň faktorlary bilen kesgitlenilýär. Käbir anyk kesgitlenilen faktorlar iri merkezleşdirilen kärhanalaryň döredilmesiniň peýdasyna,

beýleki faktorlar bolsa uly bolmadyk ýaýradylan kärhanalaryň peýdasyna çykyş edýärler.
Iri merkezleşdirilen kärhanalaryň peýdalylygyny subut edýän faktor hökmünde köplenç, gaýtadan işleme ulgam bölegininiň uly kapitaly talap edijiligi çykyş edýär. Iri kärhanalar bir ýere guramaçylykly köp sany adamy ýa-da dürli önümleri toplamak talap edilýän wagtynda hem makul bilinýär.
Ownuk kararlaryň köp sanynyň peýdasyna çykyş edýän has köp duş gelýän ýagdaý – bu haçanda müşderiler gaty aýratynlykda ýerleşip olar üçin kärhana amatly çemeleşmäniň üpjün edilmesini talap edilýän bolsa.
Kärhananyň ýerleşýän ýeri barada kararlar, köplenç, umumydan hususa tarap barýarlar.
Biziň günlerimizde durmuşy taýdan jogapkärçilik we iş bilen baglanyşykly etika ýolbaşçyny tä önümçiligiň netijeliliginiň soraglary ýaly aladalandyrmaklydygy hemmeler tarapyndan kabul edilen düzgün hasaplanylýar. Biznesiň aktiw jemgyýetçilik wezipesini ýerine ýetirýändigi we ýetirmelidigi baradaky pikir hemmeler tarapyndan ykrar edilen bolup hasaplanylýar.
Durmuşy jogapkärçiliginiň we iş bilen baglanyşykly etikanyň meseleleri önümçilik ýolbaşçysy üçin 2 sebäbe görä möhüm ähmiýete eýe bolýar: birinjiden, önümçilik wezipesiniň paýyna bütin guramanyň işgärleriniň, enjamlaryň we kapitalyň 60-80% düşýär. Şonuň üçin şunuň ýaly iri resurslaryň ulanylmasynda durmuşy jogapkärçilik we iş bilen baglanyşykly meseleler boýunça bütin gurama barada pikir ýöredýärler.
Ikinjiden, önümçilik ýolbaşçysy kärhananyň önümini hem tehnologik prosessleri hem jikme-jik bilýändigi zerarly, ol önümiň howpsuzlygy, senagat galyndylarynyň aýrylmasy, işçiniň howpsuzlygy we şahs hukuklary ýaly gaty möhüm ugurlarda görülýän dürli hereketleriň sosial netijelerine düşünmeklige ýardam berýän wajyp ýagdaýda bolýar. Hatda marketing ugry boýunça hut önümçilik ýolbaşçysy käwagt, beýlekilere garanda kompaniýanyň önüminiň reklamasy

önümiň häsiýetlriniň dogry şöhlelendirilýändigi barada aýdyp bilýär. Gysgaça aýdanda, önümçilik ýolbaşçysynda kärhananyň öz jemgyýetçilik we etiki borçnamalaryny nähili amala aşyrylýandygy barada giň, doly maglumatlat bar bolýar.

Şonuň üçin senagat tarapyndan umumy sosial (durmuşy) jogapkärçiligiň ýokarlandyrylmasy üçin, hut önümçilik ýolbaşçylarynyň özi tarapyndan kabul edilýän kararlaryň estetiki jöhtleriniň rolyna doly manyda düşünmekleri zerurdyr.

# EDEBIÝATLAR


1. Ýa. Çarygulyýew Maliýe menejmenti. - Aşgabat, 1994
2. Абрютина, М.С. Экономика предприятия: Учебник.- М.: Высшая Школа, 2006. – 480с.
3. Анализ хозяйственной деятельности в промышленности: Учебник/ Под редакцией Семёнова В.И. – М: Высшая школа, 2006. – 480 с.
4. Булатова З.П., Юдина Л.Н. Технико-экономический анализ хозяйственной деятельности. - М., 2004
5. Колядов Л.В., Матвеев Ф.Р., Отвагина Л.Н. Анализ эффективности и финансовой стабильности предприятия. – М.: Недра, 2007.–213 с.
6. Любушин Н.П., Лещева В.Б., Дьякова В.Г. Анализ финансово-экономической деятельности предприятия. – М.: ЮНИТИ, 2000
7. Савицкая Г.В. Анализ хозяйственной деятельности предприятия. М.: ИНФРА-М, 2006
8. Сергеев И.В., Веретенникова И.И. Экономика организаций (предприятий): учеб. для вузов / Под ред. проф. Сергеева И.В.- М.: ПРОСПЕКТ, 2005
9. Скляренко В.К., Прудников В.М. Экономика предприятия. Учебник.- М.: ИНФРА-М, 2005
10. Современный экономический словарь. Райзберг Б.А., Лозовой Л.Ш., Стародубцева Е.Б. - М.: ИФРА-М, 2006
11. Шеремет А.Д. Анализ и диагностика финансово-хозяйственной деятельности предприятия. –М.: ИНФРА, 2006
12. Шеремет А.Д. Комплексный анализ хозяйственной деятельности.- М.: ИНФРА-М, 2006

## MAZMUNY

**GIRIŞ** **7**

**1-NJI BAP.GURLUŞYK PUDAGYNYŇ WE ŞÄHER HOJALYGYNYŇ DURMUŞ WE ÝAŞAÝÝŞ-KOMMUNAL HYZMATYNYŇ KÄRHANALARY** **11**

1.1.Gurlyşyk toplumynyň kärhanalary. 11

1.2.Şäher hojalygynyň durmuş we ýaşaýyş-kommunal hyzmatynyň kärhanalary. 21

**2-NJI BAP.EDARANY DOLANDYRMAKDA YKDYSADY SELJERILIŞIŇ TUTÝAN ORNY** **30**

2.1.Seljerilişiň görnüşiniň klassifikasiýasy we edarany dolandyrmakda olaryň tutýan orny. 30

2.2. Toplumlaýyn ykdysady seljerilişiň mazmuny. 40

2.3. Ykdysady seljerilişiň başga ylymlar bilen arabaglanyşygy.Onuň ösüşiniň döwürleri we ugurlary. 42

2.4.Ykdysady seljerilişiň (analiziň) usuly, tärleri we görnüşleri. 52

**3-NJI BAP.KÄRHANALARYNYŇ ESASY TEHNIKI-YKDYSADY GÖRKEZIJILERINIŇ SELJERILIŞI.** **63**

3.1.Kärhanalarynyň maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişiniň seljerilişi. 63

3.1.1Jaý gurujynyň (zastroýişik) hereketiniň ykdysady seljerilişi. 63

3.1.2.Gurluşyk obýektleri herekete girizilmeginiň meýilnamasynyň, maýa goýumlarynyň we olaryň netijeliliginiň meýilnamasynyň seljerilişi. 66

3.1.3. Gurluşygyň taslama – smeta resminamalary bilen üpjünçiliginiň seljerilişi. 72

3.1.4. Potrat işleriniň maksatnamasynyň ýerine ýetirilmeginiň seljerilişi. 77

3.2. Esasy önümçilik fondlarynyň ulanylmasynyň seljerilişi. 82
3.3.Kärhanalaryň dolanşyk serişdeleriniň seljerilişi. 94
3.3.1.Dolanyşyk serişdelerini emele getirme çeşmeleri. 104
3.3.2 Dolanşyk serişdeleri bilen üpjünçiligiň seljerilişi . 106
3.3.3. Dolanyşyk serişdeleriniň ulanylma netijeliliginiň seljerilişi. 110
3.4. Kärhananyň zähmet resurslarynyň seljerilişi. 113
3.5. Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň derňewi 129
3.6. Önümiň özüne düşýän gymmatynyň seljerilişi. 137
3.7.Kärhananyň peýdasyny we düşewüntliliginiň seljermesi. 141

**4-NJI BAP. ÖNÜMÇILIK NETIJELIGINIŇ ÝOKARLANDYRYLMASYNYŇ ESASY UGURLARY. 145**
Edebiýatlar 153